**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

**E. Ýunusowa**

# Maliýeleşdirmek we karz bermek

**Hünärler:** "Nebit-gaz pudagynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy".
"Gurluşyk pudagynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy".
"Şäher hojalygynyň durmuş we ýaşaýyş-kommunal hyzmatlarynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy".

**Aşgabat-2010 ýyl**

## Giriş

Täze Galkynyş we beýik Özgertmeler zamanasynda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda gazanylýan gündelik ösüşler sanardan juda kän.
“Döwlet adam üçindir“ diýen ynsanperwer syýasaty baş şygaryna öwren beýik zamanada gazanylýan ýeňişlerdir, ösüşler hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda barha giň gerimde ýaýbaňlanýar. Şonuň netijesinde hem halkymyzyň hal-ýagdayy, ýaşaýyş-durmuş derejesi ýokarlanýar, ýurdumyzyň umumy ykdysadyýeti oňyn netijeleri berýär.
Ösüşiň täze tapgyrynda milli ykdysadyýetimiz bazar gatnaşyklaryny giňeltmek bilen baglanyşykly uly özgerişikleri başdan geçirýär.Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän syýasy, ykdysady we durmuş özgertmeleriň strategiýasynda bank we maliýe ulgamynyň aýratyn orny bar.Häzirki wagtda bank ulgamynda milli manadyň hümmetini ýokarlandyrmak,bank hyzmatlaryny giňeltmek we hil taýdan täze, has ýokary derejä götermek, dünýä tejribesiniň öňdeberyjy usullaryny we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak,pul serişdeleriniň kadaly dolanşygyny üpjün etmek, ilatyň süýşürintgilerini goýumlara çekmek, serişdeleri karzlar we goýumlar görnüşinde netijeli ýerleşdirmek,täze maliýe gurallaryny işläp taýýarlamak ýaly möhüm meseleler boýunça düýpli işler alnyp barylýar.Türkmenistanda amala aşyrylýan pul-karz syýasatynyň çäginde Türkmenistanyň prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyna laýyklykda, azyk bolçulygyny döretmek üçin uly bolmadyk karzlary bermek,ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin karz serişdelerini goýbermek,telekeçiligi goldamak,şeýle hem milli puluň hümmetini ýokarlandyrmaga gönükdirilen manadyň denominasyýasyny we milli puluň ýeke-täk hümmetini saklamak bilen baglanşykly çäreler üstünlikli durmuşa

geçirilýär.

Şu babatda olara degişli meseleleri öwrenmek, maglumatlary toplamak, seljermek we teklipleri esaslandyrmak zerurlygy döreýär.Şu meseläni öwrenmek we seljermek ykdysady-durmuş babatda örän derwaýys we ähmiýetlidir.Şeýlelikde, bank ulgamynyň işlerini ösdürmekdäki işlere ykdysady-tehniki seljerme bermek hem-de onuň geljek döwürdäki bäsdeşlige ukyply taslamasyna teklipleri taýýarlamak maksady bilen şu ylmy iş ýerin

Beýik Galkynyşlar zamanasynyň täze döredijilikli maksatnamalary bilen ruhlananýaşlarymyz bu günki gün ýurdumyzyň ajaýyp geljegi, ilkinji nobatda onuň ýadawsyz zähmetine we aňynyň döredijilik güýjüne baglydygyna öňrän gowy düşünýär. Dersiň okadylmagy ýurtda we daşary ýurt bazarlarynda ykdysady işleri alyp barmakdan bilimleriň we başarnyklaryň emele gelmegine, maliýeleşdirme boýunça mesele çözmäge, önümçiligi ugrukdyrmaga gönükdirlendir.

Galkynyşlar zamanasynda halal zähmet bilen gazanmak gerek, halal zähmet bilen döretmek gerek!

Beýik Galkynyşlar zamanasy – bu güýçli, halal, ýokary ahlakly, hünär taýdan taýýarlykly pikirdeşleriň zamanasydyr. Olar adamzadyň esasy borjuny – nesilleriň ajaýyp we bagtly durmuşy üçin mähriban Diýarymyzy abadanlaşdyrmak, gözelleşdirmek wezipelerini ýerine ýetirýär.

Geljekki döwrüň esasy maksady bazar ykdysadyýeti we netijeli halkara hyzmatdaşlygy esasynda ilatyň ýokary derejeli ýaşaýyş üpjünçiligi bolan, ykdysady taýdan ösen döwleti göz öňünde tutýan Türkmenistany ösdürmekden ybaratdyr. Şu maksada ýetmek üçin Türkmenistanda ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak zerur, şol hünärmenleriň bir topary bolsa, ykdysadyýetçilerdir.

## 1-NJI BAP:Maliýe barada düşünje we onuň düýp esasy.
## 1.1.Maliýanyň döreýşi we onuň düýp esasy.
## 1.2.Maliýanyň wezipeleri.
## 1.3.Üznüksiz önümçilik prosessiniň maliýe üpjünçiligi.

**1.1.Maliýanyň döreýşi we onuň düýp esasy.**Biziñ ýurdumyz bazar ykdysadyýetini saýlap aldy, indi bu ugurda ol ep-esli üstünlikler gazandy.Ähli ýurtlaryñ tejribesinden belli bolşy ýaly,bazar ykdysadyýetiniñ özeni maliýe-bank ulgamydyr.Haryt önümçiligi pul dolanşygyny emele getiryär,pul dolanşygy" üznüksiz önümçiligiñ barşynda pul toplumlarynyñ döwletiñ elinde,şeýle-de dürli eýeçilik görnüşdäki kärhanalarda emele gelmegini we maksatly ugurlar boýunça harçlanylmagyny üpjün edýär.Ynha şu ýerde-de ykdysady gatnaşyklar emele gelýär.'Finans" sözi "finansiýa",ýagny pul bilen tölenilýän töleg ya-da köne fransuz dilinde "pul serişdeleri"diýen manyny berip,ol irki Ýewropadaky kapitalistik döwletler Genuýa,Florensiýa,Wenesiýa ýaly döwletlerde ýüze çykypdyr,soñra ol Ýewropa döwletlerinde we Russiýada döwletiñ pul gaznalaryny döretmek manysyna eye bolupdyr.Biziñ Garaşsyz Türkmenistan ýurdumyzda ”Finansy”sözi ulanylmaýar,biz şol manyny añladýan öz"Maliýe"sözümizi ulanýarys. "Maliýe"sözi gadymydyr.Ilki bilen"maliýe"sözüniñ manysyna üns bermeli.Mal,pul,haryt-bularyñ ählisi şol wagtlarda bir manyny,pul-baylyk •toplamagy añladýar.Maliýe sözi döwletiñ hazynasyny,pul serişdelerini toplamak we harçlamak bilen bagly ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklary añladypdyr.Maliýe nazaryýeti jedelli,ylmy çekişmeleriñ ýüze çykmagyna getiren çylsyrymly bir ylmy ugurdyr.Bu nazaryýet ykdysadyyetiñ bazara esaslanyp osüş yoluna düşende uly ähmiýete eýe bolýar.Her bir ykdysady kategoriýanyñky ýaly yaly bu kategoriýany esasan adamlaryñ arasynda emele gelyän ykdysady gatnaşyklar düzýär. Maliýe ykdysady kategoriýadyr, ol aslyýetinde, aýry-aýry adamlaryň erk-islegine bagly bolman, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň

ykdysady görnüşde emele gelmegi netijesinde ýüze çykandyr. Taryhy nukdaýnazardan seredeniňde, maliýänyň ýüze çykmagy döwletiň emele gelmegi we onuň wezipeleriniň ýerine ýetirilmegi hem-de pul-haryt gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen bagly. Emma häzirki wagtda, ýagny ykdysadyýet bazar gatnaşyklaryna esaslanyp ýokary derejede ösen wagty aýry-aýry karhanalar emele gelip, olarda üznüksiz önümçiligi maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek wezipeleri ýüze çykýar. Şeýle bolansoň, diňe bir döwlet maliýesi däl, aýry-aýry kärhanalaryň maliýesi emele gelýär. Diýmek, häzirki wagtda maliýe gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy döwlet we haryt-pul gatnaşyklarynyň barlygy bilen delillendirilýär. Jemgyýetçilik önümi we onuň bir bölegi bolan milli girdeji maliýäniň täsir etmegi bilen paýlanylýar. Bu merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde pul gaznalarynyň – toplumlarynyň döredilmegi we ulanylmagy netijesinde amala aşyrylyar. Mysal üçin, döwletiň esasy pul gaznasy döwlet býujetidir, bu merkezleşdirilen pul gaznasy. Mundan başga her bir kärhananyň özüniň hut öz maksatlary üçin zerur bolan pul gaznalary emele getirilýär we ulanylýar. Bu pul gaznalary emele getirilende we ulanylanda pul öwüşginini alan ykdysady gatnaşyklar Şeýlelikde **maliýe – bu merkezleşdirilen (döwlet) we merkezleşdirilmedik (kärhanalar, guramalar) tertipde emele getirilýän we ulanylýan pul toplumlaryny öz içine alýan ykdysady gatnaşyklaryň jemidir.**

**1.2. Maliýanyň wezipeleri.** Maliýe kategoriýasynyñ asyl manysy we mazmuny onuñ ýerine yetiryän hyzmatlaryndan gelip çykýar.Alymlaryñ kopüsunuñ aýtmagyna görä maliýanyñ diňe 2,ýagny paýlaýjy we gözegçilik hýzmatynyñ ýa-da funksiýasynyñ bardygyny tassyklaýarlar,ýöne onuñ toplaýjy hyzmatynyň barlygynyň,şonuñ hem esasy hyzmatdygyny tassyklaýanlar hem bardyr.Emma paýlaýjy hyzmatynyň tarapdarlary pul gaznalaryny döwlet diňe jemgyýetäki pul serişdelerini ilkinji gezek paýlamak esasynda

emele getirýärler,ýagny paýlamak “bir eýeden başga eýä geçmek”diýmekdir. Maliýe nazaryýetinde iň bir jedelli meseleleriň biri maliýäniň ýerine ýetirýän wezipeleri baradaky garaýyşlardyr.
Maliýaniň wezipeleriniň sany we olaryň häsiýeti, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, örän jedelli meseleleriň biridir. Ilkinji nobatda maliýe kategoriýasynyň wezipesi, onuň ýerine ýetirýän, hut özüne mahsus bolan işidir, onuň jemgyýetçilik üçin ýerine ýetirýän işiniň aýdyň göze görnüp duran ýüze çykmasydyr. Mysal üçin, maliýäniň, ýokarda belleýşimiz ýaly, esasy işi köp sanly merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde emele getirilýän we ulanylýan pul toplumlaryny-gaznalaryny döretmekdir. Şu nukdaýnazardan seredeniňde, maliýäniň esasy wezipesi belli Sowet alymy A.M.Birmanyň mydama belleýşi ýaly, üpjünçilikdir. Belli alym, şol bir wagtyň özünde, paýlaýjy we gözegçilik wezipelerini-de aradan aýyrmaýar. Bu wezipeleri başga-da köp alymlar tassyklap çykyş etdiler. Maliýe nazaryýeti ugrundan köp işlän A.M.Aleksandrow, E. A.Woznesenskiý ýaly alymlar maliýe üç wezipäni, ýagny pul toplumlaryny emele getiriji, (toplaýjy), ulanyjy we gözegçiligi ýerine ýetirýär diýip tassyklaýardylar. Olar, hatda maliýäniň paýlaýjy wezipesini inkär edip, ol diňe maliýe däl, beýleki ykdysady kategoriýalara-da mahsus diýip esaslandyrýardylar. Wezipe boljak bolsa, diňe bir kategoriýa – "şu paýlaýjy häsiýet mahsus bolmalydyr" diýip tassyklaýardylar. Alymlaryň, maliýe paýlaýjy kategoriýa bolansoň, oňa diňe iki wezipe – paýlaýjy we gözegçilik wezipeleri mahsusdyr diýýänleri-de az däldi. Kärhana maliýesine gezek gelende bolsa, oňa hut umumy maliýäniň wezipeleri mahsusdyr diýip tassyklaýardylar.Biziň pikirimizçe, maliýe, esasan, 3 sany wezipäni ýerine ýetirýär:
toplaýjy;
paýlaýjy;
gözegçilik.
Şularyň netijesinde maliýaniň mazmuny ýüze çykýar:

1. Döwlet we kärhanalar jemgyýetçilik önümi hem-de onuň bir bölegi bolan milli girdejini paýlamak netijesinde we beýleki çeşmelerden hem-de boş duran pul serişdelerini çekmek netijesinde maliýe serişdelerini toplaýar. Bu maliýäniň esasy wezipesidir.
2. Döwlet we kärhanalar jemgyýetçilik önümi hem-de onuň bir bölegi bilen milli girdejini paýlaýar hem-de gaýtadan paýlaýar, bu paýlamaklykdyr.

3. Maliýe serişdesiniň toplanmagyna, paýlanmagyna, ulanylmagyna hem-de jemgyýetçilik önüminiň we milli girdejiniň maksada laýyk paýlanyşyna gözegçilik edilýär. Bu gözegçilik wezipesidir.

Maliýe ykdysady kategoriýa hökmünde ykdysadyýete, esasan, öz wezipeleriniň üsti bilen täsir edýär. Has anygy, maliýäniň ýerine ýetirýän wezipeleri onuň mazmunyny kesgitleýär. Maliýäniň gelip çykyşy pul-haryt gatnaşyklary şertlerinde, döwletiň emele gelmegi bilen bagly bolup, döwlet öz wezipelerini doly ýerine ýetirmek üçin pul serişdelerine mätäçlik çekýär we gerek bolan bu pul serişdelerini maliýäniň üsti bilen toplaýar. Bu taryhy jähtden mysal alanyňda-da, häzirki wagtda-da şeýledir. Döwletiň ygtyýarynda maliýe mydama gazna toplaýjy we paýlaýjy gural bolup çykyş etdi. Paýlaýyş netijesinde fiskal-wezipe, ýagny diňe döwletiň gaznasyny üpjün etmek däl-de (bu taryhda iň soňky ýeri eýelemeýärdi), adalatly paýlaýyş-salgyt töleýän raýatlaryň bähbitlerini hasaba almaklykda amala aşyrylýardy. Mysal üçin, Beýik türkmen Seljuk döwletinde, "Döwlet bir daragt bolsa, raýatlar onuň köküdir, eger daragtyň köküni çapsaň guraýşy ýaly, raýatlara salgytlary köp salsaň, olar – raýatlar tozgunçylyga düşýär. Salgytlar gaty bir agyr bolmaly däldir" diýlen ýörelgeden ugur alynýardy. Ol döwürlerde, umuman, musulman döwletlerde Gurhanda görkezilen, girdejiňden haýyr-sahawat işlerine gönükdirilmeli möçberlerden ugur alynýardy. Ýokardaky ýörelgelerden ugur alman, agyr salgytlary ulanan döwletleriň tozgunçylyga sezewar bolan

halatlary taryhda az däldir. Biziň ýurdumyz öz Garaşsyzlygyny alandan soň, maliýe-býujet-salgyt-bank ulgamlary düýpgöter täzeden gurnaldy, ol döwletiň öňde duran wezipelerini amala asyrmak üçin, halkyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin, ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary şertlerinde ýokary depginler bilen ösdürmek we beýleki çäreler býujete zerur bolan maliýe serişdeleri doly we öz wagtynda üpjün etmäge gönükdirildi. Salgyt ulgamlary täzeden gurlup, olar kärhanalar üçin-de, raýatlar üçin-de elýeterlidir, salgytlaryň ýokarlandyrylmazlygy mydama biziň döwletimiziň üns merkezindedir.

**1.3.Üznüksiz önümçilik prosessiniň maliýe üpjünçiligi.**Hojalygyň ykdysady guraly hökmünde maliýe,jemgyýet önümçiligine **mukdarlaýyn** we **hil** taýdan täsir edip bilýär.

**Mukdarlaýyn täsir** ýygnalýan,paýlanýan we ulanylýan maliýe çeşmeleriniň deň ölçegliligi bilen häsiýetlenýär.Jemgyýetiň önümçiligine bolan mukdarlaýyn täsiriň mümkinçiligi,maliýe çeşmeleriniň ýygnalşynyň we paýlanşynyň mukdary bilen kesgitlenilýär.Maliýe çeşmeleriniň ululygy we olaryň ulanylşynyň ugry önümçiligiň goşmaça serişdeleriniň paýlanyş proporsiýalaryna,kärhananyň tehniki taýdan üpjünçiligine täsir edip bilýär.Hojalyk subýektleriniň ulanylmagyny goýulan maliýe çeşmeleriniň ölçegini üýtgedip dursa,serişdeleriň netijeli girizilmeginiň ugruny kesgitlese,kesgitlenilen ugurlara görä maliýe çeşmeleriniň paýlanylmagyny ýola goýup dursa,saýlan ugry boýunça önümçiligiň ösüşine täsir edip biler.

**Hil täsiri** maliýanyň maliýe gatnaşyklarynyň gurnalmagynyň görnüşleri arkaly gaýtadan öndürme prosessiniň gatnaşyjylarynyň maddy bähbidine bolan täsiri bilen häsiýetlendirilýär.Maliýanyň hil taýdan täsiri,gaýtadan öndürme prosessiniň gatnaşyjylarynyň maddy bähbidine täsir etmekligiň mümkinçiliklerine bagly.Şol mümkinçilikleri şol ýa-da başga belli bir maliýe gatnaşyklarynyň görnüşi

saklaýar.Hil taýdan täsir etmede meliýe çeşmeleriniň ululygy wajyp däl-de,olaryň nähili gurnalşy,haýsy görnüşde we şertlerde olaryň hereketlenişi we ulanylyşy wajyp bolup durýar.Maliýanyň hil taýdan täsir etmesi ykdysadyýetiň ösüşiniň ýardam etmegi bilen baglanşyklydyr.

Şeýle hem maliýanyň ykdysadyýete **potensiallaýyn täsiri** hem bar.Bu 2 sebäp bilen baglydyr:

- Paýlanyş kategoriýasy bolup,maliýe gaýtadan öndürme prosessine bitewilikde hyzmat edýär.Onuň täsir ediş çägi diňe bahalaýyn paýlanyş bilen çäklenmän,gaýtadan öndürmäniň başga böleklerine hem ýaýraýar;
- Maliýanyň özüniň paýlanyş tebigatyndan gelip çykýan ykdysady prosessleriň çalt ösüşine täsir edýän potensial hadysasy bilen baglydyr.

Önümçilik çäginde başlap,maliýe paýlanşy aýlanyş çäginde owam etdirýär.Bu çäkde ulgamlaýyn alyş-çalyş amallary ýerine ýetirilýär.Maliýe alyş-çalyşda gönüden-göni ykyş etmeýär,emma şonda-da maliýe oňa uly täsir edýär:

- Maliýe arkaly alyjylarda ýörite maksatly pul fondlary emele gelýärler we alyş-çalyş amallaryny ýerine ýetirmek üçin şertler döredilýär;
- maliýe önümleriň satylyşynyň aktlarynyň dowamy hökmünde çykyş edýär,sebäbi maliýaniň üsti bilen alyş-çalyşda alynan düşewündiň paýlanşy bolup geçýär.

Paýlanşyň guraly hökmünde,maliýe ilki örän bahanyň soňky ulanylşy bolup geçýän,sarp ediş çäginde hem hereket edýär.Bu ýerde maliýe başga sarp edijiniň önüminiň mukdaryna we düzümine täsir edýär.Jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginde maliýanyň ulanylmagynyň çäginde jemgyýetiň ösüş proseslerine bolan maliýanyň täsir etmesiniň 3 baş ugruny tapawutlandyryp bolar:

1.Giňeldilen üznüksiz önümçilik prosessiniň maliýe üpjünçiligi.

2.Ykdysady we durmuş prosessleriň maliýe sazlanyşy.

3.Işiň netijelerini gowulandyrmak boýunça maliýe taýdan

höweslendirme.

# 2-NJI BAP: Döwletiň maliýe syýasaty we bazar eýeçiligi şertlerinde maliýanyň ulanylyşy.

## 2.1Döwletiň maliýe syýasatynyň mazmuny we manysy.
## 2.2Maliye mehanizmi,onuň maliýe syýasatyny durmuşa geçirmekdäki orny.
## 2.3Maliýaniň ykysadyýeti sazlaşdyrmak üçin ulanylyşy.
## 2.4Maliýe bazary we onuň maliýe resurslaryny toplamakdaky we paýlaşmakdaky orny.

**2.1Döwletiň maliýe syýasatynyň mazmuny we manysy.** Islendik jemgyýetde döwlet öz funksiýalaryny we meselelerini amala aşyrmak üçin we bellenen maksatlara ýetmek üçin maliýany ulanýar.Goýulan maksatlary durmuşa geçirmekde esasy orny maliye syýasaty oýnaýandyr.Maliýe syýasatynyñ mazmuny köptaraplydyr.Onuñ esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

1.Maliýanyñ ösüşiniñ ylmy taýdan tassyklanan konsepsiýasyny döretmek.Yagny ol ykdysady taraplaryñ talaplaryny Öwrenmekligiñ,hojalygyñ ösüş ýagdaýyny hemme taraplaýyn analizlemekligiñ,önümçilik güýjiniñ hem-de döredijilik gatnaşyklarynyñ ösüşiniñ amatly ugurlarynyñ,ilatyñ talaplarynyñ esasynda gurnalýar.

2.Maliýani ulanmaklygyñ häzirki döwür we geljekdäki esasy ugurlaryny kesgitlemek.

3.Goýulan maksatlara ýetmek üçin praktiki hereketleriñ amala aşyrylmagy.

Şu esasy wezipeler maliye syýasatynyñ mazmunyny kesgitleýär. Şu aýdylanlaryñ netijesinde maliýanyñ ösüşiniñ esasy konsepsiýasyny saklamaýan,ýagny dine häzirki talaplary ödemeklige gönükdirilen maliye syýasaty amatly däldir.Şeýle hem döwletiñ praktiki hereketi bilen berkidilmedik,ýagny diňe maliýani ulanmaklygyñ ugruny we esasy konsepsiýasyny işläp taýýarlamaklyk bilen çäklenen maliye syýasaty düýpsizdir,çözülýän meseleleriniñ häsiýetine we döwrüniñ dowamlylygyna baglylykda maliye syýasaty **maliye**

**strategiýasy** we **maliye taktikasyna** bölünýär.
Maliye strategiýasy-bu geljege niýetlenen ykdysady hem-de durmuş taýdan kesgitlenen meseleleriñ çözüwini göz oñünde tutýan maliye syýasatynyñ uzak wagtlaýyn ugrydyr.Bu ugry işläp düzme prosessinde maliýanyñ ösmeginiñ esasy maksatlary,ýagny ugurlary barada maglumat alynýar,olary ulanmaklyk konsepsiýasy,ýagny esasy pikirleriñ jemi döredilýär hem-de maliýe gatnaşyklaryny guramaklygyñ ýörelgeleri,ýagny ugurlary bellenýär.Maliýe syýasatynda uzak wagtlaýyn maksatlary saýlamaklyk we maksatlaýyn programmalary düzmeklik ykdysady we durmuş ösüşiñ esasy bolup durýan maliýe resurslary,ýagny çeşmeleri jemlemeklige zerurdyr.
Maliýe taktikasy-bu maliýe serişdelerini toparlara bölmek bilen,maliýe gatnaşyklaryny guramaklygyñ usullaryny üýtgetmek bilen jemgyýetiñ ösüşiniñ belli bir etapdaky meselelerini çözmeklige gönükdirilen maliýe syýasatynyñ gysga wagtlaýyn ugry.Maliýe strategiýasynyñ durnuklylygyny, ,maliýe taktikasy bilen deñeşdireniñde,maliýe taktikasy çeýeligi bilen tapawutlanýandyr.Ol bolsa öz gezeginde ykdysady şertler we durmuş faktorlary bilen öñünden kesgitlenýär.
Maliýe syýasatynyñ strategiýasy we taktikasy biri-biri bilen baglanyşykdadyrlar,ýagny strategiýa taktiki meseleleri çözmeklik üçin amatly mümkinçilikleri döredýär.Taktika öz gezeginde ykdysadyýetiñ we durmuş çäginiñ esasy böleklerini we meselelerini ýüze çykaryp,maliýanyñ usullaryny we görnüşlerini öz wagtynda üýtgetme ýoly bilen gysga wagtyñ içinde pes çykdajylar bilen maliýe strategiýasynyñ oñünde goýulan meseleleri çözüp bilýär.
Şeylelikde maliye syýasatynyñ maksady bolup jemgyýetiñ ösuşi üçin ya-da kämilleşmegi uçin gerek bolan maliýe serişdeleriniñ doly işlenilip taýýarlanylmagy bolup durýandyr.Şona laýyklykda hem maliye syýasaty telekeçilik işlerini güýçlenmegi uçin amatly şertleri döretmeklige

niýetlenendir.

**2.2.Maliýe mehanizmi,onuň maliýe syýasatyny durmuşa geçirmekdäki orny.**Maliýe syýasatyny durmuşa geçirmek üçin maliýe mehanizmi gerek bolup durýandyr.Maliýe mehanizmi-bu jemgyýet tarapyndan ykdysady we durmuş ösüşe bolan amatly şertleri üpjün etmek üçin ulanylýan maliýe gatnaşyklarynyñ usullarynyñ jemidir.Maliýe mehanizmi öz içinde maliýe gatnaşyklaryny guramaklygyň görnüşlerini we usullaryny,olaryň mukdar taýdan kesgitlenişiniň usullaryny saklaýar.

Maliye mehanizminiñ her bir çägi we aýratyn halkasy bir bitewiligiň düzüm bölegidir.Olar ozara baglanyşyklydyrlar hem-de biri-birine baglydyrlar.Şonuň bilen olar beýlekilere seredeniňde özbaşdak hereket edýärler.Bu ýagdaý bolsa maliýe mehenizmini düzýänleri ylalaşdyrmaklygyň hemişelik zerurlygyny görkezýär.

Maliýe mehanizminiñ düzümleriniñ biri-biri bilen baglanyşygy-onuñ täsirliliginiñ esasy şerti bolup durýandyr.Maliýe mehanizminiň elementleriniň-maliýe gatnaşyklaryny guramaklygyň görnüşleriniň,usullarynyň jemi,onuň her bir elementiniň mukdarlaýyn parametrlerini goýulmaklyk,başgaça aýdanymyzda,aýyrmanyň stawklaryny we görnüşlerini,gaznalaryň göwrümini,çykdajylaryň derejesini we ş.m.kesgitlemek arkaly herekete getirilýän”maliýe mehenizminiň gurluşyny”emele getirýär.Mukdarlaýyn parametrler we olaryň kesgitlenilişiniň dürli usullary maliýe mehanizminiň ykjam bölegi bolup durýar.Olara ýygy-ýygydan düzediş girizýär,jemgyýetiň öňünde duran önümçiligiň şertleriniň we meseleleriniň üýtgemegine täsir edýär.

Maliýe taýdan döwletiň işi-goýulan kadalary berjaý etmeklik bilen,ýörite kesitlenen düzgün boýunça amala aşyrylýar.Maliýe ugurlaryna ýuridiki kadalaryň girizilmegi maliýe syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine,maliýe mehanizminiň dürs işlemegine öz täsirini ýetirýändir.Döwlet maliýe

gatnaşyklaryny guramaklygyň usullaryny ýola goýmak bilen,olary degişli aktlarda berkidýär hem-de kanun çykarýar. Maliýe mehanizminiň iri çäkleri we bölekleri aýratyn elementleriñ çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar.Mysal üçin,býujet mehanizmine salgytlaryñ dürli gbrnüşleriniñ ulgamy,maliýeleşdirmegiñ serişdeleriniñ we usullarynyñ ulanylyşynyñ ugurlarynyñ barlagy mahsusdyr.Kärhanalarda we guramalarda pul toplanyşynyñ ayry formalarynyñ arasyndaky gatnaşyklar kesgitlenyär,girdeji paýlanýar,gaznalaryñ döremekligi we ulanylyşy bolup geçýär.Ätiýaçlyk guramalarynda ätiýaçlyk gaznalaryň ulgamy giňişleýin ösýar.Şeýlelik bilen Türkmenistanyñ Mejlisi salgytlar barada kanun çykarýar hem-de her ýyl öz býujeti barada kanun kabul edýär we ş.m.Türkmenistanyñ Maliýe ministrligi we Baş döwlet salgyt inspeksiýasy (gullugy) häzirki kanun çykaryjylygyñ we häkimiýetiñ kararlarynyñ esasynda öz başarjañlygynyñ çäginde tölegleriñ salynmagy we alynmagy barada görkezmeleri,fiziki we yuridiki şahslara serişdeleri bermek barada normatiw aktlary we ş.m. işläp taýýarlaýar.Ýuridiki normalary girizmek, maliýe baglanşyklaryny gurnamaklygyñ bitewi düzgünlerini girizmeklik jemgyýetiñ, kärhanalaryñ we aýry raýatlaryñ ykdysady bähbidini goramaklyk mümkinçiligini berýändir.hukuk normalaryny berjaý etmeklik berk maliýe tertip-düzgünini üpjün edýär,maliýe ugrunda bir bitewi syýasaty geçirmeklige mümkinçilik berýär, şeýlelik bilen hukuk maliýe syýasatynyñ taýýarlanylyşynyñ we durmuşa geçirilişiniñ guraly bolup,ykdysady ösüşe maliýe syýasaty we maliýe mehanizmi arkaly täsir edýär.

**2.3.Maliýanyň ykdysadyýeti sazlaşdyrmak üçin ulanylyşy.**Ykdysadyýetiñ bölekleriniñ ylalaşykly işlemegi,sazlaşdyrma ýoly bilen amala aşyrylýandyr.Ol jemgyýetiñ islegleriniñ üýtgemegi sebäpli önümçiligi gaýtadan gurnamaklyga niýetlenişi bilen düşündirilýär.Bazar şertlerinde

ykdysadyýetiñ sazlaşdyrylmagy maliýe resurslaryny gaýtadan paýlamagyñ üsti bilen amala aşyrylýar.
Ykdysadyýetiñ sazlaşdyrylmagy ilki bilen öz-özüni sazlaşdyrma ýoly bilen bolup geçýär.Ol önümçilige gatnaşyjylaryñ öz döredýän hem-de ulanýan jemgyýetçilik Önümiñ dürli ugurlarynda maliýe bazarlaryny gurnamaklyk usuly bilen häsiýetlendirilýär.Öz-özüňi sazlaşdyrma hojalygyň subýektleriniň erkinliginde,olaryň özleriniň hyzmatdaşlaryny we olar bilen özara gatnaşyklarynyň görnüşini saýlamagynda hem-de öz döredijiliginiň netijesini özbaşdak ulanmagyna esaslanan.Ykdysadyýetiñ sazlanmagynda maliýe ulgamynyñ dürli çäkleri,ýagny kärhanalaryñ maliýesi,ätiýaçlandyrma,döwlet býujeti ulanylýar.Gaýtadan işlemäniň proporsiýalarynyň sazlanşynyň esasy guraly bolup kärhanalaryň maliýesi çykyş edýär.Olaryň kömegi bilen öndürilýän önümiň gaýtadan işlenen gurluşynyň sazlanşygy bolup geçýär,toplamaklyga we sarp etmeklige gönükdirilen serişdeleriň optimal gatnaşygynyň goýulmagyna esaslanan giňeldilen üznüksiz önümçiligi maliýe maliýe bilen üpjün etmeklik amala aşyrylýar.
Bazar ykdysadyýeti şertlerinde pudaklaýyn proporsiýalaryň sazlanşy üçin kärhanalaryň maliýesi we döwlet býujeti ulanylýar.Şu ýagdaýda kärhanalar bazarynda öz ygtyýaryndaky maliýe çeşmeleriniň,goýumlaryň iň bähbitli ugurlaryny gözleýärler:beýleki kärhanalaryň paýnamalaryny satyn alýarlar,öz serişdelerini gozgalmaýan emläge maýa goýum üçin gönükdirýärler,olary banklara,döwlete karz berýärler we ş.m.Döwlet bolsa jemgyýetçilik önümçiliginiň pudaklaýyn düzümini öz býujetini we býujetden daşary gaznalary ulanyp,aktiw amortizasion we gümrük syýasatyny geçirip,bahalara täsir edip sazlaşdyrýar.
Ýerleýin proporsiýasyny sazlaşdyrmakda esasan ýerli we döwlet maliýesi hem-de az-kem kärhanalaryň maliýesi gatnaşýar.Sazlaşdyrmanyň özi aşakda duran býujetlere dotaiýalary we subwensiýalary bermeklik ýoly,döwlet karzynyň

dürli formalaryny sazlaşdyrmak ýoly we ş.m.bilen amala aşyrylýar.Kärhanalaryň maliýesiniň jemgyýetçilik önümçiliginiň tutýan ýeriniň düzümine täsiri telekeçiligiň zolaklaryny giňeltmek ýoly,şäherleriň we täze ýaşaýyş punktlarynyň ösüşi üçin edilýän çykdajylary serişdeler bilen inwestirlemek ýoly bilen amala aşyrylýar.

**2.4.Maliýe bazary we onuň maliýe çeşmelerini toplamakdaky we paýlaşmakdaky orny.** Maliýe resurslarynyñ yzygiderli gurnalmagy,olaryñ netijeli inwestirlenmegi we maksada laýyk ulanylmaklygy maliýe bazarynyñ kömegi bilen üpjün edilýär.Ol halk hojalygyndaky pul serişdelerini gurnamaklyk hereketiniň bir görnüşi hökmünde çykyş edýär hem-de gymmat bahaly kagyzlar we ssuda goýulýan maýa bazarlar ýaly işini ýerine ýetirýär.

Maliýe bazarynda ulanylýan gymmat bahaly kagyzlar häsiýeti boýunça 2 topara bölünýärler:

1. Karzlaýyn.
2. Paýlaýyn.

Karzlaýyn gymmat bahaly kagyzlar bellen göterimi hem-de karzyñ umumy jemini geljekde bellenen wagtda tölemekligiñ borçnamasy bilen tapawutlanýar. Gymmat bahaly kagyzlaryñ şu görnüşiniñ klassiki görnüşi bolup OBLIGASIÝA çykyş edýär.

Paýlaýyn gymmat bahaly kagyzlar öz eýeleriniñ hakyky(real) eýeçilikde bolan paýyny görkezýär.Muña mysal bolup-öz eýesiniñ kärhananyñ alýan girdejisiniñ bir bölegini diwidend görnüşinde AKSIÝA bolup durýar.

Maliýe bazarlaryny täze gymmat bahaly kagyzlaryñ çykarylyşy bilen baglanşykly:

1. Ilkinji hem-de gymmat bahaly kagyzlary gaytadan alyp satmaklygy emele getirýän.
2. Gaytadan diýen toparlara bölünýär.

Alyp satmanyñ mümkinçiligi birinji inwestoryñ gymmat bahaly kagyzlary erkin ulanmakda hem-de beýleki inwestora

gaytadan satmak mümkinçiligine esaslanandyr.
Ilkinji maliýe bazarlarynyñ subýekti bolup gorap saklaýjylar(sberegateller), maýa goýujylar (inwestorlar) bilen bir hatarda emitentler hem çykyş edýärler.
Maliýe bazarynyñ guramaçylykly düzümine maliýe instituty,ýagny maliýe-bank edaralary,ätiýaçlandyrma kompaniýalary we ş.m.girýändir.Ýöne olaryñ
arasynda iň esasy bolup birža fondlary durýandyr.Biržanyñ 3 esasy görnüşi bardyr. Olar:

1. Söwdada dine biržanyñ agzalary gatnaşyp bilýän ýapyk birža;
2. Erkin gatnaşykly birža,onda şertleşigi maklerler alyp barýarlar;
3. Döwlet organynyñ gözegçiliginde hereket edýän köp sanly şahsyýetlerden ybarat bolup durýan birža.

Maliýe bazarlarynyñ işläp başlmagy(funksionirlemegi) halk hojalygy üçin örän ähmiýetlidir. Sebäbi olar arkaly önümçilige pul serişdelerini maýa çekmek mümkinçiligi döreýär:

- maliýe bazarlarynyñ kömegi bilen maýa goýujylary maksimal girdejili kärhanalaryñ hem-de pudaklaryñ ösüşi üpjün edilýär;
- maliýe bazarlarynda döreýän kapitalyñ akymy,ylmy-tehniki ösüşiñ çaltlanmagyna kömek edýär.

Şu sanalyp geçilenler maliýe çeşmeleriniň hereketiniñ çaltlanmagyna hemaýat edýär we ahyrky netijede maliýe bazarlary medeniýetleşdirilen(siwilizasion) usul bilen býujet ýetmezçiligini(defisitini) ýapmaklyga mümkinçilik berýär,sebäbi maliýe bazarlarynda döwletiñ ösüp barýan çykdajylaryny ýapmaklyga erkin pul serişdeleri tapylýar.
Bazar ykdysadyýetine geçilende giñişleýin maliýe höweslendirijileri ulanylýar.Olara hojalyk subýektleriniñ maddy bähbidine täsir etmäge mümkinçilik berýän maliýe gatnaşyklary degişlidirler.
Maliýe höweslendirmeleri sazlaşyk bilen berk baglanşykdadyr.Bu prosesleriñ ikisi hem biri-birine uly täsir

edýärler.Maliýe höweslendirmesi halk hojalygy sazlaşdyrmagyñ usulynyñ biri bolup durýandyr.Önümçiligiñ ösüşiniñ we onuñ netijeliligini ýokarlandyrmanyñ maliýe höweslendirmesiniñ düzümine şular girýändir:

- maliýe resurslaryny inwestirlemegiñ netijeli ugurlary;
- höweslendirme fondlary;
- önümçilik idensifikasiýasynyñ býujet usullary;
- ýörite maliýe ýeñillikleri we sanksiýalary;

Maliýe çeşmelerini inwestirlemegiñ esasy 3 ugruny tapawutlandyryp bolar:

- kärhanalaryñ tehniki taýdan üpjünçiligine maýa goýbermek;
- işçi güýjüni gaVtadan döretmek,kadrlary taýýarlamak,olaryñ hünärmenlik derejelerini(kwalifikasiýalaryny) ýokarlandyrmak,önümçiligiñ täze görnüşlerine işçi güýjüni gaýtadan gönükdirmek ýaly bolan çykdajylara maýa goýbermek;
- jemgyýetçilik önümçiliginiñ pudaklaýyn we ýerleýin düzüminde özgerişleriñ amala aşyrylmagyna gönükdirilen maksatnamalary yzygiderli durmuşa geçirmek;

Önümçiligi ykdysady taýdan höweslendirmekde ýörite höweslendiriji fondlary gurnamaklyk we ulanmaklyk ulgamy uly ähmiýete eýedir.Şeýle hem önümçiligiñ ösmeginde we onuñ netijeliliginiñ ýokarlanmasynda uly orny býujet höweslendirmeleri(stimullary) tutýandyr.Onuñ beýleki höweslendirmelerden,ýagny maliýe höweslendirmelerinden(stimullaryndan) tapawutlylygy höweslendirmäniñ obýekti hökmünde döwletiñ çykyş etmegidir.

## 3-NJI BAP:Maliýanyň dolandyrylyşy.
## 3.1.Maliýanyň dolandyrylyşy barada umumy düşünje.
## 3.2.Maliýanyň dolandyrylyşynyň operatiw guramalary we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleri.
## 3.3.Bazar şertlerindäki maliýe meýilleşdirilişi.

**3.1.Maliýanyň dolandyrylyşy barada umumy düşünje.** Dolandyryş - kesgitlenen netijelere ýetmek üçin obýekte bolan maksatlaýyn täsirleriň we usullaryñ jemidir. Dolandyryş işleriñ wajyp bölegi bolup maliýeniň dolandyrylyşy çykyş edýär.Ony aýratyn ýollar we usullar arkaly, şol sanda dürli höweslendirmeleriň we sanksiýalaryñ kömegi bilen ýörite guramalar amala aşyrýar.

Maliýanyň dolandyrylyşynda, edil beýleki islendik dolandyryş ulgamynda bolşy ýaly dolandyryşyň obýektleri we subýektleri bellenilýär.Obýekt hökmünde maliýe gatnaşyklarynyň dürli görnüşleri çykyş edýär. Subýekt bolup dolandyryşy amala aşyrýan gurama gurluşlary çykyş edýär. Maliýe gatnaşyklarynyñ öz çäkleri boýunça toparlaryna laýyklykda 3 topary bellemek mümkin: maddy önümçiligiñ maliýeleri, döwlet maliýeleri we önümçiligiñ maliýesi. Olara şeýle dolandyryş subýektleri laýyk gelýär: kärhanalaryñ maliýe gulluklary (otdelleri); 2) maliýe we salgyt organlary; ätiýaçlyk organlary, durmuş üpjünçiliginiñ bölümleri we maddy däl önümçiligiñ pudaklarynyñ maliýe gulluklary.

Maliýeniň dolandyrylyşyny amala aşyrýan, hemme guramaçylyk gurluşlaryň jemine maliýe apparaty diýilýär.

Dolandyryş subýektleri maliýe gatnaşyklarynyñ her bir çaginde we halkasynda maliyelere bolan maksatlaýyn täsirlemegiň ýöriteleşdirilen usullaryny ulanýarlar. Şonuñ bilen bilelikde olara dolandyrysyñ birmeñzeş usullary we ýollary mahsus. Şoña görä, maliýeleri dolandyrmakda binäçe funksional elementleri belleýärler: meýilleşdiriş, operatiw dolandyryş, barlag.

Meýilleşdiriş maliýeniñ dolandyryş ulgamynda wajyp orny

tutýar. Hut meýilleşdirişde hojalykçylygyñ islendik subýekti hemme taraplaýyn öz maliýe ýagdaýyny kesgitleýär. Maliýe resurslarynyñ mümkinçiliklerini, olaryň has netijeli ulanmaklygynyñ ýollaryny kesgitleýär. Meýilleşdiriş prosesindäki dolandyryş çözgütleri maliýe maglumatynyñ seljermesiniñ esasynda kabul edilýärler, soñky bolsa şol sebäpli doly we anyk bolmalydyr. Maliýe maglumatyny wagtynda almaklyk we onuñ anyklygy - esasly çözgütleri almaklygy üpjün edýär. Maliýe maglumaty buhgalter, statistik we operatiw hasabatyna esaslanýar.

Operatiw dolandyryş - düzülýän maliýe ýagdaýynyñ operatiw seljerilişiniň esasynda işläp taýýarlanýan we maliýe resurslarynyñ gaýtadan paýlanmagy arkaly çykdajylaryñ iñ pes bolan ýagdaýynda (minimum) has ýokary netijeleri almaga çalyşýan çäreleriñ toplumydyr (kompleks).

Barlag (derñew, kontrol) - dolandyryş element hökmünde hem meýilleşdiriş prosesinde, hem operatiw dolandyrysyñ döwründe amala aşyrylýar. Ol maliýe resurslaryny ulanmaklykdaky fakta esaslanan netijeleri,meýilnama esaslanan netijeler bilen deñeşdirmäge, maliýe resurslarynyñ ösüşiniñ goruny kesgitlemäge, netijeli hojalygyñ ýolyny bellemäge mümkinçilik berýär.

## 3.2.Maliýanyň dolandyrylyşynyň operatiw guramalary we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleri.

Türkmenistanda maliýeniñ umumy dolandyrylyşy Konstitusiýa laýyklykda döwlet hakimiýetiñ ýokary organlaryna - Türkmenistanyñ Mejlisine, Prezidente we hökümete tabşyrylan. Maliýeniñ operatiw dolandyrylyşyny maliýe apparaty amala aşyrýar. O1 arkaly döwlet halk hojalygynyñ hemme bölüm strukturalarynyñ maliýe işine ýolbaşçylyk edýär. Hut maliýe apparaty operatiw maliýe meýillleşdiriş boýunça, maliýe meýilnamalarynyň hasaby we seljerilişi, barlagy we sazlanylşy, döredilşi we ulanylşy boýunça işleri

ýerine ýetirýär.

Kärhanalarda we halk hojalygynyñ pudaklarynda maliýeniñ dolandyrylşyny kärhanalaryñ. gurarnalaryñ, edaralaryñ maliýe otdelleri we gulluklary, hem-de ministrlikleriñ we wedomostlaryñ maliýe bölümleri we edaralary amala aşyrýarlar. Ätiýaçlyk gatnaşyklarynyñ çÄgini ýörite strahowaniýe strukturalary dolandyrýar. Döwlet maliýesini dolandyrmak baradaky hemme işleri Türkmenistanyñ ykdysadyýet we maliýe ministrligi, onuñ aşakda duran maliýe organlary, hem-de döwlet salgyt gullugy alyp barýarlar.

1992-nji ýylyñ awgustynda Türkmenistanyñ ykdysadyýet we maliýe ministrligi döredildi. Onuñ düzüminde bazar ykdysadyýetine mahsus bolan şeýle gurluş bölümleri gurnalan:

-durmuş-ykdysady ösüşiñ we milli ykdysadyýetiñ balansynyñ jemleýji bölümi;

-inwestision syýasatyñ we inwestision maksatnamalaryny ugrukdyryjylygyñ jemleýji bölümi;

-senagatyñ bölümi;

-ulagyñ we aragatnaşygyñ bölümi;

-agrosenagat toplumynyň bölümi;

-döwlet býujetiñ jemleýji bölümi;

-maliýe we kredit syýasatynyñ, pul dolanşygynyñ we maliýeniñ prognozirlemesiniñ bölümi;

-gymmat bahaly kagyzlaryñ we maliýe bazarlaryñ bölümi;

-buhgalter hasabyñ we hasabatyñ bölümi;

-gazna dolandyrmasy;

-barlag-rewizion dolandyrmasy;

-durmuş-medeni sferasynyň bölümi;

-ilatyň sosial taýdan üpjünçiliginin finansirlenmesiniň, goranyşyň we dolandyryşyň döwlet apparatynyň bölümi:

-sarp edilýän resurslaryň we hyzmatlaryň balansynyň, sarp ediji toplumyň ösüşiniň jemleýji bölümi;

-döwlet ylmy-tehniki maksatnamalaryň we inwestision syýasatynyň bölümi;

-zähmetiň we düşewünt syýasatynyň bölümi;
ykdysady rcformalaryň we telekeçiligiň ösüşiniň bölümi;
-nyrhyň emele gelmesiniň jemleýji bölümi;
-işleriň dolandyrylyşy.

Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrligiň häzirki gurluşy maliýeniň döwlet tarapyndan dolandyrylyşyň täsirligini ýokarlandyrmagyna gönükdirilen. Bu öýtgeşmeler, bir tarapdan dolandyryşdaky sazlaşdyrýan başlangyçlaryň güýçlenmesine, beýleki tarapdan ýerli häkimlikleriň, kärhanalaryň, birleşikleriň we guramalaryň özbaşdaklyklarynyň giňelmeginiň şertlerinde dolandyryşyň maliýe usullarynyň giňişleýin ornaşdyrylmagyna esaslanan. Türkmenistanda Döwlet salgyt gullugy hereket edýär. Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň wajyp meseleleri bolup aşakdakylar çykyş edýärler: salgyt kanun çykaryjylygyň ýerine ýetirilmegine bolan gözegçilik; býujete bolan hemme döwlet salgytlaryň girizilmeginiň dogry hasaplaýşynyň, dolulygynyň we wagtynda amala aşyrylmagynyň barlagy salgyt kanun çykaryjylygyň kämilleşmegi barada teklipleriň taýýarlanylyşy. Oňki döwlet girdejileriniň uprawleniýesini çalşyran Döwlet salgyt gullugy wertikal strukturany saklaýar. Oňa welaýatdaky salgyt gulluklary boýun bolýar, olara bolsa özbaşdak hereket edýän, ykdysadyýetiň we maliýeniň ýerli dolandyryşyna girmeýän we özlerinden ýokarda durýan sistemanyň halkalaryna boýun bolýan, etraplaryň, şäherleriň salgyt gullyklary boýun bolýar.

**3.3.Bazar şertlerindäki maliýe meýilleşdirilişi.** Maliýe meýilleşdirilişiniň obýekti bolup, hojalykjylygyň we döwletiň subýektleriniň maliýe işi çykyş edýär, jemleýji netije bolup - aýry kärhananyň smetasyndan başlap, döwletiň jemleýji maliýe balansyna çenli saklaýan maliýe meýilnamalarynyň düzülmegi çykyş edýär. Her meýilnamada maliýe we kredit ulgamlarynyň halkalary bilen baglylykda, kesgitlenen döwür boýunça girdejiler we çykdajylar

kesgitlenýär (durmuş ätiýaçlandyrma bolan pul goýberilşiniň wznosy, býujete bolan tölegler, bank kreditine bolan töleg we b.).

Maliýe meýilnamalary maliýe ulgamynyň hemme bölümlerinde saklanylýarlar, maliýe meýilnamasynyň görnüşi, onuň görkezijileriniň düzümi maliýe ulgamynyň degişli bolan bölüminiň aýratynlygyny kesgitleýär. Şeýlelik bilen, kommersiýa başlangyjynda hereket edýän kärhanalar we guramalar girdejileriň we çykdajylaryň balansyny düzýärler; kommersiýa däl işleri alyp barýan edaralar smetalary düzýärler; daýhan birleşikler, kooperatiw guramalary, jemgyýetçilik birleşikleri we ätýaçlyk kompaniýalary - maliýe meýilnamalaryny düzýärler; döwlet häkimiýetiniň organlary durli derejeli býujetleri düzýärler.

Döwlet ykdysadyýeti meýilleşdirilişi ret etmeýär, sebäbi meýilnama - bu dogry taýýarlanan dolandyryş çözgüdidir. Emma bazar ykdysadyýet başga ykdysadyýet bilen deňeşdirilende has çeýe we hereketli, munda onuň maglumatlara we programmalara gönukdirilmegi kömek edýär. Bu ýerden maliýe resurslaryny çaklamagyň we meýilleşdirişiň arabaglanşynyň we olaryň maliýe dolandyryşyň prosesindäki ulanylşynyň meseleleri ýüze çykýar.

Bazar ykdysadyýeti öz esasy elementleri - harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhyna, islegine we teklibine, işçi güýjüne, ssuda maýa göýumlaryna, bäsdeşlige ugrukdyrylýar. Uýtgäp durýan nyrhlar, olaryň derejesi harytlaryň we hyzmatlaryň teklibine we islegine baglydyr. Şeýle ýagdaýda bazary dolandyrýan ulgamy, onuň talaplarynyň hasaby zerur, ol bolsa haryt görnüşleriniň meýilleşdirilişini kesgitleýär we onuň telekeçilik işinde başarjaňlyk giňişliginiň esasynda çeýelik bilen üýtgemesini göz öňunde tutýar. Bazaryň öwrenilmegi, onuň gurnalmagy we meýilleşdiriş elementlerini dolandyrmaklygy marketingiň mazmunyny duzýär.

# 4-NJI BAP: Maliýe barlagy.

## 4.1.Maliýe barlagynyň mazmuny we ähmiýeti.
## 4.2.Maliýe barlagynyň netijeliligini ýokarlandyrmagynyň ýollary.
## 4.3.Auditor barlagynyň emele gelşi we ösüşi.

**4.1.Maliýe barlagynyň mazmuny we ähmiýeti.** Ykdysadyýetiň ýagdaýyna, jemgyýetdäki durmuş-ykdysady prosesleriň ösüşine bolan barlag halk hojalygyny dolandyrmak boýunça işiň wajyp sferasy bolup durýar. Barlag ulgamynyň bir halkasy bolup maliýe barlagy (kontroly) çykyş edýär.

Maliýe barlagy maliýeniň kontrol funksiýasynyň amala aşyrylmagynyň görnüşi bolup çykyş edýär. Soňky - maliýe barlagynyň niýetlenilşini we mazmunyny kesgitleýär. Şonuň bilen hem, maliýe barlagynyň mazmuny, onuň ugrukdyrylyşy jemgyýetiň önduriji guýçleriniň we önduriji gatnaşyklarynyň ösuşiniň derejesine baglylykda üýtgeýär. Şeýlelik bilen, kärhanalaryň hojalyk hukuklarynyň, olaryň maliýe işini amala aşyrylmagyndaky özbaşdaklygynyň giňelmegi, telekeçiligiň dürli gurama-hukuk formalarynyň ýtize çykmagy maliýe barlagynyň mazmunyny baýlaşdyrýar.

Maliýe barlagy - maliýe we onuň bilen bagly hojalygyň we dolandyryşyň subýektleriniň işiniň soraglaryny barlamak üçin ulanylýan hereketleriň we operasiýalaryň jemi.

Maliýe barlagyny amala aşyrmak üçin, ýokary derejeli hünärmentler bilen komplektlenen ýalňyz barlag organlary döredilýär. Olaryň hukuklary, borçlary we jogapkärligi berk reglamentirlenendir, şol sanda hem kanun çykaryjy tertipde.

Barlagyň gönümel predmeti hökmünde girdeji, duşewüntlilik, goşulan baha bolan salgyt, özüne düşýän gymmaty, aýlanşygyň çykdajylary, dürli maksatlara we fondlara bolan goýberilen pullar ýaly maliýe çykdajylary çykyş edýär. Bu görkezijiler sintetiki häsiýete eýedir, şol sebäpli olaryň ýerine ýetirilmegine, dinamikasyna, tendensiýasyna bolan barlag

(kontrol) kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň önümçilik, hojalykçylyk we kommersiýa işleriniň hemme taraplaryny, hem-de maliýe-kredit özara täsirlenmegiň mehanizmini öz içine alýar.

Maliýe barlagy ykdysady kanunlarynyň talaplaryny berjaý etmekligine, tutuş jemgyýet önuminiň we milli girdejiniň bahasynyň paýlanşynyň we gaýtadan paýlanşynyň proporsiýalarynyň amatlygyna, býujetiň düzülmegine we ýerine ýetirilmegine (býujet gözegçiligi); maliýe ýagdaýyna we kärhanalaryň, guramalaryň, býujet edaralaryň zähmet, maddy we maliýe resurslarynyň netijeli ulanmagyna bolan barlagy öz içine alýar.

Maliýe barlagynyň öňunde şeýle meseleler durýar: maliýe resurslara bolan zerurlygyň we halk hojalygynyň pul düşewundiniň we fondlaryň ölçegleriniň arasyndaky deňagramlylyga ýardam etmek; döwlet býujetiniň öňunde wagtynda maliýe borçlaryny we olaryň dolulygyny üpjün etmek; maliýe resurslarynyň ösuşiniň hojalygyň içindäki rezerwlerini ýüze çykarmak; kärhanalarda, guramalarda we býujet edaralarynda maddy gymmatlaryň we pul resurslarynyň rasional sarp edilşine, hem-de buhgalter hasabynyň we hasabatynyň dogry alyp barylşyna, hereket edýän kanunlary we normatiw aktlary, şol sanda dürli gurama-hukuk formalaryna degişli kärhanalara salgyt salmasyny berjaý etmekligiň upjünçiligine ýardam etmek; kärhanalaryň daşary ykdysady işleriniň ýokary netijelerine, şol sanda pul amallary boýunça ýardam etmek.

**4.2.Maliýe barlagynyň netijeliligini ýokarlandyrmagynyň ýollary.** Maliýe barlagy jemgyýetiň ykdysady durmuşynyň dürli çäklerindäki we hojalyk dolandyryşynyň dürli derejesindäki çylşyrymly we dürli meseleleri çözýär, ol bolsa onuň gurnalşyna belli bir talaplary bildirýär.

Maliýe barlagyny amala aşyrýan subýektlere baglylykda

döwlet, hojalygyň içki we özbaşdak (auditor) maliýe barlaglaryny tapawutlandyrmak mümkin.

Döwlet maliýe barlagy umumy döwlet we wedomstwo barlaglar arkaly amala aşyrylýar. Umumy döwlet maliýe barlagy döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň organlary amala aşyrýar. Ol wedomstwo boýun bolmaklygyna baglylygyna garamazdan barlaga degişli bolan obýektlere gönükdirilen. Wedomstwo maliýe barlagyny ministrlikleriň, konsernleriň, häkimlikleriň dolandyryş organlarynyň gözegçilik-rewiziýa bölümleri amala aşyrýar. Onuň obýekti bolup wedomstwonyň garamagyndaky kärhanalaryň, edaralaryň önümçilik we maliýe işleri çykyş edýär.

Hojalygyň içki maliýe barlagy kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň ykdysady gulluklary (buhgalteriýalar, maliýe bölümleri) arkaly amala aşyrylýar. Bu ýerde obýekt hökmünde kärhananyň öz önümçilik we maliýe işi, hem-de onuň gurluş bölümleriniň (sehleriň, uçastoklaryň, bölümleriň, filiallaryň) işi çykyş edýär.

Özbaşdak maliýe gözegçiligini ýöriteleşdirilen auditor firmalary we gulluklary amala aşyrýar.

Amala aşyrmagyň görnüşleri boýunça maliýe barlagy aşakylara bölünýär: başlangyç, häzirki bolýan we yzyndan gelýän (soňky).

Başlangyç maliýe barlagy kärhanalaryň maliýe meýilnamalarynyň, edaralaryň we guramalaryň girdejileriniň we çykdajylarynyň smetalarynyň, býujetiň taslamalarynyň, şertnama ylalaşyklarynyň tekstleriniň, guramaçylyk dokumentleriniň düzülşiniň, seredilşiniň we tassyklanylşynyň döwürlerinde amala aşyrylýar. Maliýe barlagynyň bu formasy kanunlary we normatiw aktlary bozmaklygynyň öňüni almaga mümkinçilik berýär. Ol girdejiniň hasabynyň esaslylygynyň, maýa goýumlarynyň maliýeleşdirilmeginiň çeşmelerine bolan zerurlygynyň barlamasynda hem amala aşyrylýar.

Häzirki bolýan maliýe barlagy maliýe-hojalyk amalllaryň ulanylşynyň prosesinde, onuň amala aşyrylmagynda, maddy-

haryt gymmatlyklaryň we pul serişdeleriniň normalarynyň we normatiwleriniň berjaý etmekligi, çykdajylaryň meýilnamalarynyň ýerine ýetirilmegine, öň berilen resurslaryň ulanylşyna bolan resurslaryň goýberilşiniň laýyklygy barlanýan wagtynda geçirilýär. Maliýe barlagynyň bu görnüşi býujet bilen hasaplaşygyň öz wagtyndalylygy, dolulygyny ýüze çykarmak maksady bilen kärhanalaryň we guramalaryň işiniň ulgamlaýyn faktor seljerilişini göz öňünde tutýar.
Yzyndan gelýän ýa-da soňky maliýe barlagy hasabat döwri (periody) we maliýe ýyly tamamlandan son amala aşyrylýar. Kärhanalaryň we guramalaryň býujetleriniň ulanylşyndaky, olaryň maliýe meýilnamarynyň we býujet edaralaryň smetalarynyň ýerine ýetirilmegindäki döwlet pul serişdeleriniň maksada laýyk sarp edilýändigi barlanýar. Geçirilen çäreleriň bahasy maddy, zähmet we maliýe resurslarynyň ulanylmagynyň seljerilişiniň, hasabat buhgalter we çykdajy dokumentleriň barlanylyşynyň esasyndaky maliýe-hojalyk amallaryň kanunalaýyk amala aşyrylmagynyň seljerilişiniň netijesinde kesgitlenýär.

Maliýe barlagynyň geçiriş usuly boýunça, başgaça aýdylanda onuň amala aşyrylmagynyň ýollary boýunça aşakdakylary bellemek bolar: barlamalar, derňemeler, seljerme, rewiziýalar.
Barlama hasabat, balans, we çykdajy dokumentler arkaly maliýe-hojalyk işiniň aýry soraglary boýunça geçirilýär. Maliýe tertip-düzgüniniň bozulmaklygy ýüze çykarylýar we negatiw netijeleri aýyrmak boýunça çäreler bellenilýär.
Derňeme - kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň işiniň aýry taraplaryny öz içine alýar, emma barlamalardan tapawutlykda - görkezijileriň giň topary boýunça amala aşyrýar hem hojalyk organlarynyň maliýe ýagdaýyny, olaryň ösüşiniň geljegini, önümçiligiň täzeden guraýyşynyň ýa-da gaýtadan gönükdirilşiniň zerurlygyny kesgitleýär. Soraşmalar we anketirlenme geçirilýär.
Seljerme maliýe barlagynyň usuly hökmünde ulgamlaýyn we

faktorlaýyn bolmalydyr. Ol döwür ýa-da ýyl hasabaty boýunça geçirilmeli. Meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň derejesi, serişdeleriň sarp edilşiniň normasyny berjaý etmekligi, maliýe tertip-düzgüni we ş.m. kesgitlenýär.

Barlag maliýe barlagynyň iň wajyp usullarynyň biri bolup çykyş edýär we hasabat döwri boýunça kärhanalaryň, guramalaryň maliýe-hojalyk işiniň barlamasyny amala aşyrýar. Obýekte baglylykda doly, bölekleýin, tematik we toplumlaýyn rewiziýalary bellemek mümkin. Şeýlelik bilen olar meýilnama we meýilnamadan daşary bolup bilýärler. Rewiziýa prosesiniň maglumatlary içine alma derejesi boýunça tutuşlaýyn (üznüksiz) barlamalar amala aşyrylýar, şonda hemme dokumentlere we maddy gymmatlara gözegçilik edýärler. Barlaglary geçirmekligiň esasy bolup durýan materialyň häsiýeti boýunça olar dokumental (hasabat dokumentleriň we hasaba alma registrdäki ýazgylaryň hakykylygyny barlama) hem-de fakta esaslanan (pul serişdeleriň we maddy gymmatlaryň barlygynyň barlamasy) rewiziýalara bölünýärler.

Barlaglaryň islendik görnüşini geçirmek üçin maksatnama düzülýär, onda barlagyň maksady, obýekti, temasy we esasy soraglary görkezilýär. Barlagyň maksadyna baglylykda onuň geçirilişiniň dürli usullary ulanylýar: meýilnama we hasabat maglumatlaryň deşdirilmesi, nagt pullaryň barlamasy, dokumental we garşylykly barlamalar, maddy-haryt gymmatlyklaryň inwentarizasiýasy, ekspertizalar we laboratoriýa seljerilişi we ş.m.. Geçirilen rewiziýanyň (derňewiň) netijesi boýunça akt döredilýär, onuň esasynda bolsa kärhanalaryň hojalyk işiniň ýetmezçiliklerini aýyrmaklyga we hojalygyň içindäki rezerwleriň mobilizasiýasyna (ýygnamaklygyna) gönükdirilen çäreler işläp düzülýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrligi tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän häkimlikleriň ykdysadyýet we maliýe baş uprawleniýeleri býujet fondlaryň serişdeleriniň toplanylyşyna we ulanylşyna gözegçilik edýar. Şol sebäpli bu

maliýe barlagynyň görnüşi býujet diýlip atlandyrylýar. Býujet barlagy döwlet býujetine girdejileriň has köp mukdaryny girizilmegini we ykdysadyýetiň ösüşini üpjün edýän amatly maliýe we býujet syýasatyny işläp düzülmegine ýardam edýär. Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň düzüminde kontrol-rewiziýa (barlag-derňew) dolandyrmasy hereket edýär, häkimlikleriň ykdysadyýet we maliýe baş dolandyrmalarynda bolsa - baş gözegçiniň(barlagçy) apparaty hereket edýär. Gözegçilik dolandyrmalary we gözegçilik apparatlary kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň önümçilik maliýe işleriniň rewiziýasynyň hemme görnüşlerini geçirýärler.

Salgyt inspeksiýalary - bu operatiw maliýe barlagynyň organlary. Salgyt organlarynyň ulgamyna Türkmenistanyň Baş salgyt gullugy ýolbaşçylyk edýär. Ýerli salgyt inspeksiýalary dine özünden ýokary organa boýun bolýar. Salgyt gulluklaryň meseleleri bolup aşakdakylar çykyş edýär: salgytlar baradaky kanunlary berjaý etmeklige gözegçilik etmek, býudžete bolan salgyt töleglerini girizilmeginiň öz wagtyndalylygyny we dolulygyny üpjün etmek. Sonuň bilen bir wagtda salgyt gulluklary kärhanalaryň we guramalaryň, olaryň wedomstwo garaşlylygyna we gurama-hukuk formasyna garamazdan maliýe ýagdaýlaryny barlaýar; salgyda salynýan girdejiniň (düşewündiň) peseltmesini goýbermezlik maksady bilen onuň (girdejiniň) dogry kesgitlenilişine bolan barlagy geçirýär; hemme subýektleriň, şonuň bilen hem salgyt salmanyň hakyky (real) we potensial obýektleriniň hasabyny alyp barýarlar. Şeýlelik bilen, salgyt gulluklary konfiskasiýa edilen we hojalyksyz emläginiň, hazynanyň, döwlete miras bolup geçen emläginiň hasaba almaklygyny, baha bermekligini we amala aşyrylmagyny üpjün edýär.

**4.3.Auditor barlagynyň emele gelşi we ösüşi.** Kärhanalaryň arasyndaky (şol sanda hem halkara derejede), bank we ätiýaçlandyryş işlerinde kommersiýa gurluşlarynyň

arasyndaky gorizontal baglanşyklarynyň giňişleýin ösüşi hojalyk organynyň özüniň, hem-de onuň kontragentleriniň maliýe ýagdaýyna baha bermekligiň obýektiwligini we esaslylygyny şertlendirýär. Şu meseläniň öňünden döreýän şertiň biri bolup auditorlyk institutynyň işleýişi çykyş edýär.
Auditor - döwlet gullukçysy dälde, özbaşdak buhgalter-rewizor, maliýe, hasap we barlag taýdan ýokary derejeli hünärment. Olar kadrlaryň taýýarlanylyşyna we gaýtadan taýýarlanylşyna ýardam etmeklige, hem-de auditorlaryň biliminiň we hünär endikleriniň ýokary hiline gözegçilik etmeklige niýetlenen auditorlaryň Assosiasiýasyna birleşen. Auditiň iki - daşky we içki görnüşlerini belleýärler.
firmanyň içki auditi hem firmanyň merkezi ýolbaşçylygynyň derejesinde, hem filiallaryň, bölünip aýrylan kompaniýalaryň we ş.m. derejesinde hereket edýän firmanyň içki audit gullugy bilen amala aşyrylýar. Firmanyň içki auditi düşewüntliligiň we girdejiniň maksimizasiýasy maksady bilen kärhananyň maliýe we hojalyk işiniň kämilleşmegi boýunça dolandyryş çözgütleriň netigeliliginiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen. Onuň meseleleri bolup aşakdakylar çykyş edýär: ýyllyk hasabatyň taýýarlanylyşynda buhgalter hasabynyň prinsipleriniň (ýörelgeliriň) we kadalarynyň berjaý edilişiniň barlagy; daşky auditorlaryň tekliplerini işläp düzmek; firmanyň ýolbaşçylygyna kärhananyň maliýe strategiýasynyň hemme soraglary boýunça masalahat bermek; merkezi organlaryň filiallarynyň tarapyndan ýolbaşçylyga taýýarlanan maliýe maglumatynyň öz wagtyndalylygyny, ygtybarlylygyny we takyklygyny barlamak; aktiwleriň bütewiligini üpjün etmek boýunça çäreleriň bara-barlygynyň we netijeliliginiň seljerilişi; tiz satylyp bilinýän serişdeleriň tygşytlylygynyň gorlaryny ýüze çykarmak; firmanyň we filialyň maliýe-hojalyk işiniň netijeliligini kesgitlemek we ş.m..

Daşky auditi döwlet salgyt we başga organlar bilen, kärhanalar bilen, beýleki ulanyjylar -banklar, daşary ýurt hyzmatdaşlar, paýdarlar, ätiýaçlandyryş jemgyýeti bilen

şertnamalar boýunça ýörite auditor firmalary ýerine ýetirýär. Olaryň iň esasy meselesi bolup barlanýan obýektleriň maliýe hasabatynyň hakykylygyny kesgitlemek, hem-de hojalyk organlarynyň işinde bolan ýetmezçilikleri aýyrmak boýunça, olaryň maliýe-hojalyk işiniň we kommersiýa netijeleriniň gowulandyrmagy boýunça teklipleri işläp düzmek çykyş edýär. Goýulan maksatlara ýetmek üçin auditor firmalary aşakdakylary amala aşyrýar: maliýe ekspertizalary; kärhanalaryň we guramalaryň maliýe-hojalyk we kommersiýa işiniň barlagy we rewiziýasy (derňewi); salgyt salma degişli düşewüntleriň dogry kesgitlenilşi; olaryň peseltmeginiň öňüni almaklyga gözegçilik we jerime çäreleri almaklykdan dynmak mümkinçiligi; guraýyş, hasap alma we dolandyryş soraglary, hasabat düzmek soraglary, salgyt salmanyň meseleleriniň soraglary boýunça maslahat bermek; firmanyň içerki barlagynyň we auditiň dogrylygynyň we netijeliliginiň barlamasy.

Auditor barlamasynyň birnäçe basgançaklaryny (etapyny) bellemek mümkin. Başlangyç ýa-da taýýarlanyş etapy öz içine seljermäniň hakykylygyny we netijeliligini üpjün edýän auditoryň hereketini alýar,gerekli bolan materialy seçip almak we ulgamlaşdyrma, hasabatyň dürli gorkezijileriniň deňeşdirip boljaklygynyň we özara baglanşygynyň barlagy. Ikinji etapda analitik hasaplaryň kän mukdary ýerine ýetirilýär. Üçünji etap netijeleriň we ekspert-auditor baha bermekligiň emele gelmeginiň umumylyşdyrylmagyna alyp barýar. Auditor işleýişi kommersiýa syrynyň gizlin we bütewi saklanylyşyny güwä geçýär. Şonuň bilen hem, aýry ýagdaýlarda, hynaýat etmekligiň ýüze çykan faktlary barada hukuk goraýjy organlara hökmany duýdurmak kanun tarapyndan göz öünde tutulan. Auditor firmalaryň professional hyzmaty tölegli bolýar, firmalaryň özleri bolsa ýuridiki şahsyýetiň statusy bilen hojalyk hasaplaşykly guramalar ýaly hereket edýärler. Bu bolsa auditor institutynyň maliýe barlagyny guraýyşynyň beýleki

görnüşlerinden iň esasy tapawudyny - onuň döwlet we wedomstwo dolandyryş gurluşlaryndan doly, şol sanda hem ykdysady özbaşdaklygyny amala aşyrmagyna mümkinçilik berýär.

# 5-NJI BAP: Kommersiýa başlangyjynda hereket edýän kärhanalaryň maliýesi.

**5.1.Kärhanalaryň maliýe çeşmeleri we olaryň ulanşynyň aýratynlyklary.**
**5.2.Kärhanalaryň esasy fondlary we olaryň emele gelşiniň şertleri.**
**5.3.Dolanyşyk serişdeleriniň emele gelmeginiň we ulanylmagynyň maliýe nukdaý nazary.**
**5.4.Kärhanalarda maliýe meýilleşdirilişi.**

**5.1.Kärhanalaryň maliýe çeşmeleri we olaryň ulanşynyň aýratynlyklary.** Kärhanalaryň maliýe resurslary - bu hojalygy dolandyrma subýektleriniň ygtýaryndaky we giňişleýin gaýtadan öndürmek we işçileri ykdysady taýdan höweslendirmek boýunça maliýe borçlaryny ýerine ýetirmek üçin, çykdajylary amala aşyrmak üçin niýetlenen pul girdejileri we düşewüntleri.

Maliýe resurslarynyň ilkinji döremegi kärhananyň önümçilige girizilen pursadynda, ýagny ustaw fondyň emele gelen wagtynda bolýar. Hojalygy dolandyrmanyň gurama-hukuk formasyna baglylykda onuň (ustaw fondunyň) çeşmeleri bolup paýdarlar maýa goýumlary, kooperatiwleriň agzalalarynyň pay wznoslary, pudak maliýe resurslary (pudak strukturalaryny saklanylşynda), uzak wagtlaýyn maýa goýumlary, býujet serişdeleri çykyş edýär. Ustaw fondunyň ululygy önümçiligiň prosesinde inwestirlenen esasy we dolanyşyk pul serişdeleriniň ölçegini görkezýär.

Kärhana özüniň döreýiş ýeri boýunça ýerli häkimlikler tarapyndan döwlet hasaba alynmasyny geçen gününden başlap önümçilige girizilen diýlip hasaplanýar we ýuridik şahsyýetiň hukuklaryna eýe bolýar. Döwlet hasaba alynmasy baradaky maglumat kärhanany döwlet reýestirine girizmek üçin aý aralygynda Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrligine barýar.

Hereket edýän kärhanalarda maliýe resurslarynyň esasy çeşmesi bolup satylýan önümiň (edilen hyzmatlaryň) bahasy çykyş edýär, onuň bölekleriniň käbiri bolsa düşewünt paýlanşygynyň prosesinde pul girdejileriniň we toplanmalarynyň görnüşini alýar. Maliýe resurslary esasan girdeji (esasy we başga işleriň görnüşlerinden alynýan) we amortizasion pul goýbermeleri arkaly emele gelýär. Olar bilen birlikde maliýe resurslarynyň çeşmeleri bolup, çykyp giden emlägiň satylmagyndan bolan düşewünt, .üýtgewsiz passiwler, dürli maksatly girdejiler, gurluşykda resurslarynyň toplanmagy we başgalar çykyş edýär.

Ep-esli maliýe resurslary, esasan hem täzaden döredilýän ýä-da dikeldilýän kärhanalar boýunça maliýe bazarynda toplanyp (mobilizirlenip) bilýärler. Olaryň toplanmagynyň görnüşi bolup berlen kärhana tarapyndan çykarylýan aksiýalaryň, obligasiýalaryň we gymmat bahaly kagyzlarynyň beýleki görnüşleriniň satylmagy kredit inwestisiýalary çykyş edýär.

Başarjaňlyga başarnyklyga gönükdirilmeklik, doly maddy jogapkärçilik maliýe özara baglanşyklarynyň ugrunda iki wajyp üýtgeşmeleri şertlendirdiler: birinjiden ätiýaçlandyrma amallarynyň ösüşini, ikinjiden mugtuna alynýan pul göýbermeleriň sferasynyň düýpli kemelmegini. Şonuň bilen birlikde hojalygy dolandyrmanyň bazar esaslarynda geçmekde gaýtadan paýlanyşyk tertibinde emele gelýän maliýe resurslarynyň düzümünde hasda ýokary orny ätiýaçlandyrma kompaniýalaryndan gelýän ätiýaçlandyrma ini doldurma tölegleri tutar, býujet we pudak maliýe çeşmeleriniň roly bolsa kem-kemden peseler. Kärhanalar şulardan maliýe resurslaryny alyp bilerler: assosiasiýalardan we konsernlerden, olara bolsa kärhanalar diňe degişli pul fondlarynyň ulanşynyň mehanizminiň göz öňünde tutan mahalynda girip bilýärler; pudak gurluşlarynyň saklanylşynda - ýokarda duran organlardan; çykdajylarynyň berk çäklenen sanawyna bolan býujet görnüşinde - döwlet häkimýetiniň organlaryndan.

Mundan başgada gymmat kagyzlaryň bazarynyň

hereket ediş ýagdaýynda(şertlerinde) başga emitentleriň gymmat kagyz boýunça diwidend we göterimler ýaly hem-de maliýe amallaryny geçirmekden bolan girdeji ýaly maliýe resurslarynyň görnüşleri emele geldi.
Kärhanalaryň maliýe reurslarynyň olaryň gurnalyşynyň çeşmelerine laýyklykda topara bölünmesi şeýle görnüşde görkezilip bilner (shema N°3).

Maliýe resurslarynyň ulanylşy kärhana bilen dürli ugurlar boýunça amala aşyrylýar, olaryň arasynda iň esasysy bolup şular durýar:
maliýe borçlaryny ýerine ýetirmek bilen şertlendirilýän maliýe-bank organlaryna bolan tölegler,bu ýerde býujete bolan salgyt tölegleri, kreditleri ulanmak boýunça

# **Kärhanalaryň maliýe resurslary**



banklara bolan göterimleriň tölegi, öň alynan ssudalarynyň tölenmegi; ätiýaçlandyrma tölegleri we şoňa meňzeşler degişli. Önümçiligiň giňelmegi we onuň tehniki taýdan täzelenmegi bilen, täze ösüşli tehnologiýalara geçmeklik bilen baglanşykly düýpli çykdaýjylaryna (reinwestirlenme) bolan öz serişdeleriňi inwestirlemek, "nou-hau" ulanmak we ş.m. - bazardan alynýan gymmat bahaly kagyzlaryň şu görnüşlerine bolan maliýe serişdeleriniň inwestirlenmesi: berlen kärhanalar bilen kooperatiw üpjün etme boýunça baglanşylan başga firmalaryň aksiýalary we obligasiýalary, döwlet karz pullary höweslendiriji we durmuş häsiýetli pul fondlarynyň gurnalyşyna bolan maliýe resurslarynyň gönükdirilmegi;
haýyr-sahawatly maksatlara, sponsorlyga bolan maliýe resurslarynyň ulanylşy.

Hojalygy alyp barmagynyň bazar esasyna geçmekligi bilen dine kärhanalaryň yolbasçylarynyň, paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçylyk edýän agzalarynyň roly ösmände, maliýe gulluklaryň hem orny galýar. Kärhananyň ösüşünüň maliýe çeşmelerini, maliýe resuslarynyň has netijeli inwestirlemegiň ugurlaryny gözläp tapmaklyk, gymmat bahaly kagyzlar bilen opersiýalary gecirmeklik we maliýe menejmentiniň başga soraglary bazar ykdysadýetiň şertlerinde maliýe gulluklary üçin örän wajyp bolup durýarlar. Maliýe menejmentiniň düýbi - iň amatly şertlerde goşmaça maliýe resuslaryny ulanmaga çagyrmaklygy, olary has netijeli inwestirlemekligi, maliýe bazarynda gymmat bahaly kagyzlary satyn alyp we olary gaytadan satyp girdejili operasiýalary amala aşyrmaklygy mümkin edýän we degişli gulluklar arkaly amala aşyrylýan maliyeni dolandyrmaklygyň gurnalyşyndan ybaratdyr. Maliýe menejmentiniň ugrunda üstünligi gazanmaklyk köplenç başarjaňlyk, däp bolup gelmeýän çözgütleri tapmaklyk, operasiýalaryň ululygy we öňden belli töwekgellik, tutanýerlilik bilen ýapyşma ýaly häsiýetlere eýe bolan maliýe gulluklaryň işgärleriniň işi alyp barmaklygyna baglydyr. Öz kärhanasynyň çykdaýjylaryny ýapmak üçin başga

eýeçileriniň serişdelerini mobilizirläp, maliýe gulluklarynyň işgärleri birinjilik bilen maliýe resurslarynyň inwestirlenmesiniň maksatlary barada anyk gözden ýetirmä eýe bolmalydyrlar we olar maksatlar bilen laýyklykda serişdeleri ulanmaga çagyrmaklygyň görnüşleri barada tekliplerini (rekomendasiýa) bermelidirler. Resurslar boýunça gysga we orta wagtlyk talaplaryň çykdaýjylaryny ýapmak üçin kredit edaralaryň ssudalaryny ulanmaklyk maksada laýyk hasaplanylýar. Kärhananyň giňeldilmegine we gaýtadan dikeldilmegine bolan uly düýpli maýa goýmalarynyň amala aşyrmagynda gymmat bahaly kagyzlaryň çykarylmagyny ulanmak mümkin, emma bu hödürlemäni (rekomenadasiýa) diňe şeýle ýagdaýlarda bermek mümkin:

- eger maliýeçiler maliýe bazaryny düýpi öwrenen bolsalar;
- gymmat bahaly kagyzlaryň dürli görnüşlerine bolan isleglerini seljeren bolsalar;

şertleriň üýtgeýişleriniň mümknçiliklerini hasaba alan bolsalar we bularyň hemmesini her taraplaýyn oýlanyp görüp hem öz kärhanalarynyň gymmat bahaly kagyzlarynyň çalt we düşewüntli satylmagyna ynamly bolsalar.

Gymmat bahaly kagyzlaryň çykarylyşy, taýýarlanylyşy we başlangyç ýerleşigi örän çeper edilen, hysyrdyly, maliýe bazarynyň gurluşyny we potensial inwestoryň psihologiýasynyň çuň bilijiligini talap edýän işdir. Goşmaça maliýe resurslaryny ulanmaga çagyrmagy hökmünde gymmat bahaly kagyzlaryň çykarylşyny we satylşyny saýlap alyp, kärhananyň administrasiýasy gymmat kagyzyň haýsy görnüşini - aksiýany ýa-da obligasiýany saýlap almaklygyny we haýsy şertlerde has ýokary netijeliligi üpjün etmeli diýen sorag çözülmelidir.

Obligasiýalaryň çykarylyşy eýäniň öz emläginiň bölegini dolandyrmak hukugyna başga eýelere beresi gelmeýän ýagdaýynda maksada laýyk hasaplanýar. Bu ýagdaýda ol goşmaça inwestirlerien serişdelerinden bolan durnukly düşewündi almagy umyt edýär, ol bolsa (düşewünt) karzyň

hereket etmeginiň wagtynyň dowamynda obligasiýa boýunça tölenilşini, wagtyň soňunda bolsa berginiň üzülşini mümkin eder. Eger-de hususyýetçi kärhananyň gaýtadan dikeldilmegini we onuň işleýiş çäginiň giňelmegini başga inwestorlaryň maýa goýumlaryny ulanmaga çagyrylmasyz we olary dolanşykda ulanylmasyz amala aşyrylmagynyň mümkin däldigini görse, onda ol aksiýalaryň çykarylyşy barada çözüwi kabul eder. Emma bu ýagdaýda hem wajyp bolup adaty we aýratyn hukukly aksiýalaryň, atly aksiýalaryň we görkezijä bolan aksiýalaryň arasyndaky saýlama çykyş edýär.

Aksiýalaryň dürli görnüşleriniň çykarylyşy barada soragy çözende, emitent olaryň (aksiýalaryň ) hereket ediş şertlerinde çalt ýerleşişiniň mümkinçiliklerinden ugur almalydyr. Adaty aksiýalar boýunça diwidend görnüşinde tölenýän düşewündiň derejesi kärhananyň alýan girdejisine we onuň (girdejiniň ) ulanylşynyň ugurlaryna baglylykda ýyllar boýunça üýtgäp durýar. Adaty aksiýalaryň eýelerine paýdarlaryň umumy ýygnaklarynda paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçylyk edýän agzalaryny saýlamaklyk hukugy we başga soraglary (meselem, ýyllyk girdejiniň ölçegi barada, onuň ulanylşynyň ugurlary barada we ş.m.) çözmek mümkinçiligi berilýär. Aýratyn hukukly aksiýa aşakdakylar bilen tapawutlanýar: onuň eýesi birinjiden, goýulan maýa goýumlaryna bolan belli bir göterimiň görnüşindäki düşewündi birinji nobatda almaklyk hukugyna eýedir; ikinjiden diwident almak boýunça kumulýasiýa hukugyna eýedir, bu bolsa bir ýylda (amatsyz ýylda) aksiýalar boýunça girdejiniň doly almazlygy bolsa, onda indiki ýylda (girdeji derejesi boýunça amatly ýylda) girdeýjiniň tölegi şoňa laýyklykda köpelýär; üçünjiden, kärhananyň işden çykarylmagynda beýleki kreditorlar bilen deňeşdirilnde öz emläk hukuklaryny kanagatlandyrmak boýunça has agdyk hukuklara eýedir, dördünjiden, dolandyryjy agzalary saýlamakda we başga paýdarlyk işlerini çözmekde ses bermek hukuga eye däldir.

Aýlanyşyga çykarylýan gymmat bahaly kagyzlar -

aksiýalar, obligasiýalar we başga nominal (bellenilen) gymmata eýedir. Hut şoňa laýyklykda, hususan karzyň üzülen pursatynda tölenýän, obligasiýany saklaýjynyň öňündäki emitentiň bergisi kesgitlenýär. Aksiýalary çaltrak ýeleşdirmäge çalşyp, emitent emissiýa nyrhyny goýup bilýär, ol boýunça bolsa gymmat bahaly kagyzlar ilki başda bank arkaly satylýar. Emissiýa nyrhy nominal nyrhyndan pes.
Maliýe bazarynda aýlanýan gymmat bahaly kagyzlar boýunça islegiň we teklibiň üýtgäp durmagy aksiýalaryň we obligasiýalaryň kursy, başgaça aýdylanda olaryň satylýan we satyn alynýan nyrhy nominal nyrh bilen deň gelmeýär. Bazar kursy (hümmeti) ilkinjilik bilen iki faktora bagly: gymmat bahaly kagyz arkaly alynýan düşewüntiň mukdaryna göni proporsional we halk hojalygynda hereket edýän ssuda göteriminiň normasyna ters proporsionaldyr. Mundan başgada bazar hümmetine ykdysady şertler, ssuda maýa goýumlarynyň bazarynyň ýagdaýy tasir edýär. Gymmat bahaly kagyzyň bazar hümmetiniň kesgitlenilşine kotirowka diýilýär. Ol biržalarda ýörite kotirowal komissiýalary arkaly amala aşyrylýar.

**5.2.Kärhanalaryň esasy fondlary we olaryň emele gelşiniň şertleri.** Islendik kärhanada önümçilik prosesiniň maddy-tehniki esas bolup, esasy önümçilik fondlary çykyş edýärler. Bazar ykdysadyýetiniň şertlerinde esasy fondlaryň ilki başda emele gelmegi, olaryň hereket etmegi we giňişleýin gaýtadan öndürmegi maksada bellenilen pul fondlary emele getirýän we ulanýan maliýeniň gönümel gatnaşmagynda amala aşyrylýar. Maksada bellenen pul fondlary zähmet serişdeleriniň ulanmagyny, ulanylmagyny we dikeldilmegini bir zadyň üsti bilen amala aşyrýarlar.
Gaýtadan döredilýän kärhanalarda esasy fondlaryň ilki başda gurnalmagy ustaw fondunyň bölegi bolup durýan esasy serişdeler arkaly amala aşyrylýar. Esasy serişdeler - bu önümçilik we önümçiliksiz maksatly fondlara inwestirlenen pul

serişdeleridir. Esasy fondlaryň satyn alynan we kärhananyň balansyna geçirilen pursatynda esasy serişdeleriniň mukdary sanlaýyn esasy fondlaryň gymmaty bilen deň gelýär. Geljekde önümçüligiň prosesine esasy fondlaryň gatnaşmagynyň netijesinde olaryň gymmaty ikä bolünýär: onuň könelmä deň bolan bir bölegi taýýar önüme geçirilýär, beýlekisi hereket edýän esasy fondlaryň galan bahasyny görkezýär.

Esasy fondlaryň emele gelşiniň wajyp çeşmeleriniň biri bolup, kärhanalaryň maýa goýumlaryna gönükdirilen ammortizasion pul göýbermeleri çykyş edýär. Maýa goýumlaryna ulanylýan kärhananyň öz maliýe resurslarynyň düzümine girdeji girýär. Soňky wagtlar halk hojalygynyň aýratyn pudaklarynda maýa goýumlaryny maliýeleşdirmegiň çeşmelerinde girdejiniň absolýut paýynyň we ölçeginiň ulanylmagynyň tendensiýasy ýüze çykýar. Bu ymtylyşy hökman ösdürmelidir. Onuň ösüşligi esasy fondlarynyň gaýtadan döremek çeşmeleriniň önümçilik işiniň netijesi bilen gönümel utgaşylmagy bilen aňladylýar.
Girdeji bilen deňlikde maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek üçin gurluşygyň özünde toplanýan serişdeler (hojalyk usuly bilen ýerine ýetirilýan gurluşyk-montaž işleri boýunça girdeji we tygşytlama, içki resurslary toplama we ş.m.), çykyp giden emlägiň satylmagyndan bolan düşewüntler, önümçiligiň ösüşini we sosial ösüş fondlarynyň serişdeleri ulanylýarlar. Düýpli çykdaýjylara bolan býujet serişdeleriniň çykarylmagy bir deň tehniki syýasatynyň geçirmekligi mümkin edýär, jemgyýet önümçiliginiň gurluşyny sazlaşdyrmaga ,ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklarynyň ösmegine amatly şertleri döredýär. Bazar şertlerinde býujet serişdelerini maksatly subsidiýalar (inwestision pul göýbermeleri) arkaly, subwensiýalar we inwestision salgyt kreditleri arkaly almak mümkin.

Taýýar önüme geçirilen esasy fondlaryň gymmatynyň bir bölegi taýýar önümiň satylmagynyň dowamynda pul görnüşde ýörite amortizasion fondlarda toplanylýar. Bu fond

her ýylky pul görkezmeleri arkaly emele gelýär, we ýönekeý bölekleýin giňeldilen gaýtadan öndürmek prosesi üçin ulanylýar. Esasy fondlaryň gaýtadan döretmeginiň giňeldilmegne bolan amortizasiýasynyň ugurlary ony hasaplap çykarmasynyň we sarp edilşiniň aýratynlyklary arkaly şertlendirilýär: ol esasy fondlaryň gulluk normatiwine wagt aralygynyň bütin dowamynda hasaplap çykarylýar, onuň sarp edilişiniň zerurlygy bolsa esasy fondlaryň hakyky çykarylyp gitmesinden son gelýär.

Amortizasion fonduň ululygy her ýylda esasy fondlarynyň balans gymmatynyň amortizasiýasynyň normasyna köpeldilmegi arkaly hasaplanylýar. Ykdysady taýdan esasy amortizasiýa normalary uly ähmiýete eýedir. Olar, bir tarapdan, ulanylmakdan çykan esasy fondlaryň gymmatynyň doly ýerini dolmagyny üpjün etmekligi, beýleki tarapdan bolsa, önümiň hakyky özüne düşýän bahasyny kesgitlemegi mümkin edýär. Soňkyň düzüm elementi bolup amortizasiýa göýberilen pullar çykyş edýär. Amortizasiýanyň normalary wagtyň dowamynda gaýtadan seredilýärler, sebäbi esasy fondlaryň gulluk ediş möhleti üýtgeýär, ýlmy-tehniki öňe gidişikleriň we başga fondlaryň täsiriniň netijesinde olaryň gymmatynyň taýýar önüme geçmekligiň prosesi tizlenýär. Esasy fondlaryň hem gaýtadan bahalandyrylmasy hem-de wagtal-wagtal bolup geçýär.Onuň maksady esasy fondalaryň balans bahasyna häzirki nyrhlara we gaýtadan öndürilmeginiň şertlerine laýyk gelşini üpjün etmekden ybaratdyr. Soňky gaýtadan bahalandyryş 1992-nji ýylyň 1-nji noýabrda geçirildi. Özem esasy fondlaryň dikeldiji gymmaty olaryň balans gymmatynyň esasy fondlaryň görnüşine we olaryň işe girizilmeginiň wagtyna baglylykda diferensirlenen synaşdyrmanyň koeffisientine köpeltmek arkaly tapyldy.

Hasaplap çykarylan amortizasion göýberilen pullar önümçiligiň ösüş fondy arkaly esasy fondlaryň doly dikeldilmegine ulanylýarlar,maýa goýumlary görnüşinde bolup geçýär. Maýa goýumlary arkaly diňe öň awansirlenen

gymmatyň aýlanyşy gutarman, önümçiligiň giňelmegi we onuň maddy-tehniki bazasynyň kämilleşmegi bilen baglanşykda serişdeleriň goşmaça inwestirlenmegi hem amala aşyrylýar. Giňeldilen gaýtadan öndürmeklik dine amortizasion göýberilen pullar arkaly üpjün edilip bilmeýär, sebäbi soňkylar esasan ýönekeý gaýtadan öndürmeklige niýetlenen. Şol sebäpli giňeldilen gaýtadan öndürmeklik köp derejede milli girdejiden üpjün edilýär, özem düýpli çykdaýjylaryna ilkinjilik bilen kärhananyň öz maliýe resurslary reinwestirlenýär. Bärik hem maliýe bazarynda toplanýan aksioner we pay maýa goýumlary gönükdirilýar, kredit resurslary ulanylmaga çagyrylýar, aýratyn ýagdaýlarda bolsa hökümetiň ýörite kararlarynda aýdylyp geçilen ýagdaýlarda býujet pul göýbermeleri we býujetden daşary fondlaryň serişdeleri ulanylmaga çagyrylýar.

Hojalygy dolandyrmanyň praktikasynda amortizasion fondlaryň hasaplanylşynyň dürli usullary ulanylýar. Çyzykly yza gaýdýan we tizleşdirilen amortizasiýanyň usuly. Bu ýerde amortizasiýanyň normasy ýa esasy fondlaryň balans gymmatynda bolan prosentde kesgitlenýär, ýa- da öndürilen önümiň birligine bolan berk pul jeminde kesgitlenýär. Käwagt olar ýerine ýetirilen işleriň mukdaryna bagly bolup durýar.

Çyzykly usulda amortizasion pul jemleriniň hasaplanmagy kesgitlenen normalar boýunça esasy fondlaryň önümçilikleýin ulanylmagynyň möhletiniň dowamynda amala aşyrylýar. Durnukly nyrhlaryň şertlerinde žähmetiň serişdeleriniň esasy görnüşlerine bolan amortizasiýanyň hasaplap çykarmagynyň deň ölçegli usulynyň peýdalanylşy özüni ödedi. Emma nyrhlaryň galmagynyň şertlerinde, esasanam gaýtadan girizilýän tehnika boýunça, yza gaýdýan usula geçmeklik maksada laýyk hasaplanylýar. Bu usulda amortizasiýanyň has ýokary normasy amortizasiýa döwrüniň başynda goýulýar, son bolsa ol kem-kemden kemelýär.

Halk hojalygyň aýratyn pudaklarynda tizleşdirilen amortizasion usulyny ulanmaklyga rugsat berilýär. Olara materiallaryň gurallaryň we abzallaryň progressiw görnüşlerini,

eksporta bolan önümi öndürýän, hem-de görnüşi taýdan könelen tehnikanyň köpçülikleýin çalşyrylmagyny amala aşyrýan kärhanalar degişli. Bu kärhana amortizasion göýberilen pullaryň hasaplanylşyny iki esseden ýokary galmadyk amortizasiýanyň normasy boýunça amala aşyrmak hukugy bar. Bu bolsa olar tarapdan amortizasion gymmatynyň gysga wagt aralygynda geçirilşini üpjün etmekligini mümkin edýän öz esasy fondlarynyň gulluk edişiniň taze hasap möhletini kesgitleýandiklerini aňladýar.
Inwestision kreditler - bu peseldilen salgydyň ölçegindäki girdejiniň önümçilige reinwestirlenmek hem emläge bolan salgydyň peseldilmeginden gelen pul serişdeleriniň kärhanalaryň hususylaşdyrma prosesindäki emlägiň yzyna satyn almagyna gönükdirilmek ýagdaýndaky girdejä bolan salgyt we emläge bolan salgyt boýunça töleglerň möhletiniň yza süýşürilmegi bilen baglylykda kiçi biznesiň kärhanalaryna göýulan pul serişdeleri. Girdejä bolan salgyt toleýjisi şeýle ýagdaýlarda inwestision krediti almak hukugy bar, eger ol (kredit) birinjiden, import boýunça öň alynan abzallary çalşyrylmaga ulanylýan bolsa, ylmy-barlag we tejtibe-konstruktorlyk işlerini geçirmäge we töweregindäki sredanyň galyndylar bilen hapalanmagyndan goramaga ulanylýan bolsa, ikinjiden, maýyp bolan adamlara iş ýerlerini döretmegi mümkin edýän bolsa. Şonuň bilen birlikde çäklendirilmeler hem bar. Olaryň biri kärhanadaky işçileriň sanyna degip geçýär, işçileriň sany kärhana goýulan ululykdan geçip bilmeýär. Ýogsam inwestision krediti berilmez. Başga çäklendirme bolsa inwestision kreditiniň ölçegi bilen bagly, onuň ölçegi girdejä bolan salgyt boýunça awans toleginiň we onuň ýylky jeminiň ululygyny 50%-den ýokary kemeltmeli däldir.

Inwestision kreditiň gaýtaryp berilmegi salgyt töleýjiniň we salgyt inspeksiýasynyň arasynda baglaşylan kredit ylalaşygynda agzalyp geçilen möhletlere we şertlere laýyklykda amala aşyrylýar.

**5.3.Dolanyşyk serişdeleriniň emele gelmeginiň we ulanylmagynyň maliýe nukdaý nazary.** Önümi öndürmek üçin kärhana esasy fondlar bilen deňlikde öz içine önümçilik zapaslaryny (çig mal, materiallar, ýangyç we ş.m.) gutarmadyk önümçiligiň galyndylaryny we geljek döwürleriň çykdajylaryny alýan dolanyşyk önümçilik fondlary zerurdyr. Önümçiligiň prosesinde sarp edilen dolanyşyk fondlary aýlanşygyň çägine haryt görnüşinde girýär (skladlarda we ýükläp ugratmada taýýar önüm görnüşinde), soňra bolsa taýýar önümiň satylşynyň dowamynda pul görnüşine (hasapdaky pul serişdeleri, kärhananyň gaznalardaky we onuň bankdaky pul hasabyndaky pul serişdeleri) geçýär.

Aýlanşygyň çäginde bolýan rersurslaryň haryt we pul görnüşleri aýlanşyk fondlaryna degişlidir.

Önümçilik prosesiniň we önümiň satylmagynyň üznüksizligini üpjün etmek üçin kärhana öz ygtyýarynda bir wagtda hem dolanyşyk önümçilik fondlaryny, hem aýlanşyk fondlaryny saklamalydyr. Dolanşyk önümçilik fondlaryna we aýlanşyk fondlaryna awansirlenen pul serişdeleri kärhananyň dolanşyk serişdelerini düzýärler.

Kärhananyň dolanşyk serişdelerini gurnamak üçin öz hem karz resurslaryny ulanýarlar. Hususy öz serişdeler esasan fondlaryň aýlanyşygyň gurnalyşynda baş roly oýnaýar, sebäbi kommersiýa başlangyjynda işleýän kärhanalar işi haýyrly alyp barmak üçin we kabul edilen çözgüleri boýunça jogapkärçilik çekmek üçin belli bir emläk we operatiw özbaşdaklygyna eýe bolmalydyrlar. Şonuň bilen birlikde karz serişdeleriniň ulanylmaga çagyrylmagy hem wajypdyr, sebäbi hojalygyň dolanşyk serişdelerine bolan umumy zerurlygyny kemeldýär, ol serişdeleriň netijeli ulanylmagyna bolan çalyşmany höweslendirýär.

Özüniň esasyna görä dolanyşyk serişdeleri maliýe dälde, umumy ykdysady kategoriýadyr. Şonuň bilen baglylykda kärhananyň dolanşygynda bolýan pul serişdeleriniň mukdary maliýe resurslaryna degişli däldir. Muňa garamazdan

hut maliýe gatnaşyklary dolanyşyk serişdeleriniň fondunyň bolmaklygynyň başlangyç esasyny düzýär, maliýe resurslary bolsa (fonduň) ölçeginiň ilki başda gurnalşyna we son üýtgemegine bolan düýbi düzýär. Maliýe gatnaşyklary dolanyşyk serişdelerini hereket ediş ugrunda üç ýagdaýda emele gelýärler: kärhananyň ustaw fondunyň emele gelmeginiň dowamynda;

hususy dolanşyk serişdeleriniň köpelmegine bolan maliýe resurslarynyň peýdalanşynyň prosesinde;

gymmat kagyzlaryna bolan dolanşyk serişdeleriniň artyklygynyň inwestirlenmegi.

Hususy dolanyşyk serişdeleriniň emele gelmegi kärhananyň gurnalan pursatynda bolýar. Bu ýagdaýda kärhananyň ustaw fondy emele gelýär. Bu ýerde gurnalmagyň çeşmeleri edil esasy serişdeleriňki ýalydyr: paýdarlyk maýa goýumlary, pay wznoslary üýtgemesiz passiwler, býujet serişdeleri (döwlet sektorynda gaýtadan paýlanýan serişdeleri dolanşygyň wertikal ulgamy saklananda).

Dolanyşyk serişdeleriň aýlanşygy - bu olaryň ulanyşygynyň görkezijisidir. Aýlanşyk - önümçilik zapaslaryny almakdan başlap we kärhanalaryň hasaplaryna pullaryň barmagy bilen gutaryp, pul serişdeleriniň doly aýlanşygynyň wagty bilen kesgitlenýär. Bir dolanşygyň (aýlawyň) wagty günler boýunça ölçenýär. Awansirlenen dolanyşyk serişdeleri näçe çalt aýlansalar, şonçada has gowy netije gazanylýar - şol bir serişdeleriň jemi arkaly önümiň has köp önmegi we satylmagy bolup geçýär.

Hususy dolanyşyk serişdeleriniň barlygy, olaryň bitewiligi, hususy we karz dolanyşyk serişdeleriň arasyndaky gatnaşygy (baglanşygy) kärhananyň maliýe durnuklylygynyň derejesini, gymmat bahaly kagyzlar arkaly maliýe resurslarynyň goşmaça toplanmagyna mümkinçiligini, kärnananyň maliýe bazaryndaky ýagdaýyny häsiýetlendirýär.

Kärhananyň töleýiş ukyby onuň söwda, kredit we pul häsiýetli başga amallaryndan gelip çykýan töleg borçnamalarynyň öz

wagtynda ýerine ýetirip bilmeginden kesgitlenýär. Töleýiş ukyby gönümel kommersiýa şertleşigiň görnüşine we şertlerine, kreditiň alynmak mümkinçiligine we onuň hödürlenmeginiň şertlerine (möhletine, haýsy göterimler boýunça) täsir edip bilýär. Töleýiş ukyby kärhananyň hakyky (real) we potensial maliýe resurslaryny, onuň töleglerini we häzirki pul tölegleriniň girdejileriniň arasyndaky baglanşygyny hasaba alýan ýörite koeffisentleriň ulgamy arkaly kesgitlenilýär.

Kärhananyň bergi borçnamalarynyň ugrunda töleýiş ukybyny onuň tiz satylyp bilijiligi görkezýär. Tiz satylyp bilijilik kärhananyň islendik ýagdaýda zerur bolan çykdajylary etme ukybyny görkezýär. Tiz satylyp bilijilik bergililigiň ululygyna, hem-de tiz satylyp bilýän serişdeleriň mukdaryna bagly bolup durýar, soňkylara elde bolan pul serişdeler, bankyň hasabyndaky resurslar, gymmat bahaly kagyzlar we dolanyşyk serişdeleriniň tiz satylýan elementleri degişlidir. Kärhananyň kreditorlaryň we býujetiň öňündäki bergi borçnamalary üzüp bilmeksizligi onuň batmaklygyna getirýär.

Kärhananyň kommersiýa hasabynyň başlangyjynda hereket etmegi girdejiniň maliýe hojalyk işiniň dine baş netijesi hökmünde çykyş etmegine getirýän, kärhananyň, jemgyýetiň dürli görnüşli talaplaryny kanagatlandyrýan çeşme hökmünde çykyş etmegine getirdi. Girdeji -önümçiligiň giňelmeginiň we hojalygyň işindäki başga talaplary üpjün etmekligiň wajyp çeşmesidir. Onuň bir bölegi işgärleriň maddy taýdan höweslendirilmelerine we olaryň durmuş taýdan talaplaryny kanagatlandyrylmagynda ulanylýar.Girdejiniň býujet, býujetden daşary we haýyr-sahawat fondlaryň gurnalmagynda orny hemişe galyp barýar.

Girdejiniň dürli görnüşli talaplaryny kanagatlandyrýan döwründe onuň (girdejiniň) paýlanylşynyň ykdysady taýdan esasy ulgamyny düzmeklik wajyp mesele bolup durýar. Esasy talap girdejiniň paýlanyş ulgamynda hojalygy dolandyrma subýektleriň, bütinlikde jemgyýetiň we belli bir işgärleriň

bähbidiniň tebigy birleşmegine alyp barýar. Bu talabyň amala aşyrylmagy girdejiniň paýlanşynyň esasy düzgünlerini şertlendiryär. Olar bolsa aşakdykylardan ybarat:

- bütünlikde jemgyyetiň (döwletiň üsti bilen ) öňünde maliýe borçlaryň ilki nobatda yerine yetirilmegi;

-giňeldilen üznüksiz önümçiliginiň talaplaryny girdeji arkaly maksimal üpjün etmek;

-girdejiniň işgärleriň maddy taýdan höweslendirmekligine ulanylmagy;

-durmuş-medeni talaplaryna girdejiniň gönükdirilmegi; Şü düzgünleriň durmuşa geçirilmegine belli bir görnüşleri şu wagt, bazar hojalygynyň esaslaryna geçmeklik bilen baglydyr. Bazara geçmeklik bilen kärhana maliýe özbaşdaklygyny satyn alýar. Alynan girdejini nirä , haýsy mukdarda we nähili möhletlerde iberilmegini onuň özi kesgitleýär. Döwlet tarapyndan kärhananyň hereketlerini reglamentirleýän ýeke-täk zat - bu ýeňillikler we sanksiýalar bilen baglanyşykly geçýän salgytlardyr.

Kärhanalar ilki nobat tertibinde emläge bolan salgydy, ondan son girdejä bolan salgydy töleýärler. Girdejä bolan salgydyň hasaplanylşynyň esasy hökmünde tutuş girdeji alynýar, ol bolsa aşakylardan ybarat:

-goşulan gymmata bolan salgytsyz we aksizsiz satuwdan gelen düşewüntiň, we önümiň özüne düşýän gymmatyna giren önümçilige we satuwa bolan çykdaýjylaryň arasyndaky tapawudynyň görnüşinde hasaplanýan we önümiň (işden, hýzmatdan) satuwyndan gelen girdeji;

-esasy fondlaryň we kärhananyň başga emläginiň satuwyndan gelen girdeji; satuwdan daşary operasiýalaryndan gelen düşewüntler ( çykdaýjylyar ), bärik bolsa aşakdakylar girýär: başga kärhanalaryň işine paý boýunça gatnaşmagynda bolan girdejiler, emlägi kärendä bermekden gelen maliýe netijesi: aksiýa, obligasiýa we kärhana degişli başga gymmat bahaly kagyzlar boýunça diwidendler we göterimler; sanksiýa görnüşinde alynan we tölenen pullar;

Önümi öndürmek (iş, hyzmat) bilen gönümel bagly däl amallardan gelen çykdaýjylar. Salgyda salynan girdeji soňra töleýjilere berlen salgyt ýeňillikleriniň jemine kemeler. Girdejä bolan salgyt kärhanalar tarapyndan bir deň bolan 25% stawka boýunça tölenýär. Tapawutlylykda kärnana tarapyndan işiň aýratynlyk görnüşinden alynan girdeji çykyş edýär.
Girdejä bolan salgydy býujet we býujetden daşary fondlara barýan hökmany tölegleriň başga görnüşleri tölenilenden son kärhananyň girdejisi onuň doly ygtyýaryna galýar we ol tarapdan özbaşdak ulanylýar. Eger kärhananyň ustaw fondy başga inwestorlaryň gatnaşmagynda emele gelen ýagdaýynda girdeji diwidentleriň we prosentleriň tölenilşine gönükdirilýär we önümçilik, talap edijililik we sosial häsiýetli zerurlyklaryna göýberilýär. Hususan, aşakdakylar döredilýär:
- önümçiligiň ösüş fondy;
-maddy höweslendirme fondlary;
-durmuş ösüşiň fondy;
-rezerw fondy we başgalar.
**5.4.Kärhanalarda maliýe meýilleşdirilişi.** Bir ýylyň çägindäki maliýe prosesleri girdejileriň we çykdajylaryň balansy görnüşinde gurnalýan kärhananyň maliýe meýilnamasynda öz yzyny galdyrýar. Girdejileriň we çykdajylaryň balansynda pul görnüşinde kärhananyň maliýe-hojalyk işiniň hemme taraplary, onuň alýan girdejileri we toplanmalary, çykdajylaryň sarp edilişi görkezilýär. Elbetde şu balansyň düzülmegi kärhananyň işiniň hemme nukdaýnazarlary - önümçilik, inwestision, durmuş we ş.m. boýunça işläp düzülýän meýilnama hasaplamalarynyň ulanylmagyny talap edýär. Diňe olara arkalanyp, kärhananyň maliýe bölümi umumy maliýe netijesini we işiň dürli görnüşleriniň esasynda ony düzýänleri, býujete we býujetden daşary fondlara bolan tölegleri, rezerw fondlaryň ululygyny, kärhananyň doly ygtyýaryna gönümel galýan arassa girdejini, maliýe resurslaryny (maliýe bazarynda goşmaça toplananlary hasaba alyp) we olaryň ulanylmagynyň ugurlaryny takyk

kesgitläp bilýär.

Girdejileriň we çykdajylaryň balansyny düzmeklikde kärhananyň işine uly täsir edýän inflýäsiýa proseslerini hökmany hasaba almaklyk zerurdyr. Önümçilik-hojalyk işinden bolan girdeji., amortizasion göýberilen pullaryň goymalary, önümçilik çägine we sosial strukturasyna bolan maýa goýmalarynyň çykdaýjylary, kärhana üçin edilen işler we hyzmatlar üçin tölegler, rezerw fonduna bolan wznoslar inflýasiýanyň täsiriniň çäginde bolýarlar, şol sebäpli bolsa girdejileriň we çykdajylaryň balansynda inflýasiýanyň ösüşiniň indeksini hasaba alyp olaryň gaýtadan gönükdirilmesini göz öňünde tutmak zerur.

Kärhananyň maliýe meýilnamasynda maliýe resurslarynyň dürli görnüşleriniň ulanylmagyny we olaryň ulanylmagynyň ugurlaryny häsiýetlendirýän görkezijileriň hemme topary boýunça meýilnama hasaplamalaryň ahyrky jemi görkezilýär.

Girdeýjileriň we çykdajylaryň balansy hojalygy dolandyryjy subýektiniň işiniň hemme toparlaryny bir zat arkaly ýerine ýetirýän maliýe prosesleriň mazmunyny görkezýär we düzgün taýdan şeýle dört bölümlerden ybarat.

1-nji bölüm: "Girdejileriň we serişdeleriň gelmesi", bu ýerde banklardan we döwletden alynan resurslardan başgalary goşulýar. Bu bölümiň görkezijileriniň düzüminde aşakdakylar tapawutlandyrylýar: esasy işiň netijesinden gelen girdeji, inwestision işinden bolan girdeji, gymmat bahaly kagyzlardan alynan diwidendler we göterimler, ylmy-gözleg häsiýetli işleri boýunça şertnamalardan bolan düşewüntler, amortizasion göýberilen pullar, çykyp giden emlägiň satuwyndan gelen düşewüntler üýtgewsiz passiwleri we ş.m.

2-nji bölüm. "Çykdajylaryň we serişdeleriň göýberilmegi". Bu bölüm kärhananlaryň giňelmegine bolan maliýe resurslarynyň ulanylmagyny, işiň has ýokary netijelerini ykdysady taýdan höweslendirilmegini, operasion we başga çykdajylaryny görkezýär. Önümiň öndürilmegi we satylmagy bilen bagly bolan pul serişdeleri öňden artyk awansirlenen maliýe

resurslarynyň goşmaça çagyrylmagyny talap etmeýänligi üçin kärhananyň maliýe planyna göşulmaýarlar. Maya goýmalary, ykdysady taýdan höweslendirmegiň fondlaryna goýberilen pullar, gymmat bahaly kagyzlaryň alynmagyna bolan çykdajylar, dürli haýyr-sahawat fondlaryna göýberilen pullar we ş.m.

3-nji bölüm. "Kärhananyň bank edaralary bilen kredit özara gatnaşygy", bu ýerde kärhananyň alan ssudalary, olaryň gaýtaryp berilmegi we krediti ulanmak boýunça göterimleriň tölenilşi bellenilýär. Bu bölüm iki bölekden ybaratdyr: girdejili böleginde kärhananyň ssuda almaklygy görkezilýär, çykdajylysynda bolsa - ssudalaryň kem-kemden üzülmesi we olar boýunça prosentleriň tölenilşi görkezilýär.

4-nji bölüm. "Kärhananyň býujet we býujetden daşary fondlary bilen özara gatnaşygy", ol öňde duran bölüm bilen deňlik boýunça iki bölekden durýar - çykdajyly we girdejili. Bu bölüme, bir tarapdan, býujeti we býujetden daşary fondlara bolan salgyt töleglerini, beýleki tarapdan bolsa - pul goýbermeleriniň alynmagyny öz içine alýar .

Maliýe meýilnamasy ýylyň dowamynda çärýekleriň bölünmesi bilen düzülýar we maliýe-hojalyk işiniň hemme ugurlaryndaky işiň oýlanyşykly alynyp barylmagynyň zerur şerti bolup durýar.

# 6-NJY BAP: Döwlet býujeti.

## 6.1.Döwlet býujetiniň mazmuny,durmuş-ykdysady proseslerdäki orny.
## 6.2.Býujet girdejileriniň ykdysady mazmuny.
## 6.3.Döwlet býujetiniň çykdajylary.
## 6.4.Býujet ýetmezçiligi we ony dolandyrmak.

**6.1.Döwlet býujetiniň mazmuny, durmuş-ykdysady proseslerdäki orny.** ***Döwletiñ kärhanalar, edaralar we halk bilen ýüze çykýan maliýe gatnaşyklaryna býujet gatnaşyklary diýilip atlandyrylýar.*** Maliýe gatnaşyklary hökmünde bu gatnaşyklarynyñ çykyş etmegi, olaryñ döwletiñ .(degişli häkimiýet organlarynyň üsti bilen) hökmany gatnaşyjysy bolýan aýlanyşyk prosesinde ýüze çykmagyndan we umumy döwlet talaplaryny kanagatlandyrmagyriat niýetlenen bu serişdelerisñ merkezleşdirilen fondunyñ gurnalmagy we ulanylmagy-bilen baglanyşmagyndan ybaratdyr.

Býujetleriň gatnaşyklaryna obýektiw häsiýeti mahsus. 01 döwletiň elinde her ýylda jemgyýetiň ähli çäginde üznüksiz önümçiligiň talaplaryna raýatlaryň sosial-medeni talaplaryny kanagarlandyrylmagyna, goranyş meselelerini çözmeklige, dowlet dolandyryşyň umumy harçlaryny ýapmaklygyna zerur bolan milli girdejiniň belli bir paýynyň ýygnalmagy bilen şertlendirilýärj

Hereket ediş prosesinde býujet gatnaşyklary olara degişli maddy beýanyny alýarlar. Olar çylşyrymly gurama düzümiň formasyna geçýarler. Döwletiň ygtyýaryndaky maliýe resurslaryny merkezleşdirilmeginiň derejesini görkezýän býujet fondunyň belli bir ululygy faktorlaryň birnäçesine bagly: ykdysadyýetiň guramalarda, edaralarda hojalygy dolandyrmagyň usullaryna; jemgiýetiň tarapyndan çözülen ykdysady we sosial meselelerine, halk hojalygyň proporsiýalaryndan göz öňünde tutulýan düzüm özgerişleriň ölçegini we ş.m. Býujet fondunyň düzüminde özüne mahsus

bolan görnüşlerinde hereket edýän rezerwler döredilýär.
Yurduň býujet fondunyň gurnalmagy we ulanylmagy boýunça býujet gatnaşyklarynyň jemi dowlet býujeti diýen düşünjäni emele getirýär ýa-da düzýär. Ykdysady düýbi boýunça dowlet býujeti - halk hojalygyň, durmuş-medeni cäreleriň, goranyşyň we dowlet dolandyryşyň hasaplaryny maliýeleşdirmegine niýetlenen býujet fonduň ulanylmagy we gurnalmagy bilen baglanyşykda milli girdejini gaýtadan paýlamak boýunça döwletiň ýuridiki hem fiziki şahslar bilen ýüze çykýan pul gatnaşyklary real, obýektiw şertlendirilen paýlanyşyk gatnaşyklarynyň bolmaklylygynyň ykdysady görnüşi bolup spesifik jemgyýet maksadyny - jemgyýetiň we onuň döwlet-territorial düzümleriniň talaplaryny kanagatlandyryp, býujet özbaşdak ykdysady kategoriýa hökmünde görülip bilner. Bu kategoriýa maliýaniň bir bölegi bolup, bütinlikde maliýeleri mahsus bolan häsiýetlere eýedir, şonuň bilen bir wagtda ony maliýe gatnaşyklaryň beýleki ugyrlaryndan we halkalaryndan tapawutlaýan häsiýetler hem oňa degişli. Aýratynlyklaryň hataryna aşakdakylar degişli:
- döwlet býujeti gaýtadan paýlanyşyk gatnaşyklarynyň aýratyn ykdysady görnüşi bolup durýar, bu görnüş bolsa döwlet ygtyýaryndaky milli girdejiniň böleginiň özbaşdaklygy we ony jemgyýetiň we onuň aýry territorial bölünşikleriniň talaplaryny kanagatlandyrmak maksatly ulanmak bilen baglanşykly;
- býujet arkaly milli girdejiniň halk hojalygynyň pudaklarynyň, ýurduň töwerekleriniň jemgyýetçilik işiniň ugurlarynyň arasyndaky gaýtadan paýlanşygy bolup geçýär;
- býujet paýlanyşygynyň ugry döwlet maliýesiniň düzüminde merkezi orna eýedir, bu bolsa onuň başga halkalardan tapawutlykda möhüm orny bilen şertlenendir.
Býujet mehanizmi býujet syýasatynyň real beýan etmesidir, ol býujet gatnaşyklarynyň ykdysady we durmuş meseleleri çözmeklige belli bir gönükdirilmegini görkezýär.
Býujet mehanizmi arkaly býujeti döwlet tarapyndan ykdysadyýetii sazlaşdyrmagynyň, önümçilik we durmuş

prosesleri höweslendirmegiň guraly hökmünde ulanyp bolar. Milli girdejiniň býujet gaýtadan paýlanyşygy arkaly jemgyýet önümçiliginiň düzümini kämilleşdirmek mümkin. Şu ýagdaýda döwlet ykdysadyýete täsir etmegiň gönümel we gytyklaýyn görnüşlerini - kärhanalara pul kömegini bermekligi, döwlet inwestisiýalaryny, býujet maliýeleşdirmegini ulanýar. Býujet mehanizminiň dogry düzülmeginiň ýagdaýynda, ol (býujet mehanizmi) ykdysadyýete we durmuş çägine, ymy-tehniki öňe gidişikleriň (progressiň) depginleriniň tizlenilmegine, jemgyýet önümçiliginiň maddy tehniki täzelenmegine we kärnilleşmegine real täsir edip bilýär.

Býujet mehanizmi döwletiň býujet syýasatynyň amala aşyrylmagynyň işjeň guraly bolup durýar. Ol barada pikiri ýurduň býujet fondunyň gurnalyşyny we býujet girdejileriň we çykdajylary boýunça ýöretmek mümkin. Býujetiň bilen halk hojalygynyň adresliligi, olaryň jemgyýet önümçiliginiň düzüm böleklerindäki işiň ýagdaýyna bolan barlag maksady bilen ulanylmagy üçin düýp döredýär.

**6.2.Býujet girdejileriniň ykdysady mazmuny.** Býujetiñ girdejileri döwletiñ kärhanalar, guramalar we raýatlar bilen ýurduñ býujet fondunyñ gurnalyşynyñ prosesinde ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklaryny görkezýär. Bu ykdysady gatnaşyklaryñ ýüze çykmagyñ formasy bolup döwlet býujetine bolan kärhanalaryñ, guramalaryñ we ilatyñ tölegleri çykyş edýär.

Häzirki döwürde döwlet býujetiniñ girdejileri salgyt tölegleriniñ esasynda gurulýar. Kärhanalaryñ býujet bilen özara gatnaşygy kanun tarapyndan sazlanýan hukuk esasyna geçdi. Salgytlaryñ ykdysady düýbi döwletiñ ýuridiki we fiziki şahslar bilen ýüze çykýan pul gatnaşyklary bilen häsiýetlenýär. Bu pul gatnaşyklary obýektiw taýdan şertlenendir we spesifik jemgyýetçilik maksada-döwletiñ ygtyýaryna pul serişdelerini toplamaklyga eýedir.Şol sebäpli salgyda iki funksiýa-fiskal we ykdysady funksiýalara eýe bolan ykdysady kategoriýa

hökmünde seredilip bilner. Fiskal funksiýasy arkaly pul fondy gurnalyp bilner. Ykdysady funksiýany amala aşyryp döwlet üznüksiz önümçilige täsir edýär, onuñ ösüşine ýardam edip ýa-da ony saklap, maýa goýumlarynyñ toplanylşyny çaltlaşdyryp ýa-da peseldip, halkyñ töleýiş ukybynyñ islegini giñeldip ýa-da kemeldip. Salgytlardan başga, býujetiñ girdejisiniñ fiskal ähmiýeti boýunça ikinji bolup döwlet karz pullary çykyş edýär. Olar diňe býujet zyýanyny ýapmaklyga ulanman, dürli düýpli çykdajylary üpjün etmeklige hem ulanylýar, esasanam ykdysadyýetiñ döwlet sektoryna bolan serişdeleriñ inwestirlenmegiñ bölegine.

Döwlet girdejileriniñ toplanylyşynda ýene-de bir usul hökmünde emissiýa çykyş edýär, özem dine kagyz puly bolman, kreditli hem bolup bilýär. Emissiýanyñ ulanylmagyna döwlet dine şeýle ýagdaýlarda geçip bilýär-eger salgyt we karz girdejileri ösüp barýan döwlet çykdajylaryny üzüp bilmeseler, maliýe bazarynda bolsa karz pullaryñ çykarylmagyna amatly däl ýagdaý emele gelýän bolsa.

**6.3.Döwlet býujetiniň çykdajylary.** Döwlet býujetiniñ çykdajylary-pul serişdeler fondunyñ paýlanylmagy we onuñ pudaga, maksada we-territorial bölünilmegi boýunça ulanylmagy bilen baglanyşykda ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklarydyr. Býujetiñ çykdajylarynda öz añlatmalaryny bir bitewi paýlanşyk prosesiniñ iki tarapy tapýar: býujet fondunyñ düzüm böleklerine bölünmegi we býujetden pul alýan maddy önümçiligiñ we önümçiliksiz çäginiñ kärhanalarynda, guramalarynda we edaralarynda maksada bellenen pul fondlaryñ emele gelmegi.

Býujet çykdajylarynyñ has ululary bolup halk hojalygynyñ maliýeleşdirilmegi bolup durýar. Ol döwlet meseleleriniñ has wajyplaryny we ulularyny çözmeklige çagySakdyr: ykdysadyýetiñ esasy pudaklarynyñ ösüşiniñ tiz depginleri bilen baglanşykly ileri tutulýan çäreleri maliýeleşdirmek, toplum maksatnamalaryñ amala aşyrylmagyny üpjün etmek; önümçilik

we pesräk durmuş infastrukturalaryny kämilleşdirmek üçin maliýe mümkinçiliklerini döretmek.
Býujet serişdeleriniñ ep-eslisi her ýyl durmuş - medeni çärelerini maliýeleşdirmäge gönükdirilýär. Olar döwlete halk magaryfynyñ ulgamyny ösdürmek üçin, medeniýeti maliýeleşdirmek üçin, ilatyñ medisina taýdan hyzmat edişlikde iň pes talaplaryny kanagatlandyrmak üçin, raýatlaryñ durmuş goranmagyny üpjün etmek üçin, olaryñ durmuş-medeni çärelerine bolan çykdajylary diňe durmuş ähmiýete eýe bolman, ykdysady ähmiýete hem eýedir.
Býujet serişdeleriniñ bir bölegini döwlet goranyşyga eltýär. Harby çykdajylary salgyt töleýjilere kän bir arzan düşenok. Goranyşyga bolan býujet çykdajylaryñ ululygyna ykdysadyýetiñ ösüşiniñ derejesi, onuñ maliýe mümkinçilikleri täsir edip bilýär. Dolandyryşa bolan býujetiñ çykdajylary döwlet tarapyndan hojalyk-gurama funksiýanyñ ýerine ýetirilmegi bilen şertlenendir we spesifik dolandyryş ugrunyñ bolmagy bilen baglanşyklydyr. Dolandyryşa bolan çykdajylar döwlet organlarynyñ işiniñ maddy-maliýe esasy (bazasy) bolup, olara ykdysadyýete ýolbaşçylyk etmäge mümkinçilik berýär. Dolandyryşa bolan býujet çykdajylary umumy dolandyryş fondunyñ bir bölegi bolup durýar. Ol fondlar kärhanalaryñ we guramalaryñ önüminiñ özüne düşýän gymmatynyñ dolandyryşyna çykdajylaryñ girizilmeginiñ roly bilen merkezleşdirilen däl tertipde hem gurnalyp bilýär.

**6.4.Býujet ýetmezçiligi we ony dolandyrmak.** Býujet zyýany - hökmany adatdan daşary ýa-da tapawutly ýagdaýlara degişli bolmadyk maliýe hadysasy. Häzirki zaman dünýäsinde öz taryhy döwürlerinde býujet zyýany bilen duşmadyk ýurt ýokdyr. Emma býujet zyýanynyñ hili dürli bolup biler:
a) býujet zyýany ykdysadyýetiñ ösüşine uly döwlet maýa goýumlaryny amala aşyrmaklygy bilen baglanşykly bolup ,biler. Bu ýagdaýda jemgyýetçilik proseseriniñ krizis gidişini şöhlelendirmoý-ärde, ykdysady ýagdaýlaryñ döwlet tarapyndan

sazlaşdyrylmagyny jemgyýet önümçiliginiñ düzüminde öñe gidişikli özgerişleri üpjün etmekligiñ çalyşmagyny görkezýär.
b) býujet adatdan daşary ýagdaýlarda (uruş, uly tebigy betbagtçylyklar we ş.m.), adaty rezerwleriñ ýetmezçilikli bolmagynyñ we aýry görnüşli çeşmeleri ulanmagynyñ ýagdaýynda ýüze çykýar;
c) býujet zyýany ykdysadyýetde krizis hadysalaryny, ykdysadyýetiñ dargamagyny, maliýe - kredit baglanşyklaryñ netijeliksizligini, hökümetiñ ýurtdaky maliýe ýagdaýyny gözegçilikde saklap bilmezligini şöhlelendirip bilýärj Bu ýagdaýda býujet zyýany dine howlukmaç we täsirli ykdysady çäreleriñ (ykdysadyýetiñ ýagdaýynyñ durnuklylygy boýunça, hojalygyñ maliýe taýdan düzgünleşdirmesi boýunça) kabul etmekligini talap etmän, degişli syýasy çözgütleri kabul etmekligini talap edýän, örän howply hadysadyr.
Býujet zyýany bilen göreşmekligiñ strategiýasyny işläp düzmekde aşakdakylara esaslanmak zerur:
1) Býujet zyýany - ykdysadyýet we maliýe üçin beladyr, emma ondan beter bela -bu dine matematiki amallar arkaly onuñ hyýaly düzedilmekligidir, sebäbi bu ýagdaýda ykdysadyýetiñ "bejerilmekliginiñ" deregine onuñ "keseki", has kyn düzedilýän gizlin formalara geçýär;
Býujetiñ balansyny we býujet girdejileriniñ çykdajylaryndan artyk bolmagyny sagdyn, hereketli ösýän ykdysadyýetiñ aýrylmaz bölegi hökmünde hasaplamaly däldiris. Dünýä tejribesi jemgyýetiñ ösüşiniñ döwürlerinde, her ýurtda bolan spesifik ýagdaýlarda býujet zyýanynyñ bolmaklygyny görkezýär Býujet zyýanynyñ ululygy, bu barada dünýä tejribesi hem görkezýär, tutuş milli önümiñ 2-3% kesgitlenýän çäkden geçmeli däldir. Şol çäkden geçen býujet zyýanynyñ bolmaklygy onuñ has tiz kemelmegine getirýän çäreleri amala aşyrmaklygyny talap edýär;
3) Býujet zyýanyny ýapmak üçin döwlet kreditiniñ dürli görnüşleri (hem içki hem daşky) ulanylyp bilner. Býujet zyýany dine maliýe bazarynda döwlet gymmat bahaly

kagyzlarynyñ ýerleşişi arkaly karz esasynda üzülip bilýär;

Býujet zyýanyny ýeñmek üçin ykdysadyýetiñ bejerilmegi zerur, sebäbi ösüşindäki hereketliginiñ we real täsirli netijeliginiñ bolmazlygyndan ýurduñ maliýe durnuklylygyny gazanmak mümkin däl, nähili öñe gidişik çäreler onda ulanylan hem bolsa.

Býujet zyýanynyñ kemelmegi boýunça geçirilýän belli bir çäreli maksatnamasyna bir tarapdan, döwletiñ býujet fonduna pul serişdeleriniñ gelmegini üpjün edýän, beýleki tarapdan bolsa - döwlet çykdajylarynyñ azaltmagyna eltýän çäreleri goşmaly we yzygiderli amala aşyrmaly. Bu ýere şular degişli:

- her býujet manadyndan bolan maliýe netijesini ep-esli galdyrmaklyk
maksady bilen halk hojalygynyñ pudaklaryna býujet serişdeleriniñ
inwestirlenmeginiñ ugurlarynyñ üýtgemegi;
- hojalygy alyp barmaklygyñ tapawutly şertlerini has doly hasaba almaklygyny mümkin edýän we jemgyýet önümçiliginiñ galmagyny höweslendirýän maliýe ýeñillikleriniñ we sanksiýalarynyñ has giñ ulanylmagy;
- döwlet ykdysadyýetiniñ we döwlet maliýeleşdirmeginiñ çäginiñ çalt kemelmegi;
- maliýeleşdirmegiñ dine wajyp durmuş maksatnamalarda saklanylyp galmagy we ş.m.

Mundan başgada, hünär tejribesine býujet zyýanyny kemeltmek üçin giñden daşary ýurt maýalaryny ulanmaga çagyrmaklygyñ ulanmagyny hasaba almak gerek. 01 arkaly bir wagtda birnäçe mesele çözülýär, özem dine fiskal häsiýetli dälde, hem ykdysady häsiýetli: maliýe goýumlarynyñ maliýeleşdirilmegine niýetlenen býujet çykdajylary azalýar, harytlaryñ we hyzmatlaryñ öndürilmeginiñ bazasy giñelýär, töleg balansynyñ ýagdaýy gowulaşýar.

# 7-NJI BAP:Döwletiň býujetden daşary ýörite fondlary.

## 7.1.Býujetden daşary fondlar barada düşünje we olaryñ manysy.
## 7.2.Býujetden daşary fondlaryñ görnüşleri.
## 7.3.Döwlet durmuş ätiýaçlandyrma fondy we pensiýa fondy.

**7.1.Býujetden daşary fondlar barada düşünje we olaryñ manysy.** Býujetden daşary fondlar umumy döwlet maliýe halkalarynyñ biri bolup çykyş edýärer. Türkmenistanda eýýäm döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy, pension fond we başgalar hereket edýär. Türkmenistanyñ saglygy saklaýyş fondunyñ döredilmegi barada karar kabul edildi. Býujetden daşary fondlar ykdysadyýetiñ öñünde duran önümçiligi galdyrmak, wagtlaýyn durnuksyzlygy, krizis ýagdaýlary ýeñip geçmek ýaly meseleleri çözmäge kömek berýär.

Umumy döwlet territorial ölçegindäki maliýe resurslarynyñ gurnalyşynyñ iň mälim görnüşi bolup döwlet we ýerli býujetler çykyş edýär. Emma faktorlaryñ topary başga görnüşiñ - býujetden daşary fondlaryñ bilelikde ulanylmagynyñ maksada laýyklygyny şertlendirýär.

Maliýe resurslaryñ çäkliligi, olaryñ gaýtadan paýlanylşynyñ zerurlygyna islendik wagtda getirip bilýär. Serişdeleriñ gaýtadan paýlanylşyna bolan zerurlyk ykdysadyýetiñ kyn maliýe ýagdaýynda düýpli ýokarlanýar. Döwlet býujeti girdejileriñ we çykdajylaryñ belli bir görnüşlerine berkidilmezligi arkaly köp mukdarda serişdeleriñ hereketliligine ýardam edýär. Emma çykdajylaryñ maddalary boýunça serişdeleriñ artyk akymyna ýol bermeli däldir. Hususan-da durmuş talaplar aýratyn alada mätäçdir, sebäbi hut şu maksatlara çykdajylaryñ kesilmeginiñ howpy hemme wagt bar. Şol sebäpli ösüşiñ has ýiti böleklerini kesgitlemeklik we gelýän serişdeleriniñ maksatly niýetlenilmegiň ulanylmagyny üpjün etmeklik örän wajypdyr.

Aýdylyp geçilen meseläniñ çözgüdi iki usul bilen gazanylyp

bilner:
-döwlet ýa-da ýerli býujetlerden belli bir maksatly böleginiñ bellenilip berilmegi;
- kanun çykaryjy organ tarapyndan kabul edilen karar boýunça belli bir maksatly täze býujetden daşary fonduñ emele gelmegi.
Býujetden daşary fondlaryñ emele gelmeginiñ maksada laýyklygyny şertlendirýän ähmiýeti az bolmadyk faktor hökmünde bjujetin zyýany hem çykyş edýär., Çykdajylaryñ girdejilerden köp bolmagy dine olary üzmeklige bolan goşmaça maliýe resurslaryny gözlemekligini talap etmän, belli bir çykdajylary ýapmaklyga bolan kärhanalardan, guramalardan, edaralardan we ilatdan gelýän serişdeleriñ gaýtadan topara bölünmegini talap edýär. Ahyr soñy, eýeçiligiñ we hojalygy alyp barmaklygyñ görnüşleriniñ köp dürlüligi, jemgyýetde pul serişdeleriniñ gaýtadan paýlanylşynyñ täze usullarynyñ ulanmaklygyna býujet usullary bilen birlikde getirer. Şeýlelik bilen, býujetden daşary fondlar - käbir jemgyýetçilik talaplaryny maliýeleşdirmek üçin döwlet tarapyndan ulanmaklyga niýetlenen we operatiw özbaşdaklygynyñ esasynda toplumlaýyn sarp edilýän maliýe resurslaryñ gaýtadan paýlanylşynyñ we ulanylşynyñ görnüşidir .
Maksada baglylykda býujetden daşary fondlar ysdysady we sosial fondlara, dolandyryşyñ derejesine laýyklykda - döwlet we regional fondlara bölünýärler. Býujetden,daşary fondlar arkaly aşakdakylar mümkindir:
- watan kärhanalary maliýeleşdirmek, subsidiýalamak, kreditlemek arkaly
önümçilik prosesine täsir etmek;
- tebigy goraýjy çäreleri üpjün etmek, olary ýörite kesgitlenen çeşmeler we töwerekdäki gurşawyñ hapalanmagy boýunça jerimeler arkaly maliýeleşdirip;
- posobiýalaryñ, pensiýalaryñ tölenilşi, durmuş infrastrukturany subsidiýalamak we maliýeleşdirmek arkaly ilata durmuş hyzmatlary bermek.

Býujetden daşary fondlaryñ emele gelmeginiñ çeşmeleri köp mukdarda olar arkaly amala aşyrylýan meseleleriñ häsiýeti we ululygy bilen kesgitlenilýär. Çeşmeleriñ dürlüligine we olaryñ ululygyna ýurduñ ykdysady we maliýe ýagdaýy täsir edýär. Şeýlelik bilen, býujetden daşary fondlarynyñ emele gelmeginiñ çeşmeleri hem hemişelik hem-de wagtlaýyn häsiýete eýedir. Olar döwletiñ territoriýasynda adrninistratiw-territorial birlikler boýunça tapawutlanyp dürli bolup bilýärler.

**7.2.Býujetden daşary fondlaryñ görnüşleri.** Maksada baglylykda býujetden daşary fondlar ykdysady we durmuş fondlara, dolandyryşyň derejesine laýyklykda - döwlet we sebitleýin fondlara bölünýärler. Býujetden daşary fondlar arkaly aşakdakylar mümkindir:

-Watan kärhanalary maliýeleşdirmek, subsidiýalamak, kreditlemek arkaly önümçiligiň prosesine täsir etmek;

-tebigy goraýjy çareleri üpjün etmek, olary ýörite kesgitlenen çeşmeler we töwerekdäki gurşawyň hapalanmagy boýunça jerimeler arkaly maliýeleşdirip;

-posobiýalaryň, pensiýalaryň tölenilşi, bütinlikde durmuş infrastrukturany subsidiýalamak we maliýeleşdirmek arkaly ilata durmuş hyzmatlary bermek.

Býujetden daşary fondlaryň hereket etmeginiň gurnalmagy - häkimiýetiň döwlet organlary - merkezi we ýerli organlarynyň ygtyýaryndadyr. Olaryň emele gelmeginiň we ulanylmagynyň tertibi degişli bolan kanun çykaryjylyk bilen reglamentirlenýär.

Býujetden daşary fondlaryň emele gelmeginiň çeşmeleri köp mukdarda olar arkaly amala aşyrylýan meseleleriň häsiýeti we ululygy bilen kesgitlenýär. Çeşmeleriň dürliligine we olaryň ululygyna ýurduň ykdysady we maliýe ýagdaýy täsir edýär. Şeýlelik bilen, býujetden daşary fondlarynyň emele gelmeginin çeşmeleri hem hemişelik hem-de wagtlaýyn hasiýete eýedir. Olar döwletiň territoriýasynda administratiw-teritorial birlikler boýunça tapawutlanyp dürli bolup bilýärler.

Býujetden daşary fondlaryna gelýän serişdeleriň sarp

edilmeginiň ugurlary fondlaryň maksatlary, belli bir ykdysady şertler we işläp düzülen hem amala aşyrylan maksatnamalaryň mazmuny arkaly şertlendirilýär. Serişdeleriň bir bölegi guramaçy işlerine gönükdirilýär, hem-de gymmat bahaly kagyzlaryna goýulýar. Býujetden daşary fondlar inwestor we maliýe bazarynyň gatnaşyjylary hökmünde çykyş edip bilýärler.Bu **birinjiden ,** käwagt pul serişdeleri ulanmaklygyň olaryň (pul serişdeleriň) emele geliş wagty bilen gabat gelmezligi, **ikinjiden** bolsa, maýa goýumlardan bolan girdejileriň degişli bolan fonduň çykdajylaryny maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmesi hökmünde çykyş etmegi bilen baglanyşykly.
Býujetden daşary fondlar öz işiniň esasy ugurlary boýunça salgytlary, döwlet we gümrük paçlaryny tölemekden boşdur.

**7.3.Döwlet durmuş ätiýaçlandyrma fondy we pensiýa fondy.** Zähmet prosesine gatnaşmaýan şahsyýetleriñ maddy taýdan üpjünçiliginiñ dürli görnüşleri degişli bolan durmuş üpjünçiligiñ fondlaryndan maliýeleşdirilýär.Olaryñ arasynda in esasy bolup döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyñ fondy çykyş edýär. Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyñ fondy hem territorial, hem-de pudak kesiminde paýlanýan umumy döwlet maksatly pul serişdeleriniñ merkezleşdirilen fondy. Ol eýeçiligiñ dürli görnüşli kärhanalaryñ we guramalaryñ hem-de telekeçilik işini alyp barýan şahsyýetleriñ serişdeleriniñ hökmany gatnaşmagy bilen amala aşyrylýan ätiýaçlandyrma usuly bilen döredilýär. Fonduñ emele gelmeginiñ çeşmeleri dürlidir. Olar bolup şular çykyş edýär: kärhanalaryñ we guramalaryñ ätiýaçlandyrma tölegi; döwlet býujetiniñ serişdeleri; durmuş ätiýaçlandyryşyñ ugry boýunça satylýan sanatoriýa putýowkadan gelýän girdejilerinden başga girdejiler. Kärhanalaryñ we guramalaryñ ätiýaçlandyryş ululygy goýulan göterimiñ işçileriñ we işgärleriñ is haky fonduna köpeldilmegi arkaly kesgitlenýär. Türkmenistanyñ Prezidentiniñ 1994-nji ýylyñ 14-nji ýanwaryndaky JNM645 kararyna laýyklykda

kärhanalar, guramalar we eýeçiligiñ hemme görnüşli edaralaryñ ätiýaçlandyryş töleglerininň tarifleri 30% ölçeginde goýulýan; daýhan birleşikler we oba hojalygyñ beýleki kärhanalary üçin 20% ölçeginde goýulýan, adwokatlar kollegiýasy üçin - 7%. Tarifleriñ ölçegi öñde görülen çykdajylary ýapmak üçin ýeterlik boljak girdejileri üpjün etmelidir.

Durmuş ätiýaçlandyrma boýunça tölegler-kärhanalar we guramalar tarapyndan ulanylýan we harçlarda görkezilýän zähmet resurslarynyñ üznüksiz önümçiligi çykdajylaryñ elementi bolup durýarlar. Kommersiýa başlangyjynda hereket boýunça çykdajylaryñ elementi edýän kärhanalarda önümiñ, işleriñ we hyzmatlaryñ özüne düşýän gymmatyna girizilýär we düşewünt arkaly öwezini dolýarlar.

Durmuş ätiýaçlandyrma fondunyñ serişdeleri dürli posobiýalarynyñ tölenilşine (wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyga, göwrelik we çaga dogurma boýunça, az derejede üpjün edilen, köp çagaly maşgalalaryñ çagalaryna bolan), zähmetkeşlere sanatoriýa-kurort taýdan hyzmat etmekligiñ maliýeleşdirmegine, zähmetkeşleriñ bähbidini goramaklyga gönükdirilen kärdeşler arkalaşygynyñ işini maddy taýdan üpjünçiligine sarp edilýär.Bu fonduñ çykdajylarynyñ esasy bölegi posobiýalaryñ tölenilşine düşýär.

Häzirki döwür kanun çykaryjylygyna laýyklykda pensiýalaryñ we ş.m. tölegleriñ
tölenilşi pension fondunyñ resurslary arkaly amala aşyrylýar. Onuñ esasynda pension
üpjünçiligi durmuş ätiýaçlandyrmanyñ umumy ulgamynda özbaşdak gurama hökmünde hereket edýär.

Pension fondy - pension üpjünçiliginiñ maliýeleri- döwlet dolandyryş organy, serişdeleri döwlet býujetine girmeýän özbaşdak maliýe-bank ulgamy.Pension fondyñ we döwlet býujetiniñ arasyndaky özara gatnaşyklarynyñ tapawutlylygy bolup hususy resurslaryñ köp mukdarlylygy we merkezleşdirilen mukdarly dotasiýalary almazlyk çykyş edýär.

Ýörite pension wznoslary durmuş ätiýaçlandyrmanyñ çäginde hususy maksatly girdejiler we serişdeler bilen garyşman, pension fondunda ýygnalýarar.
Pension fonduñ esasy meseleleri bolup aşakdakylar çykyş edýär:
- pensiýalaryñ we çagalara bolan posobiýalaryñ tölenilşine serişdeleriñ maksatly ýygnalmagy, toplanmagy hem-de olaryñ maliýeleşdirilmegininñ gurnalşy.
- Öz-özüñi maliýeleşdirmegiñ we kommersiýa işiniñ ýörelgeleriniň esasynda fonduñ serişdeleriniñ giñişleýin üznüksiz önümçiligi.
Pension fondunyñ serişdeleri aşakdaky emele getiriş çeşmelerine eýe bolan öz býujetinde toplanýarlar:
- ulanylýan eýeçiligiñ we hojalygy alyp barmagyñ görnüşlerine garamazdan is berijileriñ - kärhanalaryñ, guramalaryñ, edaralaryñ ätiýaçlandyrma wznoslary;
- hususy zähmet işini alyp barýan raýatlaryñ, şol sanda fermerleriñ we adwokatlaryñ ätiýaçlandyrma wznosy;
- raýatlaryñ hökmany ätiýaçlandyrma wznoslary;
- merkezleşdirilen býujetiñ harby gullukçylara we olara durmuş taýdan üpjün etmeklik boýunça deñeşdirilen raýatlara döwlet pensiýalaryny we posobiýalaryny tölemeklige, durmuşyñ gymmatynyñ indeksiniñ we is hakynyñ ösüşiniñ üýtgemegi bilen beglanyşykda pensiýalaryñ, hem-de hereket edýän kanun çykaryjylyk tarapyndan bellenilen posobiýalaryñ ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen serişdeler;
- raýatlaryñ, kärhanalaryñ we jemgyýetçilik guramalarynyñ meýletin wznoslary;
- kommersiýa maliýe-kredit operasiýalaryndan bolan girdejiler.

Turmenistanda pension fonduna kärhanalaryñ we guramalaryñ wznosynyñ ölçegi *2%.* Ätiýaçlandyrma tarify zähmet tölegi fondundan prosent boýunça bellenilýär. Zähmetiñ tölenilşine bir gezeklik häsiýetli ulanylmadyk rugsat boýunça kompensasiýa, işden boşadylmadygyndaky çykyş

posobiýasy, maddy kömek we ş.m.) işgärleriñ gazançlaryndan başgasy girýär.Tarifleriñ esasynda kesgitlenen maksatly pension wzrioslar önümleriň, işleriň we hyzmatlaryň özüne düşýän gymmatyna girýärler.

pension fonduň serişdeleriniň ulanylmagynyň esasy ugurlary şulardyr:

türkmenistanda hereket edýän kanun çykaryjylyga laýyklykda pensiýalaryň tölenilşi (ýaş we maýyplyk boýunça, ekleýjini ýitirmek boýunça, köp wagt gulluk edeni üçin);

1,5 ýaşdan uly bolan çagany ekleýänligi üçin posobiýanyň tölenilşi;

garry we zähmete ukypsyz raýatlara mady kömegini bermeklik;

durmuşyň gymmatynyň indeksiniň we iş hakynyň ösüşinn üýtgemegi bilen baglanyşykda pensiýalaryň galmagy;

- häzirki işiň maliýeleşdirilmegi, dolandyryşyň organlarynýn saklanylmagy, fondyň maddy-tehniki bazasynyň ösüşi;
- pension fonduň işi bilen baglanyşykly başga çäreler.

Pension fondunyň dolandyryş organlary bolup: dolandyryş, ýerine ýetiriji direksiýa, welaýatdaky, şaherlerdäki, etraplardaky filialy, barlag komissiýasy. dolandyryş fonduň işine operatiw-metodik ýolbaşçylyk edýär, döwlet, jemgyýet, daşary ýurt we halkara guramalar we edaralar bilen özara gatnaşyklarda oňa wekilçilik edýär.

Pension fondunyň býujetiniň taslamasy emele geliş çeşmeler boýunça Türkmenistanyň ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň gatnaşmagynda ýerine ýetiriji direksiýa tarapyndan işläp düzülýär we pension fonduň dolandyrmasy tarapyndan tassyklanýar. Serişdeleriň sarp edilmegi göz öňünde tutulan ugurlar boýunça amala aşyrylýar we funduň dolandyrmasy tarapyndan tassyklanýar.

## 8-NJI BAP:. Karzyñ zerurlygy we manysy.
## 8.1.Karzyñ zerurlygy.
## 8.2. Karzyñ manysy.
## 8.3.Karzyñ manysynda dürli garaýyşlara häsiýetnama.

Kredit (latyn sözi bolup türkmençä terjime edilende - karz, bergi manylaryny añladýar) bu çylşyrymly ykdysady kategoriýalaryñ biridir. Haryt - pul gatnaşyklarynyñ emele gelmegi we ösmegi karzyýektiw zemrlygyny ýüze çykardy.
Karzyñ emele gelmeginiñ umumy ykdysady sebäbi haryt önümçiligidir . Karzyñ ähmiýeti gymmatyñ yzynagaýtarylyp öwezini dolmak hereketinden gelip çykýar. Karz gatnaşyklary önümçilik prosesinde emele gelmeýärler, olar dine bu prosessa ol ýa-da beýleki görnüşde araçyllyk edýärler. Karzyñ hereket etmeginiñ obýektiw esasy bolup gymmatyñ haryt alyş-çalyş gurşawyndaky hereketi çykyş edýär. Şunlukda karz gatnaşyklarynyñ ýüze çykmak mümkinçiligi alyş-çalyş ©kwiwalentliligine gös-göni baglydyr.
Karz geleşiginiñ aýratynlygy, onuñ ilkibaşky şertleriniñ nähilidigine garamazdan onuñ tamamlaýjy döwrüniñ pul gömüşinde amala aşyrylýanlygydyr. Şeýlelik bilen, karzyñ haýsy görnüşde - pul ýa-da haryt berilýänligine garamazdan ol pul tebigatyna eýedir. Bu aýratyn nusgalaryñ alyş-çalyşyñ ösmegi bilen aýrybaşgalaşan pul gatnaşyklarydyr.
Karz gatnaşyklarynyñ emele gelmeginiñ we hereket etmeginiñ obýektiw esasy bilen bir hatarda onuñ aýratyn sebäpleri hem bardyr. Olar üznüksiz önümçilik prosesini üpjün etmeklik zemrlygy bilen, has takygy, jemi milli önümiñ hereketiniñ dowamynda gymmat görnüşiniñ üznüksiz çalyşýandygy bilen baglydyr. Gymmatyñ üznüksiz önümçilik prosesindäki hereketi öñi bilen önümçilik gaznalarynyñ dolanyşygynda we aýlanyşygynda döwlet kärhanalarynyñ dolanşyk gaznalarynda paýdarlar jemgyýetleriñ maýalarynyñ dolanyşygynda, hususy firmalarda jemlenýärler, obýektiw kanunalaýyklyklar bilen häsiýetlendirilýärler. Hususanda karzlaryñ hereket etmegine

mümkinçilik döredýän kanunalaýyklygy bolup wagytlaýyn boşdeleriniñ we olara bolan wagtlaýyn islegiñ çykmagydyr. Önümçilik gaznalarynyñ her bir kesgitlenen wagtda pul, öndürijiligi we haryt gömüşlerde çykyş edýänligi mälimdir. Gaznalaryñ gymmatynyñ krediti-onuñ bir fimksional görnüşinden beýleki funksional görnüşe yzygiderli geçýänligini añladýar. Her bir kärhanada önüm öndürmekligiñ guramaçylyk tehniki häsiýetiniñ dürli-dürliligine, gaznalaryñ dolanşygynyñ we aýlanyşygynyñ özbaşdak häsiýetine baglylykda ýokarda agzalan ýagdaýa gyradeñdällik obýektiw mahsusdyr. Gyradeñdälligiñ ýüze çykmagyna pul serişdeleriniñ esasy we dolanyşyk gaznalarynyñ hereketinde emele gelýän iki taraplaýyn akymlary sebäp bolýar.

Esasy gaznalaryñ dolanyşygynyñ üýtgeşmeleri esasy gaznalary täzelemek üçin sarp edilýän uly möçberdäki çykdajylarynyñ kem-kemden dikeldilýän häsiýeti bilen şertlendirilýär. Netijede kärhanalarda önümçiligiñ ösüş gaznasyna serişdeleriñ

wagtlaýyn artykmaçlyk edişi ýaly tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyryş we önümçilik gurluşygyna niýetlenen goşmaça pul serişdelerine islegiň döremegi mümkin.

Dolanşyk gaznalarynyň gyradeňsizligi dolanşyk serişdelerine bolan hakyky islegiň olaryň kadadan üýtgeýänliginden gelip çykýar. Kadalar kärhana zerur bolan hususy pul serişdeleriniň in pes derejesini kesgitleýäler. Dolanşyk serişdelerine bolan isleg her-bir kärhana üçin aýratyn bolan köp sanly ýagdaýlara baglydyr: önümçiligiň möwsümleýin häsiýeti, sarp edilýän çig malyň we öndürilýän önümiň häsiýeti, is döwrüniň dowamlylygy, önümçilik wagty bilen önümň dolanşyk wagtynyň arasyndaky gatnaşyk bahalaryň derejesi we ş.m. Hususy aýlanyşyk serişdeleriniň kadasy bir görnüşe getiriler, ortaçalanan häsiýete eýedir. Kärhananyň dolanşyk gaznalarynyň hereketiniň özbaşdaklygy olara bolan islegiň olaryň hakyky barlygyna deň gelmezlik mümkinçiligini döredýändigi düşnüklidir. Şeýlelikde, dolanşyk serişdeleriniň wagtlaýyn artykmaçlygynyň şeýle hem goşmaça pul serişdeleriniň zörurlygynyň emele gelmegi mümkin.

Ýokardaky ýagdaýlar daýhan birleşikleriniň pul serişdeleriniň hereketine,
paýdarlar jemgyýetleriniň we hususy firmalaryň maýalarynyň dolanşygyna
mähsusdyr. Ilatyň girdejileri we süýşirintgileri döwletiň pul toplumlary karz
edaralarynyň hususy serişdeleri wagtlaýyn boş bolup bilerdi; şol bir wagtyň özünde
goşmaça pul serişdelerine islegiň ýüze çykmagy hem mümkin. Bulardan başga-da
býujet guramalarynyň hasapnamalaryndaky galyndylar ulanylýança wagtlaýyn boş
bolýarlar

Hojalyk subýektleriniň serişdeleriniň dolanşygynyň we aýlanyşygynyň, özbaşdaklygy bir bitewi üznüksiz önümçilik prosesiniň çäklerinde bir-biri bileň baglanyşyklydyr. Netijede,

bir hojalyklaryñ serişdeleriniñ ýetmezçiligini başga bir hojalyklaryñ serişdeleri bilen dolanyşyk mümkinçiligi döreýär. Sebäbi subýektleriñ boş pullarynyñ emele gelmegi wagty we mukdary boýunça biri-birine gabat gelmeýärler. Wagtlaýyn boş pul serişdeleriniñ ýygnalmagy we olaryñ gaýtadan paýlanmagy karzyñ kömegi bilen amala aşyrylýar. Şeýlelik bilen serişdeleriñ wagtlaýyn ulanylman galmagy bilen ony netijeli peýdalanmak zerurlygynyñ arasyndaky garşylyk aýrylýar.

Şeýlelikde hojalyk subýektleriniñ serişdeleriniñ dolanyşyk aýratynlyklary we olaryñ jemgyýetçilik üznüksiz önümçiligiñ barşyndaky arabaglanyşygy karz gatnaşyklarynyñ ýüze çykmak mümkinçiligini döredýär. Bu mümkinçiligi durmuşa geçirmek üçin birnäçe ykdysady-hukuk şertleri zerurdyr.

Birinjiden karz geleşiginiñ öz tebigaty kesekiniñ eýeçiligini wagtlaýyn ulanmaklyga esaslanyp, oña gatnaşyjylaryñ üstlerine alan borçnamalarynyñ maddy jogapkärçiliginiñ zerurlygyny şertlendirýär. Bu dine hojalyk subýektleriniñ serişdeleriniñ dolanşygynyñ jemgyýetiñ serişdeleriniñ dolanyşygyndan aýrybaşgalanan ýagdaýynda mümkindir.

Ýagny karz gatnaşyklaryna girýan kärhanalar, guramalar, edaralar özlerinde bar bolan emläkleriñ eýeleri ýa-da emläkden peýdalanmak hukuklaryna eye bolmalydyrlar. Şeýlelik bilen karz geleşigme gatnaşyjylar hukuk taýdan özbaşdak tarap bolup hojalyk ýa-da täjirçilik hasaplaşygynda bolmalydyrlar. Hukuk ýeten durnukly kepillendirilen girdeji çeşmeleri bolan fiziki taraplar karz gatnaşyklarynyñ subýektden bolup bilýarler.

Ikinjiden karz berýän bilen karz alýanyñ ykdysady bähbitleriniñ gabat gelmegi karzyñ ýüze çykmagynyñ esasy şertleriniñ biridir. Karz beriji karz bermäge höwesli bolmaly, alyjy bolsa karzy almaga. Karzy ulanmaklyga höwes öz-özünden döremeýär. Karzyñ üpjünçiligini, möhletini, göterimiñ ululygyny ylalaşmaklyk aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Karzyñ merkezden meýilleşdirilen döwründe, karz amallary ýokarda durýan guramalaryñ görkezilen esasynda amala aşyrylýardy. Bazar gatnaşyklaryna geçmeklik bilen hojalyk birlikleriñ we

banklaryñ özbaşdaklygy giñelýär, karza bolan ikitaraplaýyn höweslenmäniñ ähmiýeti artýar, özi hem höwesleriñ gabat gelmegi netijesinde taraplar has uly bähbide eye bolýarlar.

Şeýlelik bilen karzyñ emele gelmeginiñ esasynda birnäçe umumy we aýratyn sebäpler we şertler ýatry. Karz gatnaşyklary wagtlaýyn boş serişdeleriñ emele gelmeginiñ we olara wagtlaýyn islegiñ döremeginiñ bir bütewiligini añladýarlar. Karz 'gatnaşyklary jemi milli önümiñ wezipeleýin görnüşiniñ çalyşmagynyñ araçyly bolup onuñ üznüksiz hereketini üpjün edýärler, şeýle hem jemgyýetçilik ykdysady gatnaşyklarynyñ obýektiw zerur bölegine öwrülýärler.

. Haryt-pul gatnaşyklarynyñ in ösen görnüşleriniñ bin bolmak bilen karz çylşýrymly mana eýdir. Şonuñ üçin onuñ seljermesi ähli häsiýetnamalary özünde jemläp onuñ bitewiligini añlatmalydyr.

Ykdysady hadysalara ýüzleý garanyñda karz pul ýa-da haryt görnüşde maddy gymmatlyklaryñ wagtlaýyn ulanylmaga berilmegi hökmünde çykyş edýär. Şunlukda karz gatnaşyklary karz geleşikleriniñ anyk görnüşinde ýüze çykýärlar, olaryñ görnüşleri we şertleri özüniñ köp dürliligi bilen tapawutlanýarlar. Karzyñ manysy bolsa hemişe durnuklydyr we gelip çykyşynyñ aýratynlygyna garamazdan üýtgewsizdir, mydama ykdysady gatnaşyklara bolan sypatlary özünde jemleýär.

Ykdysady kategoriýa hökmünde karz aýratyn ykdysady gatnaşyklaryñ jemini añladýar. Olaryñ aýratyn görnüşde aýrybaşgalanmagy bu gatnaşyklaryñ subýektleriniñ we obýektleriniñ aýratynlyklarynyñ esasynda bolup geçýär. Şu nukdaý nazardan karz karzy berijiniñ we karz alyjynyn arasyndaky gymmatyñ yzyna gaýtarylýan hereketiniñ gatnaşyklary hökmünde häsiýetlendirip bolar.

Öñ belleşimiz ýaly, karz gatnaşyklarynyñ subýektleri bolup hukuk taýdan özbaşdak hojalyk birlikleri we kämil, zähnete ukyply fiziki taraplar çykyş edýärler. Ýöne bu subýektler şol bir wagtyñ özünde üznüksiz önümçiligiñ barşynda beýleki

köpdürli gatnaşyklara hem girýärler. Karz gatnaşygynyñ düzümininñ aýratynlygy onuñ subýektleriniñ hemişe karz beriji we karz alyjy hökmünde çykyş edýanligindedir we özlerine mahsus sypatlara eýedirler.
Hojalyk işine gatnaşyjylaryñ karz beriji we karz alyjy hökmünde çykyş etmekligi öñi bilen haryt dolanyşygynyñ alyş-çalyş gatnaşyklarynyñ ösmegi bilen şertlenendir. Alyş-çalyşyñ barşynda harydyñ hereketi bilen onuñ pul ekwiwalentini (barabarlygynyñ) arasyndaky wagtlaýyn üzñeligiñ şertleri emele gelýär. Şunlukda karz berijiniñ, karz alyjynyn ýüze çykmagy harydyñ ugradylan wagty bilen onuñ töleg wagtynyñ gabat gelmeýänliginden däl-de eýsem tölegiñ gijikdirilmegi baradaky ylalaşykdandyr, ýagny karz geleşigininñ baglaşylmagyndandyr. Ýöne, harytlaryñ dolanyşygy karzyñ subýektleriniñ ýüze çykmagynyñ ýeke täk esasy däkrir. Häzirki zaman şertlerinde haýsydyr bir tarapyñ bergidarlygyny emele getirýän ykdysady ýa-da maliýe amaly karz berijini we karz alyjyny döredip biler.
**Karz beriji** - karz gatnaşyklarynyñ subýektidir, ol gymmaty wagtlaýyn ulanmaga berýär. Karz bermekligiñ çeşmeleri bolup karz berijiniñ hususy serişdeleri şeýle hem karz alnan serişdeler çykyş edýärler. Alyş-çalyş gatnaşyklarynyñ we oña degişlilikde karz gatnaşyklarynyñ ösmegi kesgitlenen döwürde karz berijilik wezipeleriniñ ýöriteleşen maliýe institutlarynda - banklarda jemlenmegine getirdi. Banklarda bir topar karz berijileriñ ornuny eýelemek bilen, olaryñ wagtlaýyn boş serişdeleri banklar tarapyndan jemlenilýär. Banklar hususy serişdelerini şeýle hem daşyndan çekilen dolanşyga göýberilen (emitirlenen) serişdeleri karz berip bilýärler. Emma, wagtlaýyn boş serişdelere eýeçilik etmek karz berijiniñ hökmany alamaty däldir. 01 üznüksiz önümçilik prosesinde gatnaşýan gymmaty karzyna berip bilýär, täjirçilik karzynda bolşy ýaly. Bu ýagdaýda ýerleşdirmek üçin niýetlenen harytlar karzyna berilýär.

Häzirki wagtda banklardan başgada karz berijiler

hökmünde kärhanalar, paýdarlar ätiýaçlandyryş we goýum goýýan kompaniýalar nepaga we maýa goýum gaznalary, fiziki taraplar, döwletler w ş.m. çykyş edýärler. Karz bermekligiñ esasy maksady karz göterimi görnüşinde peýda alnandyr. Şuña baglylykda karz beriji karzyna berilýän serişdeleri netijeli peýdalanmagyñ tarapdarydyr. Mundan başga-da karzyñ öndürijilikli ulanylmagy onuñ gaýtarylyp berilmegini kepillendirýär. Şeýlelik bilen karz beriji tarapyndan wagtlaýyn boş serişdeleri bir ýere jemlemek onuñ ykdysady bähbitlerini göz öñünde tutýar we öndürijilikli häsiýete eye bolýar. Bazar hojalygy şertlerinde bu karz bermekligiñ karz maýasy görnüşinde çykyş edýänligini añladýar. Eger-de karzyna alnan serişdeler karz alyjy tarapyndan önümçilik <5äl maksatlara ulanylsa, karz bermek görnüşine eye bolýar.

Karz alyjy - karz gatnaşygynyñ subýekti, ol karz alyjydyr. Karz alyjylar bolup hususy serişdeleri ýetmezçilik edýän ýuridiki we fiziki taraplar - döwlet kärhanalary paýdarlar jemgyýetler, hususy firmalar, banklar, döwlet, raýatlar we ş.m. bolup bilýärler. Ýöne karz alyjy hökmünde karz gatnaşygyna girmek üçin karz almaklyga dine bir isleg ýeterlik däldir. Karz alyjy karz serişdeleriniñ möhleti dolandan son gaýtaryp bermekligiñ ykdysady we ýuridiki kepilnamasyny bermekdir. Şeýle kepilnama bolup, mysal üçin karzy üpjün edýän girewne zat goýmak, karz alyjynyñ tölege ukypsyz bolan ýagdaýynda bergini üzmeklik baradaky borçnamany uly banklaryñ öz üstüne almaklygy we başgalar çykyş edýärler.

Karz alyjynyñ karz geleşigindäki ykdysady roly we orny karz berijiniñ rolyndan we ornyndan tapawutlanýandyr. Öni bilen karz alyjy özüne berilen karz serişdeleriniñ eýesi bolup bilmeýär, ol dine özüne berilen wagtlaýyn eýeçilikden peýdalanýar. Mälim bolşy ýaly, häzirki zaman karz berijiler - banklar karz bermek üçin köpelnç daşyndan çekilen serişdelerden peýdalanýarlar. Şonuñ bilen birlikde serişdeleriñ bir bölegi olaryñ öz eýeçiligidir, şeýle hem banklar belli bir möçberde karz serişdelerini döretmäge ukyplydyrlar.

Karz berijiniñ we karz alyjynyñ üznüksiz önümçilikdäki olaryñ ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça tapawutlandyrylýar. Karz beriji alyş - çalyş gurşawyndaky boş serişdeleri jemleýär we karzy ýerleşdirýär. Karz alyjy düzgün bolşy ýäly, alan serişdelerini dolanşykda hem-de önümçilikde ulanýar.
Karz alyjy alan serişdelerini peýdalananlygy üçin karz göterimini töläp yzyna gaýtarmaga borçlydyr. Munuñ üçin ol üznüksiz önümçiligiñ barşyny karzyñ netijeli ulanmaklygyny üpjün edip, şertnamada görkezilen möhletde karzy yzyna gaýtaryp biler ýaly edip guramalydyr.
Önümçiligiñ üznüksizligini üpjün etmek üçin karzyñ obýektiw zerurlygy we karzy benjiniñ karzyna berilýän serişdeleriñ eýeçilik hukugynyñ saklanmagy karz alyjynyñ karz berijiden ykdysady taýdan garaşlylygyny kesgitleýär. Ykdysadyýetiñ häzirki zaman ösüş depgininde bu garaşlylyk durnukly, hemiäsiýete eýedir we karz alyjynyñ karzy gaýtarmak hem-de göterim tölemek baradaky borçnamalaryny gürrüñsiz ýerine ýetirmekliginiñ zerurlygyny kesgitleýär. Tersine bolan ýagdaýynda ol karz benjiniñ öñünde islenilmeýän hyzmatdaşa öwrülýär we karz aljak bolanda birnäçe kynçylyklara sezewar bolýar. Ýokarda görkezilen garaşlylyk şol bir wagtyñ özünde karz alyjynyñ ähmiýetini karz berijiniñkiden peseltmeýär. Olar karz geleşiginiñ deñhukukly taraplary bolup çykyş edýärler, karz gatnaşyklarynyñ ýüze çykmagy olaryñ maksatlarynyñ we bähbitleriniñ deñ derejede gabat gelmegine baglydyr.
Karz gatnaşyklarynyñ çäklerinde hojalyk subýektleri öz ykdysady ornyny çalyşyp bilýäler: karz beriji karz alyja, karz alyjy karz berijä öwrülip bilýärler. Haryt pttl gatnaşyklarynyñ häzirki zaman ösüş derejesine subýektleriñ şol bir wagtyñ özünde hem karz beriji hem karz alyjy bolup çykyş etmekleri häsiýetlidir. Mysal üçin banklar hem karz beriji hem karz alyjy bolup bilýärler.

Karz geleşiginiñ obýekti bolup karz berilýän gymmat çykyş edýär. Onuñ aýratyn gymmat görnüşinde aýrabaşgalanmagy öñi bilen onuñ hereketiniñ hasiýetinp

baglydyr: karz berijiden karz alyja we soňundan karz alyjydan karz berijä tarap hereket edýär. Karz alyjynyň alnan gymmaty gaýtaryp bermekligi karz berijiniň berilen karza eýeçilik hukugynyň saklanýanlygy bilen kesgitlenilýär, gaýtaryp bermeklik üpjünçiligi bolsa karz alyjynyň hojalygynda karza berilen gymmatyň peýdalanylýandygyndan gelip çykýar.
Karzyna berilýän gymmatyň yzyna gaýtarylmak häsiýeti onuň hereketiniň ähli döwürlerinde saklanylýar. Karz gatnaşyklary gymmat gatnaşyklary bolup karz beriji bilen karz alyjynyň arasyndaky özara gatnaşygyň ekwiwalentligini şertlendirýär. Bu karz alyjynyň karzy üznüksiz önümçilikde ulanyp, karz berijä karzyna alan gymmatynyň ululygyndaky gymmaty gaýtaryp berilmegidir. Tejribede karzyň häsiýetli tarapy bolan gymmatyň saklanmagy mydama bolup durmaýar. Onuň sebäpleri karz alyja bagly bolşy ýaly umumy ykdysady häsiýeti hem bolup biler. Umumy ykdysady sebäpleriň biri pulyň hümmetsizlenmegi bolup, onuň netijesinde karzyň nominal möçberde yzyna gaýtarylmagy gymmat ekwiwalentligi üpjün etmeýär, pulyň satyn alyjylyk ukyby peselýär. Bu ýagdaýda gymmatyň saklanmak wezipesini karz göterimi ýerine ýetirmelidir.

Karzyna berilýän gymmatyň hereketiniň yzyna gaýtarylmak häsiýetinden başga hem, karz gatnaşyklarynyň obýekti hökmünde munyň aýratyn sypatlary bardyr. Öňi bilen ol wagtlaýyn hereket etmeýän, ýerleşdirilmeýän gymmatdyr, ol karz gatnaşyklaryna aralaşmasa üznüksiz önümçiligiň haýallamagyna we jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliliginiň peselmegine sebä bolardy. Karzyna berilýän gymmat karz alyja geçirilen obýekte öwrülýär we täze eýesiniň hojalyk işinde hereketini dowam etdirýär. Karzyna berilýän gymmat önümçiligiň üznüksizligini üpjün edýän häsiýete eýedir we şonuň esasynda üznüksiz önümçiligiň barşyny tizleşdirýär. Onuň bu häsiýeti karzy ulanmaklyk bilen hususy serişdeleriň takyklanmagyna bolan islegi peseldip bolýanlygyndan we üznüksiz önümçilik tapgyrynyň täzelenýändiginde hem-de

dowam edýänlginden gelip çykýar.

Karzyna berilen gymmatyñ häsiýetli taraplarynýn biri hem onuñ öñünden tölenilmegidir. Haçanda gymmaty ulanmaklyk (girdeji almaklygy göz öñünde tutýan bolsa onda gymmatyñ öñünden tölenilmegi bolup geçäýr. Karz dine bir hususy serişdeleriñ ýetmezçiliginiñ üstüni dolmak maksady bilen alynman eýsem karz berilýän gymmaty ulanmakdan girdeji ýapmak hem göz öñünde tutulýar. Şeýlelik bilen karz girdejileriñ emele gelmegini esaslandyrýar. Karz alyjy ol girdejileri karzy ulanmaklygyñ netijesinde alyp bilýär. Hakujy karz häsiýete eýedir, ýagny karzyna berilýän gymmatyñ aýratynlygyny emele getirýär. Şol bir wagtyñ özünde ýerini dolmak karz geleşiklerinde karzyna berilýän gymmat hak ujy häsiýetinde bolmaýar, *wt* karz alyjynyñ hususy serişdeleriniñ üstüni örtmek üçin ulanylýar.

Ykdysady edebiýatda karz gatnaşyklarynyñ obýekti babatynda çekişmeler dowam edýär, onuñ sebäbi häzirkizaman pullarynyñ tebigatynyñ meseleleriniñ çözülmänliginden gelip çykýär. Ykdysadyýetçileriñ bir topary gymmatyñ karzyna berilmegi dine altyn pullaryñ hereket edýän şertlerinde mümkindir diýip hasap edýärler, häzirkizaman şertlerinde bolsa - dine karzyñ haryt görnüşi ulanylýar diýip aýdýarlar. Haçanda serişdeler pul görnüşinde karz berilende karzyna berilýän gymmat däl-de eýsem gymmatyñ formasy görnüşinde çykyş edýär, sebäbi häzirki zaman pullar hususy gymmata eye däldirler we altynyñ gymmatynyñ pul wekilj, bolup çykyş edýärler. Şeýlelikde ykdysadçylar karzyñ hereketini gymmatyñ görnüşiniñ hereketi hökmünde däl-de, eýsem onuñ görnüşiniñ ýeriniñ üýtgedilmegi hökmünde suratlandyrýarlar. Ýerini üýtgedýän gymmat hökmünde karz pula satyn alnan çig mal, materiallar we ş.m. çykyş edýärler. Karz gatnaşyklarynyñ obýektine ýokardaky ýaly baha berlende emission we täjirçilik banklarynyñ karzlarynyñ aratapawudy ýitýär.

Netijede karzyñ her bir düzümleýin böleginiñ manysy özboluşlylygy bilen tapawutlanýar we karz gatnaşyklarynyñ

aýratynlygyny añladýar. Ýöne karzyñ subýektleriniñ birini ýa-da obýektini seljermek entek karzyñ mazmunyny kesgitlemek üçin ýeterlik däldir.

Karzyñ ykdysady kategoriýa hökmünde düýp manysyny dine onuñ ähli düzüm böleklerini bütewilikde häsiýetlendirip añlatmak bolar. Bu ýagdaýa kembaha garamaklyk tejribede ýaramaz hadysalara eltýär. Karzyñ haýsy hem bolsa bir düzüm bölegine ünsi güýçlendirmek döwletiñ karz syýasatynyñ esaslandyrylan maksatlaryny ýoýar.

Ýokarda bellenilişi ýaly, karzyna berilýän gymmat öz aýratynlygyny hereketinde ýüze çykarýar. Karz gatnaşyklarynyñ aýrylmaz alamaty bolan karzyna berilen gymmatyñ hereketi dine onuñ özüne mahsus bolan özboluşlylygy bilen hasiýetlendirilýär. Onuñ tejribede mydama ýerine ýetirilýäñ yzygiderliligi aşakdaky döwürler bilen görkezilýär: serişdeleriñ jemlenmegi; karzy ýerleşdirmek; karz alyjynyñ karzy almaklygy; serişdeleriñ ulanylmagy; karz alyjynyñ serişdeleriniñ
boşamagy; karzyna alnan serişdeleriñ yzyna gaýtarylmagy; karz berijiniñ karzyna berilen gymmaty (we karz göterimini) almagy.

Karzyna berilen gymmatyñ hereketiniñ döwürleriniñ bölünişi ýeterlik derejede şertlidir, sebäbi karzyñ hereketi öz manysy boýunça bir bitewi häsiýete eýedir. Ýöne karzyñ hereketiniñ yzygiderliligini gözden geçirmeklik onuñ düýp manysynyñ doly häsiýetlendirilmegi üçin zerurdyr, sebäbi karzyna berilýän gymmatyñ dine bir ýä-da birnäçe döwrüni karza degişli edýän nukdaý nazarlar bar (mysal üçin dine karzyñ ýerleşdirilmegini dine karzyñ yzyna gaýtarylmagyny we ş.m.). Muña garamazdan karz gymmatyñ hereketiniñ aýratyn görnüşi hökmünde çykyş edýär we onuñ aýratyn, yzyna gaýtarylmak häsiýeti onuñ ähli döwürleri bilen görkezilip bilner.

Karzyñ hereketiniñ başlangyç döwrüni kesgitlemeklik jedelli meseläni döredýär, ol karzyñ nazarýet taglymatynyñ çäklerinde

dürli-dürli çözülýär.

Gaýtadan paylamak nazarýetiniñ tarapdarlary karzyñ düýp manysyny esasan gaýtadan paýlamaklygyñ barşy hökmünde düşündirýärler, serişdeleriñ jemlenmegini bolsa karzyñ hereketiniñ başlangyç döwri diýip görkezýärler.

Üznüksiz önümçilik we gazna nazaryýetiniñ tarapdarlary karzyñ gaýtadan paýlaýyş wezipesini inkär etmeýärler hem-de wagtlaýyn boş serişdeleri bir ýere jemlemän karzy amala aşyrmanlygyñ mümkin däldigini boýun alýarlar. Ýöne olar şerişdeleriñ jemlenmegine karzyñ başlangyç döwri hökmünde garamaýarlar we karzyñ ýerleşdirilmegini ilkinji döwri hökmünde öñe çykarýarlar.

Yokarda bellenilen taglymatlaryñ köp umumylyklary bardyr, ol karzyñ nazaryýetiniñ birnäçe ugurlary boýunça olaryñ ylalaşmaklyklaryna mümkinçilik döredýä. Şonuñ bilen birlikde hut karzyñ hereketiniñ başlangyç döwrüni we kar^ gatnaşyklarynyñ obýektleriniñ häsiýetini düşündirmekde olar düýpgöter tapawutlanýarlar. Ýagdaýlaryñ ikisiniñ hem esaslandyrylmagy ýeterlik derejede ynandyryjy däldir, sebäbi karzyñ başlangyç döwrüni çözmeklik meselesi häzirki zaman pullarynyñ düýp manysyna we olaryñ hereketiniñ karzyereketi bilen arabaglanyşykly häsiýetine düşünmeklige baglydyr.

Karz alnan gymmatyñ yzyna gaýtarylmak ýagdaýy onuñ karz alyjydan karz berijä geçirilýän akty hökmünde karzyñ hereketiniñ bir döwrüne öwrülýär. Ýöne karzyñ yzyna gaýtarylmagy oña mahsus bolan häsiýet hökmünde karz gatnaşygynyñ bitewilikde düýpli häsiýetini kesgitleýär. Bu bir tarapdan karzyñ hereketiniñ maddy üznüksiz önümçiligiñ barşyna esaslanýanlygy, beýleki tarapdan bolsa karz geleşikleriniñ obýektiw aýratynlygy bilen üznüksiz önümçiligiñ barşyna esaslanýanlygy, beýleki tarapdan bolsa, karz geleşikleriniñ obýektiw aýratynlygy bilen şertlendirilýär. Karzyñ yzyna gaýtarylmak mümkinçiligi karz berilen gymmatyñ hojalykda dolanşygynyñ tamamlanmagy; onuñ boşamagy bilen ýüze çykýar. Yzyna gaýtarylmagyñ

hökmanylygy birinjiden karz beriji karz alyja karz berende eýeçilik hukugyny özünde saklaýanlygy; ikinjiden karz berijiniñ boşan pul serişdeleri we karz alyjynyñ oña bolan isleginiñ wagtlaýyn häsiýeti bilen kesgitlenilýär. Yzyna gaýtarylmak karzyñ obýektiw hasiýetidir, onuñ ýerine ýetirilmezligi geleşigiñ karz häsiýetiniñ üýtgemegine karz gatnaşyklarynyñ ýoýulmagyna getirýär.

Häzire çenli biz aýratyn karz geleşiginiñ çäginde ýüze çykýan gatnaşyklara seredip geçdik. Karz gatnaşygynyñ düýp manysy, aýratyn karz beriji bilen aýratyn karz alyjynyñ arasyndaky gatnaşyk hökmünde karz berilen gymmatyñ hereketi boýunça üýtgewsizdir, ol öwrenilende ep-esli derejede jemgyýetiñ durmuş ykdysady tebigylygyndan abstragirlenip bolýar. Emma karzy doly häsiýetlendirmek üçin karz berilen gymmatyñ hereketini makroykdysady derejede seretmek zerurdyr.

Eger-de karz gatnaşyklarynyñ jemine bitewilikde seredilse, onda olaryñ hereket etmegine jemgyýetiñ ykdysady gatnaşyklarynyñ edýän täsirini bellemesizlik mümkin däl, birinji nobatda gymmat gatnaşyklarynyñ ulgam döredijisi hökmünde ( şol sanda karz gatnaşyklarynyñ hem) eýeçilik gatnaşyklary täsir edýär. Karz gymmatyñ yzyna gaýtarylmak hereketiniñ ykdysady görnüşidir, şonuñ üçin eýeçilik gatnaşyklary karz berilen gymmatyñ hereketiniñ häsiýetini öñi bilen jemgyýetiñ derejesinde kesgitleýär. Bu wagtlaýyn boş serişdeleri jemlemekligiñ we gaýtadan paýlamaklygyñ guralyşyna karz bermekligiñ guralynyñ üsti bilen bolsa anyk karz geleşiginde karz berilen gymmatyñ hereketine täsir etmeklik bilen ýüze çykýar.

Merkezleşdirilen meýilli ykdysadyýetde karz jemgyýetiñ karz gaznasynyñ hereketi hökmünde düşündirilýär, ol önümçilik gatmaşyklarynyñ jemi bolup, karz' berilen gymmatyñ maksada laýyk, meýil esasynda hereketini emele getirýär. Karz gatnaşyklaryna gatnaşyjylar jemgyýetçilik eýeçiliginiñ esasy subýektleri bolup çykyş edýändiklerine baglylykda döwlet

guramalary karz gaznasynyñ hereketini esasan buýruk beriji usulyñ üsti bilen meýilleşdirýärdiler we merkezleşdirilen ýagdaýda isazlarýardylar. Şeýlelik bilen karz gaznasy karzyna berilen gymmatyñ jemgyýetdäki hereketiniñ häsiýetini añladýan düşunjedir. Başgaça aýdylanda ol merkezleşdirilen umumy döwlet gaznasy hökmünde hereket edýärdi.

Bazar ykdysadyýetinde makroykdysadyýet derejede kärz berilen gymmatyñ hereketiniñ häsiýeti eýeçilik gatnaşyklary bilen kesgitlenilýär, olaryñ görnüşi lşöp dürlidir, döwlet eýeçiligi bolsa agalyk etmegini bes edýär. Meýilleşdirmegiñ esasy bolup hyzmat edip bilmeýär. Bu şertlerde karz berilen gymmatyñ hereketi karz maýasynyñ hereketiniñ görnüşine eye bolýar. Karz maýasynyñ hereket etmeginiñ maksady karz göterimini almakdyr, ol karzyñ merkezleşdirilmedik ýagdaýda pudaklara we hojalyk subýektlerine paýlamaklygyñ ölçegi bolup çykyş edýär. Emma karz maýasynyñ karzyñ çeşmelerinden onuñ ulanylýan gurşawlaryna çenli bolan hereketi häzirki wagtda dine göterim bilen kadalaşdyrylmaýar.

Karz gurşawynyñ döwlet tarapyndan kadalaşdyrylmagynyñ ähmiýeti artýar, şonuñ bilen birlikde onuñ önümçilik serişdelerine bolan hususy eýeçilik bilen şertlendirilen ykdysady çäkleri bardyr. Tutuşlygyna karz maýasynyñ hereket etmeginiñ esasy bolup bazar mehanizmi çykyş edýär.

Bazar gatnaşyklaryna geçilýän häzirki zaman şertlerinde karz berilen gymmatyñ makroykdysadyýet derejedäki hereketi GDA ýurtlarynda karz gaznasyna we karz maýasyna mahsus bolan aýratynlyklar bilen häsiýetlendirilýär.

Karz gaznasynyñ esasy bölegi entek döwlet eýeçiliginde galýar. Şol bir wagtyñ özünde hut döwlet eýeçiliginiñ çäklerinde karzy obýektleýin meýilleşdirmekden ony kadalaşdyrmagyñ ykdysady usullaryna geçilýär. 01 karz gaznasynyñ hereketiniñ öz akymlaýynlygyna alyp barýar. Onuñ hereketi merkezleşdirilmedik häsiýete eye bolýar. Bu üýtgeşmeler öñi bilen eýeçilik gatnaşyklarynyñ ösmegi bilen hususanda döwlet kärhanalarynyñ öz serişdelerine eýeçilik etmekde uly

hukuklardan peýdalanýandyklary, olaryñ öz-özüni maliýeleşdirmek, şeýle hem döwlet
banklarynyñ doly hojalyk hasaplaşygyna geçmekleri we olaryñ paýdarlar jemgyýetine öwürmek bilen şertlenendir.
Täze şertlerde karz gatnaşygyna gamaşyjylar döwlet tarapyndan dolandyrylýan buýruk berýän usullaryñ obýektleri bolmaly däldirler. Bu täze döredilen täjirçilik banklaryna paýdarlar we hususy kärhanalara has uly derejede degişlidir.
Şeýlelik bilen häzirki wagtda karz gaznasynyñ eýeleri bolup öñi bilen banklar (Merkezi we täjirçilik) çykyş edýärler. Ondan başgada bu gaznanyñ eýeleri bolup dürli eýeçilikdäki kärhanalar maýa goýum gaznalar ätiýaçlyk maýa goýýan kompaniýalar, raýatlar we beýlekiler çykyş edýäler. Bank ulgamynyñ täzelenmegi karz gaznasynyñ merkezleşdirilmeýän ýagdaýyna we ýekemenlik hukugynyñ aýrylmagyna getirdi, sebäbi täjirçilik banklarynyñ esaslyk gaznalarynyñ emele gelmeginiñ paýdarlar häsiýeti, banklaryñ karz serişdelerini ulanmak baradaky hukuklarynyñ giñelmegini göz öñünde tutýar. Karz serişdeleriniñ hereketi merkezleşdirilmedik häsiýete eye bolup başlaýar, olary dolandyrmaklyk bolsa ykdysadyyeti kadalaşdyrmagyñ pul karz ulgamynyñ çäreleriniñ üsti bilen amala aşyfylýar.
Netijede, karz gaznasynyñ hereketiniñ maksatlaýyn ugry üýtgeýär. Ozal karz serişdelerini paýlamaklyk peeniýa taýdan ykdysadyýeti ösdürmek meselelerine, halkyñ hal-ýagdaýlaryny ýokarlandyrmak maksatlaryny tabyn edilipdi, emme tejribede ol öñi bilen ykdysady manada laýyklyga ters gelýär. Bazaryñ ösmegi bilen, döwlete degişli kärhanalarynyñ we karz beriji guramalarynyñ işlerini täjirçilik häsiýete eye bolmagy bilen karz berilen gymmatyñ hereketiniñ höweslendirijisi hökmünde karz göteriminiñ alynmagy çykyş edip başlaýar. Bu maksat dine bankyü' müşderileri özüne çekmek isleýän ýagdaýynda ýa-da müşderisini saklamaly bolýan ýagdaýlarda ikinji nobata geçýär.

Diýmek, karzyñ düýp manysy çylşyrymly bolup we

gözegçilik etmegiñ dürli nukdaý nazaryna eýedir. Karzyñ düýp manysynyñ aýratynlygynyñ üstüni basyrýan, onuñ ýüze çykmasynyñ köpdürliligi karzy öwrenmekligi kynlaşdyrýar. Şonuñ üçin ykdysady edebiýatda karz gatnaşyklarynyñ düýp manysy hakynda dürli nukdaý nazarlar orun tutýarlar.

Dünýä ykdysady ylmynda karzyñ nazarýeti esasan iki ugur boýunça ösýärdi. **Karzyñ <u>naturalistik taglymaty</u>** karzy bar bolan gymmatlyklary gaýtadan paýlamaklygyñ usuly hökmünde suratlandyryarlar. Bu taglymatyñ wezipeleri karz maýany döretmeýär, ol dine maýany karz berijiden karz alyja geçirýär diýip hasaplaýarlar. Şeýlelikde wagtlaýyn boş maýalaryñ jemlenmegi karz gatnaşyklarynyñ zerur düzüm bölegi bolup çykyş edýär.

Maýa döredijilik nazaryýetiniñ tarapdarlary karzyñ passiw ornuny ret edýärler. Olar karz dine bir geçirijilik bilen çäklenmän eýsem maýany hem döredýär, ykdysadyýetiñ ösüşinde aýgytlaýjy orny eýeleýär diýip hasap edýärler. Bu taglymatyñ esasy düzgünleri aşakdakylara syrykdyrylýar. Dolanşygyñ önümçiligiñ üstünden agdyklyk etmegininñ netijesinde banklar köpçülikleýin karz berijiler hökmünde üznüksiz önümçilik prosessine aýgytlaýjy täsir edýärler. Banklaryñ aktiw amallary passiwlere garanyñda ilkinjilerdir, ýagny boş serişdeleriñ karz serişdeleri hökmünde jemlemegi hökman däldir, banklar karzy deposit -çek emissiýasynyñ kömegi bilen döredip bilýärler. Karz maýa barabardyr, diýmek banklar maýa
döredýärier. şunlukda karz (şeýle hem maýa) çäksiz giñelmäge ukyplydyr we şonuñ netijesind**e** giñeldilen üznüksiz önümçiligini hereketlendiriji güýji hökmünde çykyş edýär.

**Maýa döredijilik taglymaty** XX asyryñ birinji ýarymynda günbatar ykdysady nazaryýetinde agalyk edýärdi. Emma häzirki döwürde ol özüniñ nusgawy görnüşinde bazar ykdysadyýetiniñ tapgyrlaýyn ösüş tejribesine ters gelýär, sebäbi çäksiz karz bermek hümmetsizlenme häsiýete eýedir we ösüşiñ aýratyn döwürlerinde krizisi güýçlendirýär. Şol bir wagtyñ özünde bu

taglymat ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyñ pul-karz nazaryýetiniñ usulyýet esasy hökmünde ulanylýar, olar tapgyrlara garşy kadalaşdyryş çäreleri hökmünde dine bir karz epistansiýasyny däl-de eýsem karz çäklendirmesini hem hödürleýärler.Biziñ ykdysady ylmymyzda karzyñ düýp manysyna çemeleşmegiñ esasy iki ugry,belli bir derejede karzyñ gaýtadan paýlamak we üznüksiz önümçilik taglymatlarynda öz beýanyny tapdylar.

**Gaýtadan paýlamak taglymaty** esasan karzyñ wagtlaýyn boş pul serişdelerini gaýtadan paýlamak prosessi hökmündäki mazmunyna esaslanýar. Şonuñ bilen baglylykda karzy gaýtadan paýlamak kategoriýasy hökmünde kesgitlenilýär, ol tutuş üznüksiz önümçilik prosesine degişli bolman, onuñ dine bir ugruna degişlidir. Bu nazaryýetiñ tarapdarlary gaýtadan paýlamaklyga karzyñ esasy düzüm bölegi hökmünde seredýärler, oña karzyñ içki häsiýeti we wezipesi hökmünde garaýarlar. Karzyñ başlangyç döwri diýlip wagtlaýyn boş serişdeleriñ jemlerimegi hasaplanylýär, ol karzyñ aýrylmaz bölegine öwrülýär.

**Gaýtadan paýlaýyş taglymaty** karz gatnaşyklarynyñ subýektleri hökmünde esasan banklary we hojalyk subýektlerini, ýagny bank karzyny görkezýär, ol karzyñ esasy görnüşi bolup durýar, beýleki görnüşlerini öz içine alýan görnüşde kesgitlenilýär we anyklanylýar. Karz gatnaşyklarynyñ obýektiniñ düşundirişi wagtlaýyn boş pul serişdelerini häsiýetlendirmek bilen çäklenilýär, şunlukda olaryñ aýratynlygy hut gaýtadan paýlamaklygyñ obýekti hökmünde öwrenilmeýär.

**Üznüksiz önümçilik taglymaty** karzyñ üznüksiz önümçiligiñ barşy bilen doly baglanşygyny düşündirýär, ýagny karzy üznüksiz önümçilik kategoriýasy hökmünde hasaplaýar. Karzyñ hereketiniñ başlangyç döwri diýilip serişdeleriñ ýerleşdirilmegine düşünilýär. Wagytlaýyn boş serişdeleriñ jemlenmegine hem zerur düzüm bölegi hökmünde garalýar, ýöne ol karzyñ hut düýp manysy hasap edilmeýär.

Bu ugryñ tarapdarlary dine bank karzyna gözegçilik edip

berýärler, karzyñ düýp manysyny bolsa bank bilen karz alyjynyñ arasyndaky ykdysady pul gatnaşyklaryna mahsus bolan aýratyn arabaglanşyk diýip düşündirýäler. Şeýlelikde karz gatnaşyklarynyñ subýektleriniñ nukdaý nazaryndan gözegçiligiñ çäkleri daralýar, şeýle hem olaryñ özara täsiri peselýär, sebäbi ykdysady gatnaşyklar düşünjesi dine subýektleriñ arasyndaky gatnaşyklaryñ mazmunyny öz içine alýar. Mundan başga-da awtorlaryñ düşünjelerine görä bu taglymatda karzyñ düýp manysynyñ esasy häsiýetleri karza berilýän serişdeleriniñ geçirilýän obýektlerini öz içine alýar, karzyñ özünde bolsa, karza alnan serişdelerinde añladylýan ykdysady gatnaşyklar ýüze çykýarlar.Ykdysady edebiýatda karzyñ gazna nazaryýeti hem işlenilip düzülýär, bu nazaryýet soñky wagtlara çenli karzyñ düýp manysyny durmuş ykdysady tarapdan häsiýetlendirip oña göniden-göni jemgyýetçilik gatnaşyklaryny añladýan ykdysady kategoriýa hökmünde garalýar. Şu nukdaý nazardan karz ssuda gaznasynyñ meýilleşdirilen hereketi diýlip häsiýetlendirilýärdi. Emma ssuda gaznasynyñ düşündirilişine baglylykda bu taglymatyñ esasy manysy düýpgöter üýtgeýär. Ssuda gaznasyny jemgyýetiñ masştabynda gaýtadan paýlanylýan serişdeler hökmünde suratlandyrylýan taraplaryñ sany artýar. Şeýlelikde, gazna nazaryýeti gaýtadan paýlamak nazaryýeti bilen utgaşýar.
Başga ugry işläp düzýän awtorlar, karzyñ düýp manysyny ssuda gaznasynyñ göniden- göni jemgyçilik häsiýeti düzýär diýip hasaplaýarlar, bu öñi bilen sosializmiñ ykdysady kategoriýasy hökmünde çykyş edýärdi. Häzirki wagtda bu ugur özüniñ aktuallygyny ýitirdi, ýöne karzyñ düýp manysyny seljermekdäki usulyýet çemeleşmeler öz ähmiýetini saklaýarlar, sebäi olar karzyñ häsiýetiniñ ýönekeý. görnüşlerini ýagny karz geleşiklerini öz içine alýarlar. Bu nazarýetiñ tarapdarlary bank karzyny anyklaşdyrmaýarlar, onuñ düýp manysyny, karzyñ düýp manysy bilen deñleşdirmeýäler. Karzyñ gatnaşyklarynyñ obýekti hökmünde olar karz berilen gymmaty öñe çykarýarlar, onuñ mazmunyny karz berijiden

karz alyja geçirilýän pbýekt görnüşinde aýratyn belleýärler. Karz berilen gymmatyñ başlangyç döwrüne onuñ ýerleşdirilmegi diýilip düşünilýär. Şuña baglylykda serişdeleriñ jemlenmegine zerur, ýöne dine bir karza mahsus bolmadyk döwür diýlip hasap edilýär.

Usulyýet bu umumy esaslaryndan ugur alsak, olaryñ birnäçe umumy häsiýetleri ýüze çykýar, olary bölekleýin birleşdirmegiñ esasy bolup hyzmat edýäler. Käbir ykdysatçylar tarapyndan dürli nazaryýetleri utgaşdyrmak synanşygy edilý&r, sebäbi her bir aýratyn taglymatyñ çäklerinde köp dürli karz gatnaşyklarynyñ häsiyetleriniñ düýp manysyny açmak we düşündirmek asla mümkin däldir. Ykdysady ylymda in bir çylşyrymly meseleleriñ biri bolan karz nazaryýetiniñ meselelerini çözmekligiñ gelejegi häzirki zaman pullarynyñ nazaryýetini döretmek bilen baglydyr.

Karzyñ wezipeleri karzyñ wezipeleriniñ sanyny kesgitlemek olary düşundirmek, olaryñ seljermesiniñ usulýet çemeleşmelerine baglydyr.

# 9-NJY BAP: Döwlet karzy.

## 9.1. Döwlet karzynyñ düýp esasy we manysy.
## 9.2. Döwlet karzynyñ görnüşleri.
## 9.3. Döwlet karzynyñ dolandyrylyşy.

**9.1. Döwlet karzynyñ düýp esasy we manysy.** Döwlet karzy döwlet tarapyndan yzyna gaýtarylmak esasynda döwlet çykdajylaryny maliýeleşdirmek üçin pul serişdeleri jemlemek baradaky karz gatnaşyklaryny añladýar.

Karz berijiler bolup fiziki we edara görnüşli taraplar çykyş edýärler, karz alyjy döwlet we onuñ guramalary (Ykdysadyýet we Maliýe ministrligi, Merkezi we ýerli guramalar) degişlidirler. Karzyñ bu görnüşi karz alyja býujet gytçylygyny ýapmaklyk üçin kagyz pul emissiýany amala aşyrmazdan goşmaça pul serişdelerini toplamaga ' mfimkinçilik berýär. Döwlet karzy pul dolanşygyny durnuklaşdyrmak çäreleriniñ biri hökmünde hem ulanylýarj Inflýasiýanyñ ösýän şertlerinde ilatyñ döwlet wagtlaýyn olaryñ tölege ukyply islegini peseldýär. Dolanyşykdan artykmaç pul massasy aýrylýar, ýagny öñünden bellenilen möhlet aralygynda pul dolanşygyndan serişdeleriñ çykarylmagy bolup geçýär.

Döwlet bergisiniñ çenden aşa köpelmegi borçnamalar boýunça gelýän tölegleriñ ýokarlanmagyna getirmegi mümkin, bu döwlet maliýesiniñ ýagdaýyna ýaramaz täsir edýär.

Ýerli häkimlikler karz esasynda serişdeleri jebisleşdirmegi amala aşyrylýarlar olary şäher we oba ýerlerini abadanlaşdyrmak, gurluşyk, saglygy saklaýyş, medeni, an bilim, ýaşaýyş-kommunal obýektlerini we şuña meñzeşleri abatlaşdyrmak üçin ulanylýar. Netijede görkezilen gurama döwlet býujetiniñ serişdelerine bolan islegi kemeldýär.

Karz berijiler üçin döwlet karzy goýumyñ, serişdeleriñ gymmat bahaly kagyzlara inwestirlenmeginiñ görnüşi bolup çykyş edýär, ol kepillendirlen goşmaça dirdeji getirýär.

Döwlet karzy gatnaşyklaryñ aýratynlyklaryny we birnäçe

ýagdaýlarynyñ täsirini añladýan görnüşlere bölünýär. Döwlet karzynyñ görnüşleri aşakdakylar bilen kesgitlenilýär: karz alyjylaryñ we berijileriñ düzümi; döwletiñ serişdeleri çekmäge bolan isleginiñ anyk sebäpleri; karzyñ alynýan ýeri; ony resmileşdirmegiñ görnüşi, pul serişdelerini çekmekligiñ usullary we olary gaýtarmaklygyñ usullary; döwletiñ öz borçnamalaryny üzmekligiñ möhletleri; karz berijiniñ we alyjynyñ töwekgelçilik derejesi.

Karz alyja baglylykda döwlet karzy merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik bolýar. Birinji ýagdaýda karz alyjy hökmünde ýurduñ merkezi maliýe guramasy (Ykdysadyýet we Maliýe ministrligi), ikinji ýagdaýda - häkimýetiñ ýerli guramalary çykyş edýärler.

Alynýan ýerine baglylykda karz içerki we daşarky karzlara bölünýär: Möhleti boýunça olar: gysga (1 ýyla çenli), orta (1 ýyldan 5 ýyla çenli), uzak (5 ýyldan ýokary) möhletlere bölünýärler. Her bir anyk ýagdaýda döwlet karzlarynyñ şertleri, görnüşleri we möhletleri öñünden bellenilýär.

**9.2. Döwlet karzynyñ görnüşleri.** Karz gatnaşyklarynyñ görnüşleriniñ we resmileşdirme tertibine baglylykda: döwlet obligasiýaly we obligasiýasyz karzlara bölünýärler. Dürli görnüşli gazna borçnamalarynyñ, wekselleriniñ göýberilmegi, Merkezi bank tarapyndan, döwlet býujetine, karz berilmegi obligasiýasyz, karzlara mysal bolup biler.

**Obligasiya-** gymmat bahaly kagyz bolup, onuñ eýesiniñ pul serişdelerini tabşyranlygyn ysubut edýär we edara görnüşli tarapyñ borçnamasyny tassyklaýar, gymmatly kagyzlar göz öñünde tutulan möhleti esasynda ony göýberen tarapyndan hasaba alnan göterimlerini tölemeklik (eger-de göýberilen şertlere başga görnüşi göz öñüne tutulmadyk bolsa) ýa-da onuñ nominal gymmatynyñ öwezini dolmaklyk göz öñünde tutulýarj

Obligasiýalar içeri, döwlet we ýerli görnüşinde göýberilýärler. Olar atly şeýle hem görkezilýän, göterimli we göterimsiz

(maksatlaýyn), utuşly, erkin aýlanýan ýa-da aýlanşygy çäklendirlen süşürintgili, gazna bolup bilýärler. Obligasiýalaryñ göýberilişi edara görnüşli we fiziki taraplaryñ arasynda meýletin ýerleşdirilmegini şeýle hem, edara görnüşli taraplaryñ olary hökmany satyn almaklaryny göz öñünde tutýar.
TDöwletiñ gazna borçnamalary (weksel) - gymmatly kagyzlaryñ bir görnüşi bolup, oky saklaýjylaryñ býujete, pul serişdelerini geçirendiklerini kesgitleýär, hem-de oña eýeçilik edilýän wagtynda hasaba alnan girdejini almaga hukuk berýär. Yuridiki we fiziki taraplaryñ arasynda meýletin esasda ýerleşdirilýär. Döwlet tarapyndan uzak möhletli (5 ýyldan 25 ýyla çenli); gysga möhletli (3,6 we 12 aýlyk) we orta möhletli (1 ýyldan 5 ýyla çenli) gazna borçnamalary göýberilýärjl
Hökümetiñ gymmatly kagyzlary iki topara bölünýärler: ikinji bazarda aýlanýan kagyzlar; ikinji bazara barmaly kagyzlar. Ikinji bazara: gazna wekselleri we gazna obligasiýalary girip bilýärler. Süýşürintgi obligasiýalary, daşky bergini resmileşdirilýän obligasiýalar, ýerli häkimýet guramalarynyñ obligasiýalary, ikinji bazarda aýlanmaýarlar.
• Hökümetiñ gymmatly kagyzlaryny satmaklygy täjirçilik banklary, öñi bilen süşürintgiler banky amala aşyrýarlar. Açyk bazarda döwletiñ gymmatly kagyzlary bilen amallary geçirmekligi Merkezi bank amala aşyrýar. Hökümetiñ gymmatly kagyzyny satyn almakda ondan gelýän girdeji uly ähmiýete eýedir, ol gymmatly kagyzyñ görnüşine, onuñ nominal ululygyna, möhletine, göýberiliş şertine, töwekgelçilik derejesine, infliýasiýanyñ depginlerine bagly bolýar. Eger-de inflýasiýanyñ depginleri ýokarlansa, ondakarz berijiler ýitga sezewar-bul>ailar, karz alyjylar bolsa girdeji alýarlar.
Hökümetiñ gymmatly kagyzlaryny satyn alanlarynda karz berijiler edara görnüşli we fiziki taraplar üçin beýleki töwekgelçilikler hem ýüze çykýar, mysal üçin, karz, bazar, göterim töwekgelçilikleri.
Karz töwekgelçiligi, gymmatly kagyzlara mahsusdyr, ol emitentiñ (döwletiñ) maliýe mümkinçilikleriniñ peselmek,

onuñ maliýe borçnamalarynyñ ýerine ýetirip bilmezlik ähtimallygy bilen baglanşyklydyr. Döwlet borçnamalary bilen baglanyşykly bolan karz töwekgelçiligi, bergidaryñ ýa-da emitentiñ aýratynlyklaryndan, ykdysady obýektleriñ häsiýetinden, salgyt we karz alyp bilijilik ukyplaryndan gelip çykýar.

Bazar töwekgelçiligi gymmatly kagyzlaryñ bazarynda ýa-da ykdysadyýeti göz öñünde tutulmadyk üýtgeşmeler bilen baglanşykly gymmatly kagyzlaryñ özüne çekip biljilik ukybyny ýitirmekligi esasynda ýüze çykýar. Olary dine ýeñillikli ýa-da belli bir derejede mejbury tertipde satyp bolýar.

Göterim töwekgelçiligi - bu göterim möçberleriniñ üýtgemeginiñ we şunuñ bilen baglanyşykly olaryñ bazar bahasynyñ peselmeginiñ töwekgelçiligidir.Onuñ sebäpleri: şertnamanyñ tertipde obligasiýalaryñ göteriminiñ olaryñ göýberilen wagtynda fiksirlenmegi; bazar nyrhlarynyñ ýokarylygyna we aşaklygyna otnositel erkin üýtgemegij

Garaşsyz, baky Bitarap Turkmenistan döwleti hem döwlet çykdajylaryny ýapmak üçin karzlary ulanýar. Türkmenistanyñ döwlet karzlary hökmany tertipde döwlet, kooperatiw we beýleki kärhanalaryñ, guramalaryñ we banklaryñ arasynda ýerleşdirilýär, şeýle hem düzgün bolşy ýaly edara görnüşli we fiziki taraplaryñ arasynda meýletin başlangyçda ýerleşdirilýär.

Türkmenistanda gymmatly kagyzlaryñ bazary 1994-nji ýylyñ 1-nji ýanwaryndan Yküysadyýet we Maliýe ministrligi tarapyndan döwletiñ içerki we uzak möhletli 5 ýyl möhleti bilen 5% göterim hasaba alnan bahaly we 200 mln manat möçberinde göýbermek bilen hereket edip başlady. Ýöne girdejiniñ - pes derejesine baglylykda we ilat tarapyndan islegiñ ýoklugy sebäpli, Ykdysadyýet we Maliýe ministrligi tarapyndan 1996-njy ýylda gysga möhletli döwlet borçnamalary dolanyşyga göýberilip başlanýar. Şeýlelikde, 1996-njy ýylyñ ýanwar-awgust aralygynda gysga möhletli döwlet borçnamalarynyñ 11 goýberilişi, umumy möçberi 3719 mln.manatlyk, üzmek möhleti 1 aý bolan emissiýasy amala aşyryldy.

Döwlet karzy döwletiñ içerki bergisiniñ bir bölegini emele getirýär. Döwletiñ daşarky bergisiniñ ep-esli bölegi daşarky karzlardan ybaratdyr, olar halkara karzynyñ ösmegi bilen baglanşyklydyr.

**9.3. Döwlet karzynyñ dolandyrylyşy.** Bergini döwlet tarapyndan dolandyrmaklyk diýlip kreditorlara girdejileri tölemek we karzlary üzmek boýunça, eýýam çykarylan karzlaryñ şertlerini üýtgetmek boýunça, döwlet gymmat bahaly kagyzlary çykarmak we şertlerini kesgitlemek boýunça çäreleriñ jemi düşündirilýär. Karzlar boýunça girdejileriñ tölenilşi we olaryñ üzülişi adatça býujet serişdeler arkaly amala aşyrylýar. Emma döwlet bergililiginiñ ep-esli ösüşiniñ we býujet kynçylyklarynyñ köpelip gelýän ýagdaýynda döwlet öz bergisiniñ refinansirlenmegini ulanyp bilýär. **Refinansirleme diýlip, täze karzlaryñ çykarylmagy arkaly köne döwlet bergileriniñ üzülmegine aýdylýar.**

Karzlar utuş tiražlaryñ, hem-de utuş we present boýunça üzmekligiñ tiražlaryñ geçirilşiniñ ýoly bilen we kreditorlardan döwlet gymmat bahaly kagyzlaryñ yzyna satyn alynmagy arkaly üzülýär. Karzlar boýunça girdejileriñ tölenilşi utuş tiražlaryñ geçirilmegi, banklar bilen kuponlaryñ her ýyl tölenmegi we kärhanalaryñ we guramalaryñ hasabyna nagt däl tertipde girdejiniñ jeminiñ geçirilmegi arkaly amala aşyrylýar.Utuşlaryñ, ýyllyk prosentleriñ, karzlaryñ üzülişi boýunça pullaryñ tölenilşi döwlet bergini dolandyrmak boýunça çykdajylaryñ esasy bölegini düzýär. Soñky döwletiñ gymmat bahaly kagyzlarynyñ döredilişiniñ iberilmesiniñ we satylmagynyñ çykdajylary, utuş tiražlarynyñ, üzmeklik tiražlarynyñçykdajylary we käbir başga çykdajylar hem degişli. Döwlet kreditiniñ netijeliligi barada döwlet alada edýär. Karz operasiýalarynyñ netijelilikleri ýüzleý göz öñüne getirmek döwlet kreditiniñ ulgamy boýunça her ýylky girdejileriñ deñeşdirilmesi arkaly mümkin. Her hili hem bolsa, döwlet kredit operasiýalarynyñ netijeliligi barada doly düşünjäni döwlet kreditiniñ ulgamy boýunça girdejileriñ çykdajylardan artyklygynyñ jeminiñ çykdajylara bolan gatnaşygy berýär. Bu gatnaşyk prosentde ölçenmelidir. Kreditiñ effektiwligi (E) aşaky formula boýunça kesgitlenýär:

$E=(Co-C)*100/C$

Bu ýerde: Co - döwlet kredit ulgamy boýunça girdejiler.
Ç - döwlet kredit ulgamy boýunça çykdajylary.
Emma kredit ulgamy boýunça girdejileriñ jemi we kredit operasiýalary boýunça girdejileriñ çykdajylardan artyklygy onuñ netijeliligi barada gutarnykly häsiýetnamany bermeýär. Döwlet kreditiniñ döwlet býujetiniñ we ýurduñ pul aýlanşygynyñ ýagdaýyna, döwlet strukturalarynyñ maliýe işine bolan ilatyñ ynämynyñ pugtalanmagyna we jemi jemgyýetin ykdysady taýdan ösüşiniñ amatly meýillerine položitel tsir edýändigini hem hasaba almak gerekdir.

## 10-NJY BAP: Häzirki zaman kredit ulgamy.

### 10.1. Döwletiñ kredit ulgamy.
### 10.2. Kredityñ görnüşleri.
### 10.3. Kredit ulgamynyñ işiniñ mehanizmi.
### 10.4. Bahaly we bahaly däl bäsdeşlik.

**10.1. Döwletiñ kredit ulgamy.** Ykdysady kategoriýalaryñ ornunyñ düşünjesi olaryñ hyzmatlarynyñ bar bolan ykdysady şertlerinde anyk ýüze çykyşyny häsiýetlendirýär. Karzyñ roly karz gatnaşyklarynyñ hereket etmeginiñ netijesini añladýar we olaryñ manysy bilen kesgitlenilýär, ýagny olaryñ obýektiw tebigaty bardyr. Yöne anyk.ykdysady şert karzyñ obýektiw rolunyñ ýerine ýetirmek häsiýetine we derejesine onŞeýü-täsir edýär, şeýle hem onuñ üznüksiz önümçiligiñ barşynda, duamuş nlgamoa ulanylmagynyñ netijelerine täsir edýär. My sal üçin, ykdysady institutlaryñ tejribelik işleri karz gatnaşyklaryny guramakda we ösdürmekde uly ähmiýete eýedirler.Ykdysadyýeti meýilnamaly administratiw edaralarynyñ şertlerinde, özüniñ obýektiw häsiýetleri boýunça önümçiligi intensiwlenmegiñ faktory bolan karz köplenç ykdysadyýetiñ ekstensiw ösüşiniñ guraly hökmünde ulanylýardy. Hususan-da bu ýagdaý karz bermekligiñ awtomatik häsiýetinde ýüze çykýardy, bu ýerde karz berlende bar bolan karz serişdeleri bilen baglanyşdyrylmaýardy, önümçilik däl harajatlary ýapmak üçin ulanylýardy, meýilnamadan ýokary ätiýaçlyklara karz bermek üçin gönükdirilýärdi ýa-da haryt-maddy üpjünçiliksiz berilýärdi. Karzyñ gaýtadan paýlanylmagy köplenç höweslendirmekligiñ garşysyna çykyş edýärdi, sebäbi hojalyk subýektleriniñ karzl ukyplylygy hasaba alynmaýardy, şonuñ üçin hem gowy işleýän kärhanalaryñ hasabyna netijesiz işleýän kärhanalaryñ ýitgilerinñ öwezini dolmak üçin ulanylýardy. Karzyñ yzyna gaýtarylmak ýörelgesi hemişe ýerine ýetirilmeýärdi. Karz bermekligiñ bu tejribesi onuñ rolunyñ

ykdysadyýetiñ netijeliligini ösdürmekde we ýokarlandyrmakda ulanmaga päsgel berýärdi. Muña garamazdan karzyñ bu roly örän ähmiýetlidir we köptaraplydyr.

Karzyñ häzirki zaman şertlerinde hereket etmeginiñ netijelerine baha bermek bilen onuñ kadalaşdyryjy roluny bellemek zerurdyr. Onuñ ölçegleri ykdysady ýagdaýlarda täsir ediş derejesi we häsiýeti esasan önümçilik usuly bilen kesgitlenilýär. Meýilnamaly ykdysadyýetde bu rol çäklendirilift» we meýilnama tabyn edilýärdi, karz esasy we dolanyşyk serişdelerini guramaklygyñ ykdysady gurallarynyñ biri diýilip hasap edilýärdi. Karzyñ kadalaşdyryjy rolunyñ täsiriniñ uly bolmazlygy birnäçe ykdysadyýetçiler üçin karzyñ kadalaşdyryjy roluny düýbünden inkär etmäge esas boldy.fB azar şertlerine geçmeklik, dolandyryşyñ ykdysady ugurlaryny giñden ornaşdyrmak, ykdysadyýeti dolandyrmakda gymmat kategoriýalaryñ roluny ýokarlandyrmak bilen karzyñ kadalaşdyryjy roly hem ýokarlanýar. Ösen bazar hojalygynda karz üznüksiz önümçiligiñ barşyna gönüden-göni kadalaşdyryjy gural hökmünde çykyş edýär. Karzyñ kadalaşdyryjy häsiýetleriniñ görnüşleri örän köp dürlüdir. Ol bir wagtyñ özünde makroderejede (döwlet karz syýasatynyñ üsti bilen) we mikroderejede (hojalyk hasaplaşyklary gatnaşyklarynyñ ýa-da täjirçilik hasaplaşygy gatnaşyklarynyñ üsti bilen) ýüze çykýar.

Mälim bolşy ýaly, karzyñ hojalyk subýektleriniñ esasy we dolanyşyk serişdeleriniñ emele gelmeginiñ zerur çeşmesi hökmünde obýektiw çykyş edýär, ýagny kärhananyñ işinde onuñ hususy serişdeleri bilen bir hatarda karzyñ ulanylmagy kadaly ýagdaý hasap edilýär. Karz gatnaşyklary hususy serişdeleri toplamaklygyñ zerurlygyny aradan aýyrýar we çig mallary, materiallary satyn almakda tygşytlanan wagtyñ hasabyna serişdeleri hojalyk dolanyşygyna has çalt çekmeklik bolup geçýär. Şeýlelikde karz üznüksiz önümçiligiñ barşyna ýardam bermek bilen, şol bir wagtyñ özünde ony çaltlaşdyrmagyñ faktory bolup çykyş edýär.

Karz özüniñ düýp manysynyñ häsiýetleri sebäpli, jemgyýetçilik önümçiligiñ netijeliliginiñ esasy şerti bolan, ykdysadyýetiñ sazlaşdyrylmagy bilen berk arabaglanşyklydyrj Hususanda karz gatnaşyklarynyñ ykdysady esaslandyrylan çäklerinde kadaly nereket etmegiñ jemgyýetde bar bolan wagtlaýyn boş serişdeleri we karzyñ kömegi bilen gaýtadan paýlanylýan serişdeleriñ möçberiniñ arasyndaky deñagramlylygy berjaý etmekligi göz öñünde tutýar. Bu deñagramlylygyñ bozulmagy karzyñ manysynyñ ýoýulmagyna getirýär we pul dolanşygyna negatiw täsir edýär. Karzyñ sazlaşdyrmak bilen arabagalanşygy onuñ yzyna gaýtarmak häsiýetiniñ kömegi bilen hem amala aşyrylýar. Karz beriji bilen karz alyjjyny arasyndaky ekwiwalent gatnaşyklary şertlendirýän karzyñ gaýtarylyp berilmegi, aýratyn karz geleşigi nukdaý nazaryndan, dine önümçilik gaznalarynyñ sazlaşdyrylan şertlerinde kadaly üpjün edilip bilner. Karz alnan gymmatyñ hereketiniñ yzyna gaýtarylmak häsiýetiniñ berjaý edilmezligi karzyñ ykdysady çäkleriniñ bozulmagyna getirýär we üznüsiz önümçiligiñ barşyna edýän täsiriniñ netijeliligi peselýär.

Karz gatnaşyklary ykdysadyýeti sazlaşdyrmak bilen özara baglanşykda bolup, gönüden-göni ykdysadyýete täsir edýärler. Şeýlelikde bazar ykdysadyýetinde karzyñ roly kadalaşdyrmakda, ýagny jemgyýetçilik üznüksiz önümçiligiñ deñ ölçegliligifii goldamakda ýa-da amallaşdyrmakda ýüze çykýarJJemi mi Hi önümi we milli girdejini karzyñ üsti bilen gaýtadan paýlamaklygyi, soñky tapgyrydyr. Ol gaýtadan paýlamagyñ maliýe görnüşi bilen bir hatarda önümçilik we önümçilik däl ulgamlaryñ arasynda gaýtadan önümçilik pudaklarynyñ we sebitleriniñ arasyndaky paýlamaklygy öz içine alýar. Şeýlelikde karz belli bir derejede jemgyýetçilik üznüksiz önümçiligiñ düzüminiñ emele gelmegine, jemgyýetçilik hojalygynyñ esasy deñ ölçegliligine täsir edýär: öwezini dolmak, toplaýyş we sarp ediş gaznalarynyñ arasyndaky gatyşyk; birinji we ikinji önümleriniñ ösüş

depginleriniñ arasyndaky gatnaşyk we ş.m.
Karz ykdysadyýetiñ sazlaşyklylygy bilen özara baglanyşygy onuñ haryt pul sazlaşygyna göni täsir etmeginde hem ýüze çykýarjBir tarapdan, karz bermekliginiñ ähli ýörelgeleriniñ berjaý edilmegi esasynda karzyñ jemgyýetçilik hojalygynda ulanylmagy harytlaryñ öndürilşiniñ köpelmegine alyp barýar. Bäsleşik şertlerinde we banklaryñ işiniñ täjirçilige ugrukdyrylanda karzlaryñ önümçiligi has netijeli guraýan we harytlary isleg bilen üpjün edilýän kärhanalara berilmegi örän wajypdyr. Şeýlelik bilen karz jemgyýetde gerek bolan harytlaryñ önümçiliginiñ giñelmegini teklip nukdaý nazaryndan ýardam berýär. Ýöne belläp geçilişi ýaly häzirki wagtda karzyñ önümçiliginiñ netijeliligini höweslendiriji täsiri ep-esli gowşady, oña bazar gatnaşyklarynyñ pes ösmekligi sebäp bolýar.

**10.2. Karzyň görnüşleri.** Karzlary toparlara bölmek üçin ulanylýan, guramaçylyk alamatlarynyñ jikme-jik häsiýetnamasydyr. Toparlanmaklygyñ ýeke-täk dünýä ülñüsi (standarty) ýok. Her bir ýurduñ öz aýratynlyklary bolýar.
Türkmenistanda karzlary şu aşakdakylara baglylykda toparlara bölünýär:
- karzyñ üznüksiz önümçiliginiñ hyzmat edýän ýagdaýynda;
- gönükdirilen pudagyna;
- karzlaryñ obýektine;
- karzlaryñ wagtyna;
- töleglerine we beýlekilerine.

karzlary toparlara bölmek üçin ulanylýan, guramaçylyk alamatlarynyñ jikme-jik häsiýetnamasydyr. Toparlanmaklygyñ ýeke-täk dünýä ülñüsi (standarty) ýok. Her bir ýurduñ öz aýratynlyklary bolýar.
Türkmenistanda karzlary şu aşakdakylara baglylykda toparlara bölünýär:
- karzyñ üznüksiz önümçiliginiñ hyzmat edýän ýagdaýynda;
- gönükdirilen pudagyna;

- karzlaryñ obýektine;
- karzlaryñ wagtyna;
- töleglerine we beýlekilerine.

Karz öz bellenilşi ýaly, alyş-çalyş kategoriýasy bolup durýarjHaryt öndürijiler öz
işlerini dowam etmeklik üçin öz önümlerini satanlarynda, çig maly alanlarynda köp
möçberde goşmaça töleg serişdelerinde kynçylyk döýärler. Karz tölegiñ esasy guraly
bolmaklygy bilen karz alyjynyñ dürli isleglerini kanagatlandyrmak üçin ulanylýar. 01
islegler dine alyş-çalşynda ýüze çykman, ol köp ýagdaýlarda töleg aýlanşygynyñ
üzñeliginde, şonuñ ýaly-da üznüksiz önümçiligiñ beýleki basgançaklarynda ýüze
çykýar. Önüm öndürýän hojalyk guramalary karz alnan serişdelerini işgärleriñ aýlyk
hakyny, býujet guramalary bilen hasaplaşyklary bolan işgärlerini
kanagatlandyrmaklyk üçin sarp edýärler. Hat öz islegini kanagatlandyrmaklyk üçin
karz alýar.

Alyş-çalyş kategoriýasy bolup çykyş etmek bilen karz önümçiiikde paýlamaklyk we umumy önümi sarp etmeklik üçin ulanylýar.

Karz, gönükdirilýän pudagyna baglylykda görnüşlere bölünýär. Haçan-da karz senagat kärhanalaryna hyzmat edende, onda ol senagat karzydyr. Şonuñ ýaly-da söwda, oba hojalyk karzy bolýar.Karzyñ pudaklaýyn ugry köp ýurtlaryñ döwlet statistikasynda öz ornuny tapýar (karz aýratyn senagat, söwda, oba hojalygy we beýlekilere bölünýär). Aýratyn täjirçilik banklarynda karzy pudaklara bölýärler.

Karzy toparlamak karzyñ obýektleri bilen şertlenendir. Ol karza garşy duran obýekti aýladýar. Köp ýagdaýlarda karz dürli harytlary almaklyk üçin ulanylýar (senagatda çig maly,

esasy we kömekçi materiallary, ýangyjy we ş.m; söwdada harytlaryñ dürli görnüşlerini, ilat uzak möhletli ulanylýan harytlary) bu ýerde karza dürli haryt material gymmatlyklar garşy durýar. Karz birnäçe ýagdaýlarda dürli önümçilik harajatlary ony amala aşyrmak üçin berilýär. Mysal üçin, oba hojalygynda karzyñ esasy ekarançylyk we maldarçylyk harajatlaryna gönükdirilýär, senagatda möwsümleýin harajatlar (abatlaýyş, oba hojalyk önümçiligini täze möwsüme taýýarlamak we ş.m). Karzyñ obýekti material-zat görnüşinde bolup we bolman biler. Karz alyjy karzy özüne haryt material gymmatlyklary toplamaklyk üçin almaklyk hökmany däldir. Şonuñ üçin karza anyk materiallarynyñ görnüşiniñ garşy durmagy hökman bolup durmaýar. Karz öplenç töleg aýlanşygynyñ üzñeligi esasynda alynýar (haçanda kärhananyñ wagtlaýynça boş pul serişdesi bolan, dürli görnüşleri gündelik töleg borçnamalar ýüze çykan ýagdaýynda). 01 tölegler kärhananyñ hünärmenlerine aýlyk hakyny, merkezi we ýerli býujetlere dürli salgytlary, emläk ätiýaçlandyrmasyna we gaýry töleglere tölemeklik zerurlygy bilen bagly bolan islegler üçin bolup biler. Şonuñ ýaly ýagdaýlarda karz töleg aýlanşygyndaky üzñeligiñ ýetmezçiligini ýapýar.

Karzyñ görnüşlerini topara bölmeklik onuñ üpjünçiligine baglydyr. Adatça karz üpjünçiliginiñ häsiýeti, derejesi we görnüşi boýunça tapawutlanýar. Üpjünçiligiñ häşiýetine baglylykda karzlar: göni we gytaklaýyn üpjünçiliklere bölünýärler.

Mysal üçin, göni üpjünçilikli karzlar, anyk maddy obýektlere, haryt material gymmatlyklara, anyk görnüşlerine berilýär. Gytaklaýyn üpjünçilikli karzlar töleg aýlanyşygynyñ üzñeligini ýapmaklyk üçin berilýär. Karz alyja karzyñ töleg borçnamalaryny ýapmaklyk üçin berilýänligine garamazdan, olaryñ karza garşy bolmasyzlygy mümkin, ýöne özleriniñ hususy pul çeşmelerinñ hasabyna döredilen haryt görnüşindäki ätiýaçlyklar, gytaklaüyn material üpjünçilikler bolup ýüze çkyýarlar. Karz üpjünçiliginiñ derejesine baglylykda: doly,

doly däl, üpjünçilikli we üpjünçiliksiz görnüşlerde bolýar. Doly üpjünçilikli, eger-de üpjünçiligiñ derjesi berilýän karzyñ möçberine deñ ýa-da ýokary bolan ýagdaýynda bolýar. Üpjünçiligi doly bolmadyk karza, haçan-da üpjünçiligiñ gymmaty karzyñ möçberinden pes bolan ýagdaýynda ýüze çykýar. Karz üpjünçiliksiz hem bolup bilýär. Olar ýaly karz (bankowyý) üpjünçiliksiz diýilip atlandyrylýar. Köp ýagdaýlarda ol bankyñ karz alyja wagtlaýynça ulanmaga berilýän serişdäniñ yzyna gaýdyp beriljegine ýeterlik ynanylyp bolanlygynda berilýär.

Karzyñ üpjünçiligine dine oña garşy duran belli bir gymmatlyklaryñ toplumyna seretmän, haryt material ätiýaçlyklarynyñ likwidliligine, şonuñ ýaly-da hem daşky keplllendirmesine seretmek bolar. Karz alyja degişli bolan adaty emläkleriñ, haryt material gymmatlyklarynyñ girewinde başga-da karzy yzyna gaýtarmaklyga dürli görnüşdäki kepillikler, üçünji tarapyñ kepil geçmegi ätiýaçlandyrma we ş.m. degişli.

Karz bermekligiñ möhletine baglylykda toparlara bölünende:gysga, orta we uzak möhletli karzlara bölünýärlerjEmma durmuşda olaryñ möhleti bir meñzeş bolman hem biler. 01 ykdysady şertler, inflýasiýanyñ derejesi bilen kesgitlenilýär. 90-njy ýyllarda Türkmenistanda inflýasiýanyñ ýokary bolanlygy sebäpli gysga möhletleýin karza köplenç 3-6 aýlyk möhlete çenli karzlar degişli edildi. Orta we uzak möhletli karzlar önümçiligi modernizirlemek, önümçiligi giñeltmek üçin düýpli harajatlary amala aşyrmaklyk zerurlygy bilen bagly bolan harajatlary amala aşyrmaklykda ulanylýar. Häzirki wagtda karzy orta we uzak möhletli karza degişli etmeklik üçin durnukly, standart ölçegi ýok. Mysal üçin ABŞ-da orta möhletli karzy üzmekligiñ möhleti 8 ýyldan ýokary bolmadyk karzlardyr. Germaniýada 6 ýyla çenli . Uzak möhletleýin karzlar üçin hem ýeke-täk çemeleşme ýok. Turkmenistan döwletinde gysga möhletli (1 ýyla çenli), orta (1-3 ýyla çenli), uzak möletli (3 ýyldan ýokary) karzlar

degişlidirlerj Karz alyjynyñ hojalyk aýlanyşygyna karzyñ hereket edýän dowamlylygyna baglylykda bölünmegi doly özüni ödän hasaplanýar, sebäbi hojalygyñ aýlanşygyndan hat-da gysga wagtlaýyn kapitalyñ aýrylmagy puluñ hümmetsizlenýän wagtynda uly ýitgä sezewar edýär. Inflýasiýanyñ güýçlenmegi karz bermekligiñ möhleti barasyndaky düşünjäniñ üýtgemegine getirdi.

Karzyñ görnüşlerini tölegiñ ulanylşyna baglylykda toparlara bölmek bolýar. Bu ýerde karzlar tölegsiz, gymmat we arzan görnüşlere bölünýär. Şeýle bölünmäge esas bolup karzy ulanmaklygyñ kesgitlenen göteriminiñ derejesi alynýar.

Häzirki zaman hojalygynda karz maýa hökmünde hereket edýär. 01 karz berijiniñ karzyna berilýän gymmatyñ puluñ jemi bolman, özünden ösýän gymmatyñ ösdürilen görnüşde, karz göterimi görnüşinde gaýtarylýandygyny añladýar. Karz alyjy bolsa, alan serişdelerini olaryñ kömegi bilen dine bir üznüksiz önümçiligi üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem karz berijä alan serişdelerini gaýtaryp hem-de karz göterimini
tölemek üçin ýeterlik bolan täze gymmaty döretmek üçin ulanmalydyr. Hut şunuñ üçin karz gymmat kategoriýasy hökmünde tölegli häsiýete eýedir.

Muña garamazdan, gadymy we häzirki wagtda örän çäklendirlen möçberlerde tölegsiz karz hem bardyr. Ol bankyñ öz işgärlerine karz berilende ýoldaşlyk karzlarynda ulanylýar.

Haryt karzynda (weksel görnüşinde) gijikdirlen töleglerde hem göterim alynýar. Bu ýerde göterim göni ýüze çykmaýan hem bolsa ol gijikdirlip tölenen önümiñ nyrhyna gytaklaýyn goýulýar.

**10.3. Kredit ulgamynyñ işiniñ mehanizmi.** Karz we pul ulgamynyñ bülewülik häsiýetini hasaba almak zerurdyr, şonuñ netijesinde pul gatnaşyklary öz gezeginde karz gatnaşyklaryna düýpli täsir edýärler. Pul gatnaşygynyñ haýallan ýagdaýynda, ýa-da inflýasiýa zerarly onuñ bozulan halatlarynda karzyñ yzyna gaýtarylmak hereketi ep-esli

kynlaşýar. Mysal üçin, kärhanalaryñ özara tölegsizlikleriniñ netijesinde puluñ hereketiniñ haýallamagy hojalyk dolanşygyna artykmaç karz serişdeleriniñ çekilmegine we olaryñ gaýtarylmazlygynyñ töwekgelçiliginiñ ýokarlanmagyna getirýär. Inflýasiýa şertlerinde dolanşyk ulgamynde karz serişdeleriñ gaýtadan paýlanylmagy netijesinde karzyñ dolanşygynyñ çaltlaşmagy bolup geçýär, bu bolsa öz gezeginde artykmaç pulmassasynyñ ösmegine getirýär. Uzak möhletli karzlaryñ udel agramynyñ üzül-kesil peselmeginiñ hasabyna karz goýumlarynyñ düzümi ýaramazlaşýar, üznüksiz önümçiligiñ üzülmegine ýaramaz täsir etmekligiñ möhletini uzaldýar.

Karz esasynda hojalyk dolanşygyna çekilen wagtlaýyn boş serişdeler, önümçilik gaznalarynyñ görnüşlerini çalyşmaklygynyñ yzygiderliligini üpjün edýärler, önümiñ öndürilmegine we ýerleşdirilmegine ýardam berýärler. Şeýlelik bilen karz kärhanalaryñ serişdeleriniñ dolanşygyny rejeli guramaga mümkinçilik berýär, köp senşdeleriñ pul gaznalaryna çekilmeginiñ öñüni alýarj.Ondan başga-da karz, önümçiligiñ netijeliligi ýokarlanmaga ýardam berýär, öz ýörelgelerine esaslaýyn hojalyk hasaplaşygyny berkitmäge mümkinçilik döredýärj Karzyñ şertnamasyny ýerine ýetirmekligi üpjün etmek üçin, kärhana karzyna alnan serişdeleri maksada laýyk we netijeli ulanmalydyr, olaryñ aýlaw tizligini çaltlaşdyrýan çäreleri amala aşyrmalydyr. Şol bir wagtyñ özünde karzyñ höweslendiriji roluna çenden aşa baha berip bolmaz. Karz gatnaşyklary hojalyk işiniñ netijeliligi ýokarlandyrýan şertleri döredýän hem bolsalar, bu şertleri anyk karz geleşiginde amala aşyrmaklyk birnäçe ýagdaýlara, köplenç ykdysady däl ýagdaýlara bagly bolup durýar. Mysal üçin, häzirki wagtda karzlaryñ yzyna gaýtarylmazlygyna ýerleşdirmekligiñ kynçylyklary, bir bätewi ykdysady giñişliginiñ bozulmagy, kärhanalaryñ özara bergileriniñ artmagy hem sebäp bolýar.

üznüksizligini üpjün etmek bilen; önüm öndürmegiñ ösüşini höweslendirmek bilen we ş.m.

Şonuñ bilen birlikde karz göni ylmy-tehniki ösüşi üpjün ediji ýagdaý hökmünde çykyş edýär, sebäbi ol maýa goýumlarynyñ möhüm çeşmesidir. Emma ylmy-tehniki ösüşiñ depginini üpjün edýän karz elementleriniñ netijeliligini alyp barýan karz syýasaty bilen kesgitlenilýärj

Bu ulgamda karzyñ roluny amala aşyrmak üçin ylmy köp talap edýän pudaklary ilkinjileriñ hatarynda karz berilmegi, önümçiligiñ tehniki taýdan kämilleşdirilmegini maksada laýyk ýola goýmaly^

Karz bermekligi önümçilige önümleriñ täze görnüşini ornaşdyrylmaly; inawasion banklary ösdürmeli. Infliýasiýanyñ ösýän şertlerinde karzyñ ylmy-tehniki ösüşi höweslendirmek mümkinçiligi azalýar, çünki täze tehnikany ornaşdyrylmak çäklendirilýär, ol yzygiderli gymmatlaýar, karzyñ berilýän möhleti harajatlaryñ öwezini dolup boljak möhletden has gysga bolýar.

Karzyñ ykdysady ýagdaýlara täsir etmekliginiñ ugurlarynyñ biri dolanşyk harajatlaryñ tygşylylykdaky roludyr. Karz tutuş jemgyýetçilk möçberinde pul dolanşygyny guramaklaryñ harajatlaryny azaltmaga ýardam berýär, pul dolanyşygynyñ ulgamyny arzanladýar. Karzyñ bu roly öñi bilen karzyñ nagt pullary karz amallary berilen çalyşmak hyzmatyny ýerine ýetirende amala aşyrylýar. Nagt däl hasaplaşyklaryñ ösmegi nagt pul dolanşygyny kemeltmäge mümkinçilik berýär, pul bergileriniñ dolanyşygy karz serişdeleri bilen çalşyrylýar, olar nagt däl dolanyşyga hyzmat edýärler. Bu dolanyşygyñ harajatlaryny ep-esli azaldýar, pul belgileriniñ çykarmak, hasaba almak, saklamak ýaly harajatlary kemeldýär.

Harajatlary tygşytlamak dolanyşygy çaltlandyrmagyñ hasabyna hem mümkindir.Karzyñ gaýtadan paýlanylmagy esasynda boş pul serişdeleriniñ köp gezek ulanylmagy puluñ aýlaw tizligini

ýokarlandyrýar, şeýlelikde puluñ az massasy bilen üznüksiz önümçiligiñ talaplaryny kanagatlandyryp bolýar. Ondan başga-da karz dolanşygyñ aýratyn fazalaryny çaltlandyrýar we degişlilikde, üznüksiz önümçiligiñ baryşyny tutuşlygyna çaltlandyrýar, ol harajatlaryñ kemelmegine täsir edýär. In soñunda karzy ulanmaklyk kärhanalaryñ dolanyşyk harajatlaryny kemeldýär, olaryñ pul görnüşindäki ätiýaçlyk gaznalary azalýar. Karzyñ kömegi bilen dolanyşyk serişdeleriniñ in rejeli düzümini düzedip bolýar, ol önümçiligiñ netijeliligine ýardam berýär.

Karzyñ durmuş ulgamda hem roly uludyr. Karzyñ durmuş mümkinçiligi onüñ hereket etmeginiñ köp ugurlarynda ýüze çykýar. Aslynda, hemme karzlaryñ durmuş ugry bardyr, sebäbi olaryñ esasynda jemgyýetçilik üznüksiz önümçiligiñ netijeliligi ýokarlanýar, jemgyýetçilik islegleri has doly kanagatlandyrlýar, ýaşaýyşyñ derejesi ösýär. Karz öñdebaryjyny tehnikany we tehnologiýanyñ ornaşdyrmagynyñ esaslarynyñ biri bolmak bilen, agyr we pes hünärli zähmetiñ azalmagyna ýardam edýär, jemgyýetçilik zähmet öndürijiliginiñ ösmegine we ilatyñ girdejileriniñ artmagyna getirýär.

Karz sarp ediş bazarynyñ ýagdaýynyñ gowulanmagyna getirýär, durmuş syýasaty bilen utgaşýar. Bu nukdaý nazardan karzyñ roly uludyr, ol halkyñ sarp edýän harytlaryny öndürýän pudaklara, söwda, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryny ugrukdyrylýar. Oba hojalygyna ýeñillikli karz bermek üçin ulanylýar. Isleg ödeýiş karzynyñ uly durmuş ähmiyeti bardyr, ol ilatyñ ýaşaýyş derejesiniñ has çalt ýokarlanmagyna ýardam berýär.

# 11-NJI BAP: Merkezi banklar.

## 11.1.Merkezi banklar barada umumy düşünje.
## 11.2.Merkezi bankyñ wezipeleri we guramaçylyk formalary.
## 11.3.Merkezi banklaryñ aktiw we passiw amallary.
## 11.4.Merkezi banklaryñ pul-kredit syýasaty.

**11.1. Merkezi banklar.** Bank - biznes bilen meşgullanýan özboluşly kärhana. Bank elindäki wagtlaýyn boş serişdeleri (karz serişdelerini) kärhanalara, edaralara, ilata, döwlete we başga edara görnüşli we fiziki taraplara töleglilik ýörelgäñ (prinsipiñ) esasynda satýar.

Bank, köplenç, hususy däl serişdeler bilen "işleýär". Ol başga kärhanalaryñ.Edaralaryñ, ilatyñ döwletiñ pul serişdelerini süýşürip paýlaýar.Şonuñ üçinem, bank diňe öz hususy gyzyklanmalaryny seretmän,jemgyýet gyzyklanmalaryna hem köp üns bermelidir.

Türkmenistanyñ bank ulgamyny häzirki döwürde şertli üç topara bölüp bolar: Birinji derejede Türkmenistanyñ Merkezi banky durýar.

Ikinji topara bolsa Türkmenistannyñ Döwlet täjirçilik banklary: "Prezidentbank" täjirçilik banky, Türkmenistanyñ daşary ykdysady Döwlet banky, "Halkbank" Döwlet täjirçilik banky, "Türkmenbaşy" Döwlet täjirçilik banky, "Turkmenistan" Döwlet täjirçilik banky, "Daýhanbank" Döwlet täjirçilik banky girýär.

Üçünji topara Türkmenistanyñ şu aşakdaky banklaryny goşup bolar: "Senagat" paýdarlar täçirçilik banky, "Garagum" halkara paýdarlar täjirçilik banky, bilelikdäki Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky, Türkmen-rus Karzbanky, Eýranyñ "Saderat" bankynyñ we Pakistanyñ Merkezi bankynyñ Aşgabat şäherindäki şahamçalary.

Bankyñ içinde şertnama we hemişelik aragatnaşyklar uly orun tutýar. Hemişelik aragatnaşyklara aşakdaky häsiýetler

mahsusdyr:ynamlylyk we iki taraplaýyn bähbitlilik.
Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ işi "Türkmenistanyñ Merkezi banky hakynda" kanun esasynda dolandyrylýar.
Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ esasy maksatlary:
- Durnukly pul birliklerini üpjün etmek;
- Nyrhlaryñ durnuklylygyny gazanmak we goldamak;
- Durnukly bank ulgamynyñ işlemegini üpjün etmek;
- Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetini maliýe tarapdan goldamak;
- Karz we pul syýasatyny döretmek we ony amala aşyrmak;
- Walýuta syýasatyny döretmäge, kabul etmäge we amala aşyrmaga gatnaşmak;
- Ygtyýarnamalary bermek we banklara hem-de bank ulgamyna gözegçiligi amala aşyrmak;
- Döwletiñ halkara ätiýaçlyklaryny saklamak we olara ygtyýarlyk etmek;
- Hasaplaşyk ulgamynyñ netijeli işlemegine ýardam etmek;
- Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetiniñ bankiri, geñeşçisi we fiskal agenti
bolup durýar;
- Pul syýasatynyñ meseleleri boýunça ähli hökümetara maslahatlarynda, ähli geñeşlerde we guramalarda Turkmenistan döwletine wekilçilik edýär;
- Daşary ýurt banklaryna ygtyýarnamalary berýär we şolaryñ peýdalylygyna gözegçiligi amala aşyrýar hem-de öz ygtyýarlygyndaky beýleki meseleleri
çözýär;
- Daşary ýurtlaryñ hökümetlerine, daşary ýurtlaryñ merkezi banklaryna we maliýe guramalaryna, şonuñ ýaly-da Turkmenistan döwletiniñ ýa-da Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ agzalykda durýan halkara guramalaryna bank hyzmatlaryny edýär;
- Halkara guramalaryñ we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gatnaşýar;
- Turkmenistan döwletiniñ wekili hökmünde

Türkmenistanyñ halkara guramalaryna gatnaşmagy bilen baglanşykly borçnamalary öz üstüne alýar we degişli amallary amala aşyrýar.

Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ işini Müdiriýet dolandyrýar. Müdiriýet bankyñ başlygyndan, başlygyñ omnbasarlaryndan, hem-de bankyñ we döwletiñ ýolbaşçylaryndan ybarat.

**11.2.Merkezi bankyñ funksiýalary we guramaçylyk formalary.** Müdiriýetiñ wezipeleri aşakdakylardan ybarat:

- Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ ähli işine umumy ýolbaşçylygyny, barlagy we gözegçiligi amala aşyrmak;
- Karz-pul, walýuta we ykdysady ýagdaýlaryna wagtal-wagtal baha bermek;
- Türkmenistanyñ pul-karz syýasatyny, şol sanda Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ açyk bazardaky amallaryny, göterimleriñ defisitini we nesýelerini, banklaryñ Türkmenistanyñ Merkezi bankynda saklamak hökmany ätiýaçlyklaryny we olaryñ möçberini kesgitlemek;
- Merkezi bankyñ girdejileriniñ we çykdajylarynyñ hasabatyny, ýyllyk dokladlaryny we maliýe hasabatlaryny, banknotlaryñ alyş-çalyş kursuny we nominal gymmatyny kesgitlemegiñ tertibini, pullary dolanşykdan aýyrmagyñ şertlerini, üzlümäge degişli bolan bergidarlyk borçnamalaryny tassyklamak, Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetine berilýän karzlaryñ her birini tassyklamak;
- Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ guramaçylyk taýdan düzülişini we sanaw tertibini bellemek; içki tertip-düzgüniñ kadalaryny we gullukçylaryñ is şertlerini tassyklamak;
- Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ başlygynyñ orunbasarlaryna degişli wezipeleri bellemek barada teklipleri hödürlemek;
- Buýruklary, görkezmeleri we umumy peýdalanmak üçin gönükmeleri, Türkmenistanyñ Prezidentine hödürlenýän Merkezi bankyñ dokladlaryny we maslahatlaryny tassyklamak,

özüniñ filiallaryny we wekillerini döretmek we ýatyrmak;

- Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ ustaw maýasyny, kapitalyny artdyrmaga teklip etmek;

- Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ hasabat kitaplarynda ýörite maksatlara gönükdirilen ätiýaçlyklary bellemek;

- Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ arassa girdejisini we şol girdejiniñ näçe mukdarynyñ ol ýa-da beýleki ätiýaçlyk fonduna girilmelidigini çözmek;

Merkezi bankyñ Müdiriýetiniñ agzalary Türkmenistanyñ Prezidenti taparyndan ýedi ýyl möhlete bellenilýär. Müdiriýetiñ agzalarynyñ Türkmenistanyñ kanuny esasynda gaýtadan bellenilmäge hukugy bardyr.

Müdiriýetiñ başlygynyñ, onuñ orunbasarlarynyñ we Müdiriýetiñ gaýry agzalarynyñ zähmet haky Türkmenistanyñ Prezidenti tarapyndan bellenilýär.

Türkmenistanyñ Ministrler Kabinetiniñ düzümine girýän we Halk maslahatyna saýlanan adamlar Müdiriýetiñ islendik agzasy hökmünde bellenip bilinmez.

Müdiriýetiñ islendik agzasy Türkmenistanyñ Prezidenti tarapyndan şu aşakdaky ýagdaýlarda wezipesinden boşadylýar, ýagny:

- eger ol Ministrler Kabinetiniñ düzümine we Halk maslahatyna saýlanan bolsa;
- jenaýat jogapkärçiligine çekilen bolsa;
- işinde harsallyk göýberenligi sebäpli ygtyýarly häkimiýetler tarapyndan öz hünäri boýunça işlemekden çeltleşdirilen bolsa;
- saglyk ýagdaýy zerarly öz wezipesini ýerine ýetirmäge ukypsyz bolsa;
- öz işleýän ýerinde Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ bähbitlerine garşy gelýän hereketleri edip, oña düýpli zyýan ýetirse.

Türkmenistanyñ kanuny boýunça Müdiriýetiñ hiç bir agzasy ýokarda görkezilmedik esasly sebäpli wezipesinden boşadylyp bilinmeýär.

Müdiriýetiñ islendik agzasy bir aý öñünden Türkmenistanyñ Prezidentiñe ýazmaça görnüşinde arza bermek bilen işden çykyp bilýärler.
Müdiriýetiñ ýygnagy özüniñ islendik 3 sany agzasynyñ ýazmaça talaby boýunça çagyrylýar. Müdiriýetiñ ýygnaklaryna onuñ onuñ başlygy ýa-da ol ýok bolsa, ses bermäge gatnaşmagy mümkin bolmadyk ýagdaýynda, birinji omnbasar ýolbaşçylyk edýär.

Müdiriýetiñ Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ işi boýunça karar kabul etmek üçin zerur bolan döwürde, ýöne çärýekde 3 gezekden az bolmadyk ýagdaýynda ýygnanyşmalydyr. Müdiriýetiñ kararlary onuñ agzalarynyñ sesleriniñ köplügi esasynda kabul edilýär. Müdiriýetiñ her agzasynyñ bir sesi bar. Yygnakda kworum Müdiriýetiñ agzalarynyñ ýarysyndan köpräginiñ gatnaşmagy bilen üpjün edilýär, şonda Müdiriýetiñ dine ýygnaga gatnaşýan agzalary ses bermäge hukuklydyrlar.

**11.3.Merkezi banklaryñ aktiw we passiw amallary.** Günbatarda bankyñ aktiwleri diýilip, geljekki ykdasady peýdalary getirip bilýän serişdelere aýdylýar. Şol serişdeler bankda öñh' amallarynyñ ýa-da wakalaryñ netijesinde toplanýar, olary bank ulanýar hem-de gözegçilik edýä^T Aktiwleriñ umumy häsiýetnamasy "hyzmat mümkinçiligi" ýa-da "geljekki ykdysady peýdasy", olar bolsa geljekde hyzmat etmäge ýa-da peýda getirmäge ukyplylygyny görkezýärler Şu hyzmat mümkinçilikleri we geljekki peýdalar pul akymlar görnüşde ýüze çyk^arlar.

Aktiwler geçen wakalardan döreýär, olar pul ýa-da pul däl amallaryñ esasynda banka gelip bilerler. Aktiwler satyn alnyp bilner, olary gaýry aktiwlere çalşyp, subsidiýa ýa-da dotasiýa görnüşinde berip bolýar. Banklaryñ amallaryny karz, maýa goýum, walýuta, factoring, forfeiting, lizing we gaýry amallary goşup bolar. Şu amallaryñ esasy maksady, geljekde bank üçin peýda getirmekdir.

Karz berýän banklar karz alyjynyñ maliýe ýagdaýyna gözegçilik edýärler, katfzçylar bilen wagtal-wagtal duşuşyp, kärhananyñ, birleşigiñ maliýe ýagdaýyny bilmek, beren karzynyñ peýdaly gaýdyp geljegine ynam bildirmek hem-de beren karzlarynyñ şertnamada görkezilen maksatlara ulanylýanlygyny bilmek banklar üçin örän,.ähmiýetlidir, karzçy özüne gaýry maliýe borçnamalary almaýar. Kämahallar berlen kagyzlar örän uly bolsa we karzça doly ynam bolmasa, bankyñ ýolbaşçylarynyñ biri kompaniýanyñ direktorynyñ maslahaty esasynda, bankyý maýa goyumlaryny goramak maksady bilen onuñ agzasy bolup biler.

Bankçy walýuta, lizing, faktoring we gaýry aktiw amallardan gelýän girdejilere we zyýanlara üns bermelidirler.
Bazar ykdysadyýetinde harytlaryñ, hyzmatlarynyñ hümmetleri üýtgäp durýar.

Bankyñ passiw amallary bilen tanyşanymyzda, bankyñ hususy serişdeleriniñ peýdasy alynan ýylda toplanan emläk we gaýry gymmatlyklara, pul toplanmalara düşünilýär.
Bankyñ dörediş gaznalary bankyñ açylan döwründe bankyñ esaslandyryjylary tarapyndan döredilýär. Şol gaznanyñ iñ az möçberi, merkezi bank tarapyndan kesgitlenilýär. Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ tarapyndan kesgitlenen ölçeg boýunça häzirki döwürde dörediş gaznanyñ iñ az mukdary-lOmln. ABŞ dollar Bankyñ dikeldiş gaznasy, esasy gaznalaryñ fiziki we moral taýdan köpelýändigi sebäpli, şol gaznalarynyñ öwezini dolmak üçin döredilýär. Esasy gaznalaryñ bahasynyñ belli bir göterimi amortizasion ölçegler boýunça şol fonda geçirilýär.

Önümçiligi durmuş taýdan ösdürmek gaznasy bankyñ hasabyna döredilýär we bankyñ işini ösdürmek hem-de bankçylaryñ durmuş ýagdaýyny gowylandyrmak üçin döredilýär.Türkmenistanyñ kanunlary esasynda, banklar alnan peýdalarynydan döwlet býujetine salgytlar geçireleninden son, şol gaznalary döredip bilýärler. "Turkmenistan" döwlet täjirçilik banky bolsa ýokarda görkezilen amortizasion,

önümçilik, durmuş taýdan ösdüriş gaznalary bilen bilelikde maddy gyzyklandyrmaly, diwidentleri tölemek, indeksasiýa we rezerw gaznalaryny döredipdirler.

**11.4.Merkezi banklaryñ pul-kredit syýasaty.** Türkmenistanyñ Merkezi banky Prezident tarapyndan alnyp barylýan Türkmenistanyñ pul syýasatynyñ ýöredilmegi üçin jogapkärçilik çekýär. Türkmenistanyñ pul syýasatyny geçirende Turkmenistan döwleti tarapyndan göýberlen gymmatly bergidarlyk kagyzlaryny we Türkmenistanyñ Merkezi banky tarapyndan göýberlen bergidarlyk borçnamalary gönüden göni ýa-da gaýtadan satyn almak ýa-da satmak maksatlarynda açyk bazara çykarýar: başga hiç hilli gymmatly kagyzlar şu maksatlar üçin ulanylyp bilinmez. Merkezi bankyñ pul syýasatyny geçirilende degişli karar çykarmak arkaly Tärkmenistandaky Merkezi bankyndaky hasapnamalardaky goýumlar ähli banklar üçin deñ bolan belli bir minimal derejede saklamagy banklardan talap etmäge hukugy bardyr. Şu ýagdaýlarda goýumlaryñ karz serişdeleriñ we Türkmenistanyñ Merkezi banky tarapyndan hökmany ätiýaçlyk hökmünde bellenen gaýry serişdeleriñ möçberi olaryñ goýumlarynyñ töleniş möhletine bagly bolýar.

Türkmenistanyñ Merkezi bankyndaky normatiwden daşary saklanýan ätiýaçlyklar boýunça göterim tölenýär. Merkezi bankyñ hasapnamalarynda saklanýan hökmany bank ätiýaçlyklarynyñ jemi bankyñ ähli borçnamalarynyñ jeminiñ 20% ýa-da Merkejzi bankyñ normatiw resminamalary tarapyndan kesgitlenýän aýratyn ýagdaýlarda zerur bolan has ýokary möçberden artyk bolmaly däldir. Hökmany ätiýaçlyklaryñ derejesini beýleki ýa-da üýtgeýän gözükdirijiler banklaryñ täze ätiýaçlyklaryñ ýa-da olaryñ saklanyş derejesi baradaky talaplary ýerine ýetirmegiñ möhletini görkezmelidir. Türkmenistanyñ Merkezi banky dine hasapnamalyryñ eýeleri tarapyndan görkezilýän şu serişdeleri hasaba alýar: Türkmenistanda tölenmäge degişli bolan we tölegiñ ukyby

bolan taraplaryñ azyndan üçüsiniñ goly goýlan hem-de Merkezi bank tarapyndan alynan gününden başlap üç aýa çenli üzülişik möhleti bolan manat görkezijä möhletini we bergidarlyk borçnamalaryny: Türkmenistanyñ Merkezi banky aýratyn ýagdaýlarda şol serişdeleri olarda 2 sany tölege ukyply tarapyñ goly bolan ýagdaýynda we üzülişik möhleti Türkmenistanyñ Merkezi bankyñ tarapyndan alnan gününden başlap üç aý dolan bolsa, ýöne alty aýdan köp bolmadyk şerti bilen hasaba alyp bilýär.

beýleki banklara ygtyýarnamalaryny alan banklarynyñ is ugurlarynyñ barlygynyñ netijeleri babatda Türkmenistanyñ Merkezi bankyna aşakdaky ygtyýarlar berilýär.

- kanunçylyk namalara laýyklykda maliýe ulgamynyñ kadaly işlemegi üçin degişli düzgünnamalary, gollanmalary, görkezijileri ýa-da beýleki normatiw namalary degişli ygtyýarnamalar bermek bilen neşir etmäge we kada görkezijilerini girizmäge gözegçilik işini geçirmäge;
- islendik bank edaralaryna barmaga we buhgalter hasabatyny, kitaplary, resminamalary, banklaryñ gaýry maglumatlaryny barlamaga, özüni bank gözegçiligini wezipesini dogry ýerine ýetirmek üçin zerur bolan maglumatlary almaga.

Türkmenistanyñ Merkezi banky karzlaryñ ýa-da borçnamalaryñ aýry halatlarda kepillendirilendigi babatda karar kabul etmedik ýagdaýynda şol karzlaryñ ýa-da borçnamalarynyñ her birisi ýörite aktiwler bilen kepillendirilmelidir; muña garamazdan Türtkmenstanyñ Merkezi banky şunuñ ýaly üpjün edilmedik karzy ýa-da şertli borçnamany diňe şu aşakdaky ýagdaýda berýär:

- şol karzlary ýa-da borçnamalary bermek bank hasapnamasynyñ eýesiniñ gymmatly kagyzynyñ tiz satylyp bilinjegini düzgünleriniñ talaplaryna degişli we jemgyýetçilik pikirine laýyk gelmegi bilen dörän aýratyn ýagdaýlarda;
- şeýle karzy ýa-da borçnamany bermäge Türkmenistanyñ Merkezi banky tarapyndan edilen teklibe bir günde - günüñ

dowamynda Ykdysadyýet we Maliýe ministrliginiñ garşylygy bolmadyk ýagdaýda;
Türkmenistanyñ Merkezi banky likwidlilik hakynda bellenen düzgünleriniñ talaplaryna laýyk gelýän özüniñ ederlikli maksatnamasyna, ýagny likwidlilik babatynda Türkmenistanyñ Merkezi banky tarapyndan öñe sürlen talaplaryny kanagatlandyrmak boýunça degişli banklar tarapyndan çäreleriñ görülmegini göz öñünde tutýan maksatnamasyna esaslanyp, şeñle karzlary hem boçnamalary bermegiñ möhletini uzaldyp biler.

Türkmenistanyñ Merkezi banky kliring we bankara hasaplaşyk töleg hyzmatlaryny döretmäge beýleki banklary kömek berip, çek boýunça tölegleri ýa-da beýleki töleg serişdeleri bilen bilelikde şol amallary geçirmegiñ tertibini we düzgünini belläp hem bilýär.
Türkmenistanyñ Merkezi banky bank maglumat ulgamyny döredip we işe girizip bilýar.
Türkmenistanda täjirçilik we beýleki banklar merkezi bank tarapyndan berlen ygtyýarnamalar esasynda öz işlerini alyp barýarlar.

# 12-NJI BAP:Täjirçilik banklary.

## 12.1.Täjirçilik banklaryñ wezipeleri, olaryñ dolanşyk we guramaçylyk strukturasy.
## 12.2.Gysga möhletleýin, uzak möhletleýin we orta möhletleýin kreditlar.
## 12.3.Täjirçilik banklaryñ inwestision syýasaty we işi.
## 12.4.Likwidlilik.

**12.1.Täjirçilik banklaryñ wezipeleri, olaryñ dolanşyk we guramaçylyk gurluşy.** Täjirçilik we beýleki banklar şu aşakdaky bank amallaryny we gepleşiklerini geçirip bilerler, ýagny:

- müşderileriñ we banklaryñ korrespondentleriniñ, şol sanda daşary ýurtlaryñ hasapnamalary açmagy we alyp barmagy;
- müşderileriñ we banklaryñ korrespondentleriniñ tabşyrygy boýunça hasapnamalary we olaryñ kassa hyzmatyny amala aşyrmagy, karzlary bermegi;
- inwestirleýän serşdeleriniñ eýeleriniñ we şol serişdeleri berijileriñ tabşyrygy boýunça, şeýle hem bankyñ öz serişdeleriniñ hasabyna maýa goýumälyryny maliýeleşdirmegi;
- paýnamalary we beýleki gymmat bahaly kagyzlary göýbermegi. Öz hasabyna ýa-da müşderileriñ serişdeleriniñ hasabyna töleg resminamalary we gymmat bahaly kagyzlary satyn almagy, satmagy we saklamagy, şeýle hem solar bilen häzirki hereket edýän kanunlar tarapyndan gadagan edilmedik beýleki amallary amala aşyrylmagy;
- ýerine ýetirilmegi pul görnüşde göz öñünde tutulan kepillikleriñ, zamunlyklaryñ we gaýry borçnamalaryñ üçünji taraplaryñ adyndan berilmegi;
- harytlary ibermegiñ postawkasynyñ we hyzmatlary etmek hakyndaky şertnamadan gelip çykýan talap hukuklaryny edilmegi, şeýle talaplary ýerine ýetirmegiñ töwekgelçilikleriniñ kabul etmegi we şol talaplary inkassirlenmegi forfeiting, şeýle hem şol amallarynyñ harytlaryñ hereketlerine goşmaça gözegçilik bilen ýerine ýetirilmegi.

- edara görnüşli we fiziki taraplara, şol sanda daşary ýurtly edara gömüşli we fiziki taraplardan nagt daşary ýurt walýutasynyñ hem-de hasapnamalarda we goýumlarda bar bolan walýutany satyn almagy we olara satmagy;
- Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ ygtyýarnamasy esasynda Türkmenistanda we onuñ çäginden daşarda gymmatbahaly metallary, daşlary, şeýle hem şolardan ýasalan önümleri kabul etmegi we saklamagy;
- Müşderileriñ tabşyrmagy boýunça serişdeleri çekmegi we ýerleşdirmegi hem-de gymmatly kagyzlarynyñ dolandyrmagyñ amallary;
- Bank işi bilen baglanyşykly konsultatiw hyzmatlary etmegi, şol sanda müşderileriñ maýa goýumlaryny dolandyryjy ýa-da geñeşçi ýa-da maliýe agenti ýa-da konsultanty hökmünde hyzmatlary etmegi;
- enjamlary, ulag serişdelerini we gaýry emlägi kärende şertlerinde bermek üçin olary bankyñ öz serişdeleriniñ hasabyna satyn almagy;

- häzirki hereket edýän kanunlara laýyklykda gozgalmaýan emläk bilen
girewine goýmak - almak amallaryny we beýleki amallary geçirmegi;
- degişli ygtyýarnama bar bolan halatynda we Türkmenistanyñ kanunçylyk namalary bilen gadagan edilmedik beýleki amallary we gepleşikleri
geçirmegi;
- maddy önümçiligiñ we maddy gymmatlyklarynyñ söwdasy, şeýle hem
ätiýaçlandyrmanyñ ähli görnüşleriniñ sferasyndaky banklaryñ işi gadagan
edilýär, muña walýuta ätiýaçlandyrmasy, karz we göterim
töwekgelçilikleri we beýleki bank amallary boýunça töwekgelçiliklere

girmeýär.
Täjirçilik we beýleki banklaryñ dolandyrylyşy.




Geñeşiñ agzalarynyñ göz haky dine bankyñ düşewündinden tölenýär. Şu aşakdaky halatdakylar bankyñ Geñeşiniñ agzalygyna saýlanyp bilmez, eger saýlanan bolsa onda

boşadylmalydyrlar, hususanda:
- belli bir is bilen meşgullanmak ýa-da belli bir wezipäni eýelemek hukugyndan suduñ karary bilen kesilen adam;
- Geñeşiñ agzalygyna saýlanmazdan ozal, gös-göni Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ müdirýetiniñ agzasy bolan ýa-da bolup durýan adam.
- Bergä batyp galan diýilip yglan edilen adam;

Geñeşiñ agzalary öz hukuklaryny we boçlaryny üçünji taraplara berip bilmeýärler.

Bankyñ geñeşiniñ we müdirýetiniñ agzalary şol bir wagtyñ özünde auditor guUugynyñ agzalary bolup bilmezler. Auditor gullugy şu aşakdaky wezipelere borçlydyr, ýagny:
- bankyñ hasapnamalaryny we ýazgylaryny derñemäge;
- bank tarapyndan ulanylýan kanunlaryñ we düzgünleriñ berjaý edilişine gözegçilik etmäge we bu barada bankyñ Geñeşiniñ öñünde hasabat bermäge;
- bankyñ işini barlamaga;

Auditor gullugy çärýekde bir gezek ýygnanýar, emma adatdan daşary ýagdaýlarda bankyñ Geñeşiniñ çagyrmagy boýunça ýygnanýar. Kararlar gatnaşýan agzalaryñ köplügi bilen kabul edilýär we ses bermekden saklanmaklyk rugsat berilmeýär.

**12.2.Gysga möhletleýin, uzak möhletleýin we orta möhletleýin kreditler.** Wagtlaýyn ulanylmaýan belli bir maksatlara, möhlete niýetlenen, yzyna gaýtarmak şerti bilen karz berilýän pul serişdelerine ykdysady edebiýatlarda kredit (karz, nesýe) diýilýär.

Möhleti boýunça karzlar üç topara bölünýär: uzak, orta we gysga möletleýin karz.

Uzak möletleýin karzlar köplenç üç ýyldan uzak möletlere bölünýär.

Orta möhletleýin karzlar bir ýyldan üç ýyla çenlidir.

Gysga möhletleýin karzlar köplenç bir ýyla çenli berilýär.

Bellemeli zat, ykdysatçy alymlaryñ ençemesi karzlary möhletleri boýunça diýe ikf topara bölünýär: gysga we uzak möletleýin karzlar.

Ykdysady edebiýatlarda görnüşi boýunça karzlar aşakdakylara bölünýär: bank, täjirçilik, sarp ediş, hojalyklara, döwlet, döwletara, bankara we konsorsial karzlara.

Bank karzlary, banklaryñ öz müşderilerine - kärhanalara, edara görnüşli we fiziki taraplara niýetlenendir.

Kärhanalaryñ biri-birine berýän nesýeleri täjirçilik karzlarydyr. Söwda edaralaryñ ilata ýa-da banklaryñ ilata berip bilýän karzlary sarp ediş karzlarydyr.

Hojalyklara karzlary köplenç kärhanalar tarapyndan beriýär. Gelýän girdejiler son goýumlaryñ möçberine görä paýlanýar.

Döwlet karzy bolsa, döwlet ilatdan obligasiýalary we gaýry gymmat bahaly kagyzlary çykaranda alýar. Döwletara karzlary döwletler biri-birinden alyp bilerler.

Bankara karzlary, banklar biri-birinden, öz karz serişdeleri ýetmedik ýagdaýda alyp bilerler.

Birnäçe banklar bir taslama boýunça karzyna pul serişdelerini berýän bolsalar, şol karzlar konsorsial karz diýip atlandyrylýar.

Banklar köplenç karzlary dine hususy serişdeleriniñ hasabyna bermän, eýsem müşderilerden agtlaýyn alnan serişdeleriñ hasabyna-da berilýär.

Karzlary bermek üçin süýşürilýän serişdelere, karz serişdeleri diýilýär. Banklar karz serişdeleri hökmünde aşakdaky serişdeleri ulanyp bilerler:

a) bankyñ dörediş (ustaw), ätiýaç, rezerw we gaýry toplumlaryñ serişdeleri;

b) bank müşderileriniñ hasaplaşyk, depozit, gündelik (tekuşiý) , goýum we gaýry hasapnamalarda ýerleşýän wagtlaýyn ulanylmaýan serişdeler.

**12.3.Täjirçilik banklaryñ inwestision syýasaty we işi.**

Bankyñ in ýokary ýolbaşçylary we direktorlary maslahaty

maýa goýum syýasatynyñ döredilmegine jogap berýärler. Günbatar maýa goýum syýasaty, köplenç, aýratyn ýa-da resminama esasynda alnyp barylýar. Şol resminama aşakdaky maglumatlar bolmalydyr:

- syýasatyñ esasy maksatlary;
- syýasaty durmuşa geçirmek üçin jogap berýän işgärleriñ atlary;
- maýa goýum sebediñ düzümi;
- gymmat bahaly kagyzlaryñ banka gelmeýän görnüşleri;
- satyn alnan we bankyñ sebedinde saklanýan kagyzlaryñ möhletleri;
- kagyzlaryñ hili we sebediñ diwersifikasiýasy (bir kompaniýanyñ ýa-da dürli kompaniýalaryñ, pudaklaryñ gymmat bahaly kagyzlary);
- kagyzlary üpjün hökmünde ulanmak tertibi;
- kagyzlaryñ seýfde saklanyşy;
- gymmat bahaly kagyzlary satyljak ýa-da alynjak wagtynda ibermegiñ tertibi;
- kompýuter maksatnamalary;
- kurs boýunça utuşlaryñ we zyýanlaryñ hasabaty;
- gymmat bahaly kagyzlaryñ, "swop" amallarynyñ aýratynlyklary;
- gymmat bahaly kagyzlarynyñ tertibi.

Emitentiñ tölege ukyplylygy barada maglumatlaryñ arhiwiniñ alnyp barylyşy.

Günbatar edebiýatlarda bankyñ maýa goýum ugrunyñ iki görnüşi görkezilýär: passiw we agressiw. Passiw ugruñ mysaly: maýa goýumlaryñ belli ölçeg bilen dürli möhletli dürli çykarmalaryñ paýlanyşy ("basgançak" usuly) we garşy möhletli r kagyzlarda maýa goýumlary jemlemek ("ştanga" usuly).

"Basgançak" usuly bankyñ maýa goýum gözýetimleriniñ çäklerinde dürli möhletli kagyzlary satyn almagyna esaslanýar. Mysal üçin, bank 50 mln. dollary maýa goýun sebedini 5 ýylyñ dowamynda saklajak bolýar. "Basgançak" ulanjak bolsa, 10

mln dollara bir ýyllyk kagyzlary satyn alamaly, 10 mln dollarada iki ýyllyk kagyzlary satyn almaly we ş.m. Sebedi belli ölçegli 5 ýyl aralygynda paýlanýar. Şu ugry tejribede ýerine ýetirmek añsat, sebäbi bir ýyllyk gymmat bahaly kagyzlaryñ möhleti gelende, boşan serişdeleri 5 ýyl möhletli kagyzlara 10 mln dollara täzeden goýum edip bolýar. Şu usuly ulananda maýa goýum hasapnamanyñ işjeñligi minimuna çenli azalýar we bank öz sebedinden hem orta normaly girdeji alýar.

"Ştanga" usuly işleriñ bir bölegini örän gysga we örän uzak möhletli kagyzlara maýa goýýar we sebediñ kiçi bölegini orta möhletli kagyzlarda saklaýar. "Ştanga" termini wagtyñ iki gutarýan spektorlarynda goýumlary jemelemek bilen bagly. Şonuñ bilen uzak möhletleýin kagyzlar köpräk girdeji getirýärler we gysga möhletleýin kagyzlar - bankyñ likwidliligini üpjün edýärler.

Agressiw ugry. Şu görnüşli syýasaty köplenç uly banklar durmuşa geçirýärler, olarda maýa goýum kagyzlaryñ sebedi hem bolýar we olar şu sebetden maksimal girdeji almaga synanşýarlar. Şu usul köp serişdeleri talap edýär, sebäbi gymmat bahaly kagyzlaryñ bazarynda uly aktiwlik bilen bagly. Şu usul derñew bahalary we gymmat bahalaryñ kagyzlaryñ bazarynyñ umumy ykdysadyýetiñ ýagdaýynyñ çaklamasyny talap edýär.

**12.4.Likwidlilik.** Müşderi fiziki tarapy bolan ýagdaýda, onuñ häsiýetnamasy, karzy yzyna gaýtaryp bermäge ukyplylygy bilen deñ gelýär. Gowy häsiýetlenýän müşderiler düzgün boýunça alnan karzlary yzyna wagtynda gaýtaryp berýärler.

Emma karzy edara görmüşli tarapy aljak bolýan ýagdaýynda bankyñ işgärleri hökmany suratda kärhanalarynyñ ýolbaşçylarynyñ işleri nähili dolandyrýandygyny barlaýarlar. Olaryñ maliýede, marketingde kärhanany dolandyryşynda emelleri, bilimleriniñ netijeliligini añladýar.

Ony bilmek üçin bankyñ işgärleri karz alýan kärhananyñ

ýolbaşçylarynyñ häsiýetnamasy bilen tanyşýarlar.

Telekeçilik işinde öñ işlemedik ýolbaşçylaryñ, olaryñ öz wezipelerini ýerine ýetirip bilijilik ukyby barlanylýar.

Ösen döwletlerde bir ýylyñ hasabatynyñ öñünden, kärhananyñ ýolbaşçylarynyñ gysgaça häsiýetnamalary ýazylýar.

Marža (peýda).

Karz serişdeler pul gazanmak üçin berilýär, şonuñ üçin göterimler şertnamadaky möhletden son, karz gaýtarylyp getirilende, komission tölegleriñ özünden hasapianylýar.

"Prosent göterimleri iki topara bölünýär:

1) Berktdilen göterimler.
2) Berkidilmedik göterimler.

Karzyñ maksady.

Karzyñ maksady bankyñ işgärlerine hökmany ýagdaýda belli bolmaly. Şu serf edara görnüşli we fiziki taraplara degişli. Bankyñ işgäri karzyñ maksadyny bilmän karz bermeli däldir.

Karzyñ maksady müşderi bilen bankyñ işgärleriniñ arasyndaky ylalaşyk esasynda kesgitlenilýär. Karz dürli maksatlar üçin berilip bilner. Emma karzyñ maksady hökmany ýagdaýda döwletiñ kanunlaryna hem-de kärhananyñ dörediş resminamasyna gabat gelmelidir. Kanuna laýyk gelmeýän karzlar berlen ýagdaýda:

- zyýan çekilmegi mümkin;
- jenaýat işi gozgalyp bilner;
- berlen karz wagtynda yzyna gaýdyp gelmez.

Karzyñ möçberi.

Karzyñ möçberini kesgitlemek üçin bankyñ işgäri dört soraga jogap bermelidir:

1) Bankçy karzyñ möçberini ýüzugra çykarmaly däl:

2) Karz inspektory müşderiniñ artykmaç ýa-da az karz alanyny anyklaýar. Alynýan karz ulanjak bolýan maksada laýyk gelmeli. Karz berlende müşderiniñ maliýe ýagdaýy we bergini gaýtaryp bermäge ukyplylygy göz öñünde tutulmaly.

3) Karzy öñ beren bank, ilki beren pul serişdelerini yzyna gaýtaryp aljak bolsa, ýene-de goşmaça karz bermeli bolýar.

Şonuñ üçin ykdysady taýdan ösen döwletlerde bankyñ işgärleri müşderileri bilen, onuñ çykdajylaryny ýeke-ýekeden hasaplaýarlar.

4) Müşdeleriñ göz öñünde tutýan maksatlaryny ýerine ýetirmegi üçin hususy serişdeleriñ möçberi, karzyñ möçberinden köp bolmaly. Emma birnäçe karzlar, müşderiniñ hususy serişdeleri az bolan ýagdaýynda berilýär. Mysal üçin: daşary döwletlerde ýaşaýyş jaý gurmak üçin karz jaýyñ 95% bahasyna çenli berilýär. Ulag almak üçin bolsa köp döwletlerde müşderiler alýan ulagyñ bahasyndañn diñe 20-33,3% eýeleri töleýärler. Ulagyñ galan bahasy banklaryñ berýän karzlarynyñ hasabyna tölenýär.

## 13: Maliýeniñ halkara ykdysady gatnaşyklarynda orny.

**13.1. Maliýeniñ halkara integrasion prosesine bolan täsiri.**
**13.2.Merkezleşdirilen walýuta fondlaryň emele gelmegi we ulanylşy.**
**13.3.Milli kärhanalaryň dünýä bazaryna çykmaklygynyň maliýe höweslendirmeleri.**
**13.4.Daşary ýurt inwestorlara bolan maliýe ýeňillikleri.**

**13.1. Maliýeniñ halkara integrasion prosesine bolan täsiri.** Hojalygy alyp barmagyñ guraly hökmünde maliýe Türkmenistanyñ dünýä ykdysadyýetine girişmesini amala aşyrmak üçin ulanylýar. Halkara ykdysady gatnaşyklaryñ çäginde emele gelýän maliýe mehanizmi Türkmenistanyñ halkara hyzmatdaşlygynyñ çagindäki döwletiñ maliýe syýasatyny durmuşa geçirmekligiñ guraly hökmünde çykyş edýär. Halkara çaginde hereket edip, maliýe halkara gatnaşyklarynýn ykdysady bähbidine täsir edýär, halkara ykdysady integrasiýanyñ ösüşiniñ höwesi hökmünde çykyş edýär.

Maliýeniñ halkara gätnaşyklarynyñ ösüşinde bolan roly 3 ugur boýunça ýüze çykýar:

1. Halkara hyzmatdaşlygynyñ dürli ugurlarynyñ ösüşi üçin zerur bolan maliýe resurslaryñ toplanylmagy we çeşmeleriniñ gözlenilmegi;
2. Halkaia integrasiýa proseslerini sazlamaklyk;
3. Halkara gatnaşyklarynyñ her bir görnüşiniñ ösüşini we ol gatnaşyklaryñ gönümel gatnaşyjylaryny höweslendirmek;

Maliýe, ilkinjilik bilen, eksport-import amallaryna täsir edýär. Halkara hyzmatdaşlygyñ wajyp görnüşi bolup Türkmenistanyñ halkara guramalaryna we fondlaryna gatnaşmagy çykyş edýär. Onuñ bu gatnaşmagy şol guramalaryñ ustaw maýa goýumlaryna we býujetine degişli kwotalaryñ girizilmegini göž öñünde tutýar. Girizmelriñ çeşmesi bolup walýuta we beýleki

maliýe resurslary hem-de gatnaşýan milli guramalarynyñ we döwlet strukturalarynyn resurslary çykyş edýär. Halkara guramalarynyñ serişdeleri degişli fondlara ýygnalýarlar we işiñ ugry boýunça maksatlaýyn maksatnamalaryna paýlanýarlar.

Maliýeniñ halkara gatnaşyklaryñ ösüşine bolan täsiriniñ ýene bir ugry bolup, daşary ýurt inwestorlarynyñ resurslarynyñ toplanmagy çykyş edýär. Daşary ýurt inwestisiýalary daşary ýurt döwlet-inwestorlaryñ, daşary ýurt kommersiýa guramalarynyñ, halk hojalygyñ dürli pudaklarynda bina etmeklik üçin halkara gurluşyk kompaniýalarynyñ serişdelerini ulanmaga çagyrmaklyk görnüşmde amala aşyrylýar. Kreditiñ şertleri boýunça gurnalan kärhanalar we desgalar Türkmenistanyñ territoriýasynda hususy emläk hökmünde galýar. Öz firmalarynyñ fondy arkaly hem-de daşary ýurtlaryñ býujetleriniñ serişdeleri arkaly daşary ýurt telekeçiler tarapyndan maliýeleşdirilýän beýleki kärhanalar bilelikdäki kärhanalar we daşary ýurt ýuridiki şahsylar hökmünde hereket edýärler.

Türkmenistanyñ ykdysadyýetine bolan daşary ýurt inwestisiýalary onuñ ösüşine ýardam edýärler we dünýä ykdysadyýetine girişmeklik üçin şertleri döredýär. Daşary ýurt inwestorlary höweslendirmek üçin maliýe, walýuta we gümrük ýeñillikleriniñ ulgamy kesgitlenilýär we goýulýar.

Hereket etmegiñ aýratyn çägi hökmünde daşary ykdysady işleýşiñ maliýesi tapawutly häsiýetlere eýedir. Olar dine manatda emele gelmän, daşary ýurt pullarynda hem emele gelýän resurslarda görkezilen. Paýlanyşyk gatnaşyklarynyñ hökmany subýekti hökmünde daşary ýurt, halkara guramalar, daşary ýurt firmalar we basgalar üsti bilen görkezilen daşary ýurt hyzmatdaşlar çykyş edýär. Maliýe gatnaşyklary milli ykdysadyýetleriñ çaginden çykýarlar we halkara integrasion prosesini, onuñ ösmegine we çuñlaşmagyna ýardam edip amala aşyrýarlar. Halkara ykdysady gatnaşyklaryñ giñelmegi Türkmenistanyñ ykdysadyýetiniñ pugtalaşmagynda ulanylýan maliýe resurslarynyn daşky çeşmeleriniñ emele gelmegine

ýardam edýär.

**13.2.Merkezleşdirilen walýuta fondlaryň emele gelmegi we ulanylşy.** Türkmenistanyñ halkara ykdysady gatnaşyklarynyñ ösüşinde wajyp roly merkezleşdirilen walýuta fondlaryñ emele gelmegi we ulanylşy arkaly daşary ykdysady gatnaşyklaryny maliýe taýdan sazlamaklyk oýnaýar. Halkara gatnaşyklaryna döwletiñ gatnaşmagy üçin we milli pulumyz - manadyñ berkleşmegi üçin, hem döwlet ölçeginde, hem-de administratiw-territorial bölekler derejesinde (welaýatlarda, şäherlerde, etraplarda) merkezleşdirilen walýuta fondlary döredilýär.

SKW-de harytlaryñ, işleriñ we hyzmatlaryñ eksportyndan we içki walýuta bazaryndaky operasiýalardan düşewünti alýan kärhanalar, eýeçiligiñ görnüşine we registrasiýanyñ ýerine garamazdan onuñ bir bölegini bellenilen normatiwler boýunça satýarlar. Hökmany satylýan walýuta düşewüntinden birinji nobatda merkezleşdirilen fondlar gurnalýar. Türkmenistanyñ Merkezi Bankynyñ walýuta rezerwi - ýurduñ ölçegindäki fondydyr we ýerli häkimiýetiñ organlarynyñ walýuta fondlarydyr.

Türkmenistanyñ MB walýuta rezerwi kärhanalar we guramalar walýutalary manadyñ belli bir hümmeti boýunça satýanlygy arkaly gurnalýar. Manadyñ şol hümmeti walýuta düşewüntiñ gelen wagtynda walýuta bazaryndaky islegiñ we teklibiñ esasynda Türkmenistanyñ MB tarapyndan konwertirlenýär. Walýuta rezerwi iki bölege bölünýär. Birinji bölek - içki walýuta bazarynda manadyñ hümmetini saklamagyna we manadyñ konwertirlenme mümkinçiligine şertleri döredilmegine serişdeleri gidýän stabilizasiýa fondy. Rezerwiñ beýleki bölegi Türkmenistanyñ ykdysadyýet we maliýe ministrligine satylýar. 01 döwlet talaplaryna zerur bolan fonduñ emele gelmegine ulanylýar. Şol döwlet talaplar şulardyr: daşky bergini hyzmat etmek boýunça tölegleriñ amala aşyrylmagy, başgaça aýdylanda ilata birinji nobatda zerur bolan zatlaryñ

(azyk harytlaryñ, medikamentleriñ we başga harytlaryñ ) satyn alynylşyny hem-de başga döwlet talaplaryny üpjün etmeklik. Walýuta düşewüntiniñ hökmany satylmagy boýunça käbir ýeñillikler bar. Olar Türkmenistanyñ daşary ýurt inwestorlaryny degip geçýär. Bu ýeñilikler Türkmenistanyñ ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny ulanmaga çagyrmaklygy üçin has amatly ýagdaýy döredýärler.
Hemme kärhanalar walýuta serişdfelerinin satylyşynyn öz wagtyndalylygy, dolulygy boýunça we wekil edilen banklardaky öz hasaplaryna walýuta düşewüntleriñ girizilmeginiñ tertibini berjaý etmeklik boýunça jogapkärçilik çekýärler. Maliye barlagy wekil edilen banklaryñ organlary, gümrük we walýuta barlagy tarapyndan amala aşyrylýar, eger tranzit walýuta hasaplaryna puluñ geçirilmeginiñ bozmasyna ýol berilse, onda döwlet salgyt inspeksiýasy daşary
ýurt walyutada Türkmenistanyñ MB-nyñ kursy boýunça bütin ýaşyrylan düşewüntift 3 esse olçeginde jerime alýar. Bu kärhanalary hökmany walýutany satmaklykdan azat etmeýär. Jerimiñ puly Türkmenistanyñ hökümetiniñ walýuta fonduna barýar.

**13.3.Milli kärhanalaryň dünýä bazaryna çykmaklygynyň maliýe höweslendirmeleri.** Yuridiki şahsylaryñ hukuklaryna we eksport mümkinçiliklerine eye bolan milli kärhanalaryñ dünýä bazaryna özbaşdak çykmaklyk, daşary ýurt hyzmatdaşlar bilen gönümel gatnaşyklary gurmaklyk hukuklary bar. Daşary ykdysady işler walýuta taýdan özüni ödemekligiñ esasynda amala aşyrylýar. Onuñ netijelri kärhanalaryñ hojalyk işiniñ umumy jemine girýär. Daşary ykdysady operasiýalaryny maliýeleşdirmek üçin kärhanalarda walýuta fondy döredilýär. Walýuta fondy kärhananyñ ygtyýarynda galýan we wekil edilen banklaryñ häzirki walýuta hasabyna geçirilýän walýuta düşewünti arkaly walýuta serişdeleriniñ hökmany satylmagyndan son emele gelýär.

Walýuta fondy taýýar bolan önümiñ işleriñ we hyzmatlaryñ eksporty boýunça düşewüntden bolan tutmalar arkaly (goýbermeler), söwda-araçy we bank amallary arkaly lisenziýalaryñ satylmagy arkaly daşary ýurt walyutada ýa-da manatda gurnalýar.

Şeýle goýbermeler walýutanyñ hökmany satylşyndan edilýärler. Daşary ykdysady amallary alyp bannaýan kärhanalar we guramalar içki walýuta bazarynda alynan walýuta fondlaryny guraýarlar, kärhananyñ ygtyýaryndaky walýuta fondlaryñ serişdeleri kanun çykaryjylyk tarapyndan rugsat edilen islendik maksatlar üçin hem import operasialarynyñ amala aşyrmaklary üçin, hem-de bazar kursy boýunça manadyñ satyn alynmagy üçin ulanylyp bilner. Birinji nobatda olar eksport önümiñ önümçiliginiñ gaýtadan gumalyşy, tehniki taýdan enjamlaşdyrylyşy we täzelenilişi boüunça çärelere, eksport önümiñ hilini ýokarlandyrylmagyna, ylmy-gözleg we tejribe-konstruktorlyk işleriniñ amala aşyrylmagyna gönükdirilýär. Walýuta fondy arkaly tehnologialar we lisenziýalar, maşynlar we enjamlar, gerekli şaýlar, çig mal satyn alynýar, import enjamlaryñ remonty tölenilýär, hünärmenleriñ daşary ýurda iberilmegi boýunça çykdajylar amala aşyrylýar, walýuta fonduniñ serişdeleri walýuta kreditleri boýunça bergililigiñ üzulmegine we olar (kreditler) boýunça göterimleriñ tölenilmegine hem gönükdirilýärler. Fonduñ bir bölegi halkyñ peýdalanylýan harytlaryñ, dermanlaryñ, medisina tehnikasynyñ, medeni-durmuş we sosial-durmuş çaginiñ ösüşine zerur bolan başga harytlaryñ alynmagyna ulanylyp bilýär, walýuta fondundan kärhanalar edilen hyzmatlar boýunça daşary ykdysady guramalara komission peşgeşi töleýärler, şertnamalaryñ bozulmasynda daşary ýurt hyzmatdaşlaryna jerime roleýärler, şertnama borçlarynyñ bozulmasy boýunça zyýanyñ öwezini doldurýarlar, walýuta fondunyñ serişdeleri geljek ýyllarda ulanmak üçin toplanylyp bilýärler we aýrylmaga ýa-da ulanyşda çäklenmäge degişli däldirler.

**13.4.Daşary ýurt inwestorlara bolan maliýe ýeňillikleri.** Daşary ykdysady işleriñ ösmeginiñ esasy ugurlarynyň biri bolupgoşmaça maddy we maliýe çeşmeleriniň alynmagy maksady bilen daşary ýurt maýa goýumlarynyň ulanylmaga çagyrylmagydyr, daşary ýurt inwestisiýalary emläk we intellectual gymmalyklar görnüşinde şeýle ýollar arkaly amala aşyrylýar:

- Bilelikdäki kärhalarda paý esasynda gatnaşyk arkaly dolulykda daşary ýurt inwestorlara i ýa-da olaryñ filiallaryna degişli bolan kärhanalary gurmaklyk arkaly;
- daşary ýurt inwestorlara degişli bolan kärhanalary, emläkleri, paýlary gymmat bahaly kagyzlaryñ alynmagy arkaly;
- karzlaryñ, kreditleriñ, emläk hukuklaryñ we inwestision işleriñ başga görnüşlerini almaklyk arkaly.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny giñişleýin ulanmak üçin Türkmenistanyñ ykdysadyýetine serişdeleriñ girizmegine bolan daşary ýurt inwestorlarynda gyzyklanmany döretmek maksat bilen ýeñillikli malie şertleri döredilýär, şeýle ýeñillikli malie şertleri bolup aşakdakylar çykyş edýär**:**

-daşary ýurt inwestorlaryñ zyýanynyñ öwezini doldurmak we maýa goýumlarynyñ bitewiligini kepillendirmek;

- ýeñillikli salgyt salmaklyk hem-de girdejileriñ we düşewintleriñ daşary ýurtlara erkin geçirilmegi;

-alynan düşewintleri reinwestirlemek hukugyny bermeklik, hem-de manatda alnan girdejini daşary ýurt puluna öwürmeklik mümkinçiligi;

- gümrük ýeñillikleri we daşary ýurt inwestorlaryñ emiägini we töwekgelliklerini ätiýaçlandyryş taýdan goramaklygyñ ulgamynyñ döredilişi.

Daşary ýurt inwestorlary üçin aýratyn ýeñillikler. Erkin ykdysady zonalarda goýulýar.Ol fonalar daşary ýurt maýa goýumlaryny, öñdebaryjy tehnikany we tehnologiýalary ulanylmaklyga, dolandyryş tejribesini ýokarlandyrmak üçin, hem-de ýurduñ eksport mümkinçilikleriniñ ösmegi üçin döredilýär, hojalyk işlerini alyp barýan daşary ýurt

inwestorlaryna şeýle goşmaça ýeñillikler berilýär:
1 .Daşary ýurt maýaly kärhanalaryñ hasaba alyş tertibiniñ ýeñilleşmegi;
2.Girdejä bolan salgyt stawkalaryñ kemelmegi ýa-da olaryñ belli bir wagt aralygynda ýoklugy;
3.Ýeñillikli gümrük režiminiñ goýulmagy we başgalar.

## Edebiýat:

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007ý.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007ý.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler, Aşgabat, 2008ý.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, 2008ý.
5. "Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze galkynyş, beýik özgeriş syýasaty esasynda Türkmenistanyň nebitgaz senagatynda ýetirlen sepgitler we gazanylan üstünlikler", Aşgabat, 2008ý.
6. "Türkmenistanyň syýasy, ykdysady we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry" Milli Maksatnamasy, Aşgabat, 2003ý.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň "Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin" Milli maksatnamasy, Aşgabat, 2007.8. Алексеева М.М. Планирование деятельности предприятия - М., 2000
9. Горобова М.Ю. Планирование предпринимательства и оценка инвестиций – М., 1998
10. Уткин Э.А. Планирование предпринимательства - М., 1996
11. Организация, планирование и методы управления строительным производством /Под ред. Prof. A.K. Шрейлера - М., 1977
12. Бизнес – планирование в малых предприятиях/ Под ред. Наливайко – М: Экмос, 1999
13. Буров В. П., Ломакин А. Л., Морошкин В. А. Бизнес-план фирмы- М.,2000
14. Джеффри А.Тимонс. Бизнес – план: Руководство по составлению.

15. Дуглас Грей. Самоучитель бизнесмена – С-П.: Питер, 1998
16. Дэвид Бэнгз. Руководство по составлению бизнес-плана / Под ред. Л. М. Макаревича- М, 1998
17. Дэвид Карлсон. Типичные ошибки малого бизнеса- Санкт-Петербург, 1998
18. Идрисов А. Б. Планирование и анализ эффективности инвестиций. – М., 1995
19. Ильин А. И. Планирование на предприятии. Уч. пос. ч. 1,2. –М.: Новое знание, 2000
20. Липсиц И. Как составить бизнес – план. – М.: Россия молодая, 1995
21. Любанова Т. П., Мясоедова Л. В. и др. Бизнес-план. Опыт, проблемы – М, 1999
22. Маниловский М. Бизнес-план- М.,2000
23. Попова В. М. Деловое планирование. Уч. пос. М.: Финансы и статистик а , 1997

Mazmuny

Giriş 7
**1-NJI BAP:Maliýe barada düşünje we onuň düýp esasy. 9**
**2-NJI BAP: Döwletiň maliýe syýasaty we bazar eýeçiligi şertlerinde maliýanyň ulanylyşy. 16**
**3-NJI BAP:Maliýanyň dolandyrylyşy. 24**
**4-NJI BAP: Maliýe barlagy. 29**
**5-NJI BAP: Kommersiýa başlangyjynda hereket edýän kärhanalaryň maliýesi. 38**
**6-NJY BAP: Döwlet býujeti. 57**
**7-NJI BAP:Döwletiň býujetden daşary ýörite fondlary. 64**
**8-NJI BAP:. Karzyñ zerurlygy we manysy**. 71
**9-NJY BAP: Döwlet karzy. 90**
**10-NJY BAP: Häzirki zaman kredit ulgamy. 97**
**11-NJI BAP: Merkezi banklar. 108**
**12-NJI BAP:Täjirçilik banklary. 117**
**13: Maliýeniñ halkara ykdysady gatnaşyklarynda orny. 126**
**Edebiýatlar 133**